TÜRKMENISTANYŇ MILLI MEDENIÝET «MIRAS» MERKEZI
TÜRKMENBAŞY ADYNDAKY TÜRKMENISTAN MILLI
GOLÝAZMALAR INSTITUTY

MAHMYT ZAMAHŞARY

# ÝAGŞYZADALARYŇ BAHARY

أبو القاسم محمود بن عمر جارالله الزمخشرى

# ر بيع الأبرار

VI

Arap dilinden terjime eden
we çapa taýýarlan
**Rahman Ilmämmedow**

AŞGABAT «MIRAS» 2004

**UOK 820/89(100-87)**
**Z23**

**Z23 Zamahşary M.**
Ýagşyzadalaryň bahary, VI jilt, A.: Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2004, 312 s.

**JOGAPKÄR REDAKTORLAR**
**Hramow W.M., Aşyrow A.A.**

**REDAKTOR**
**G. Guzuçyýewa**, *dil-edebiýat ylymlarynyň kandidaty*

*Türkmenistanyň Ömürlik Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň howandarlygynda we gönüden-göni tabşyrygy esasynda türkmen dilinde ilkinji gezek neşir edilýän bu kitap XI-XII asyrlarda ýaşap geçen beýik türkmen alymy Mahmyt Zamahşarynyň «Ýagşyzadalaryň bahary» atly köp jiltli eseri. Dünýä edebiýatynyň genji-hazynasyna giren bu eser milli mirasymyzyň ruhy gymmatlyklarynyň naýbaşy nusgalarynyň biridir.*

*Pähim-paýhaslardan, öwüt-nesihatlardan, nakyllardyr atalar sözlerinden ybarat bolan bu eser biziň ruhy dünýämiziň has hem gözelleşmegine hyzmat eder. Kitap eseriň Stambulda saklanýan golýazma nusgasy esasynda türkmen diline terjime edildi.*

**TMMMM №016**

**TDKP №82** **2004** **KBK84.35(5)**

© Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2004 ý.
Zamahşary M., VI jilt, 2004 ý.
Ilmämmedow R., terjime, çapa taýýarlama, sozsoňy 2004 ý.

*Garaşsyz we baky Bitarap Türkmenistanyň*
*Ilkinji we Ömürlik Prezidenti*
*Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň*
*howandarlygynda neşir edilýär.*

# GEÇMIŞIŇ ÝAŇY — GELJEGIŇ DAŇY

Türkmeniň ykbal asmanyndan nur saçýan Garaşsyzlyk halkymyza diňe bir Altyn eýýamyň altyn gapysyny açyp bermän, eýsem onuň asyrlaryň jümmüşinden gözbaş alýan ýol-ýörelgelerini, däp-dessurlaryny, edim-gylymlaryny täzeden dikeltmeklige, medeni we ruhy miraslarynyň il-günüň köňül ganatyna öwrülmegine hem giň mümkinçilik berdi. Bu bolsa häzirki türkmen döwletiniň berk taryhy binýat esasynda gurulýandygyny alamatlandyrýar.

Türkmen topragy müňlerçe ýyllaryň dowamynda dünýä medeniýetiniň umumy taryhy üçin ähmiýetli wakalaryň mesgeni boldy. Bu toprak ekerançylyk, maldarçylyk, ylym, medeniýet we sungat sallançagy boldy. Alymlar biziň eýýamymyzdan 6 müň ýyl öň türkmenleriň ata-babalarynyň öňdebaryjy bilimleri özleşdirendigini nygtaýarlar. Irki ekerançylyk zamanasyndaky türkmen jemgyýetleri Garadepe, Göksüýri, Ýylgynly ýaly oturymly ýerleri — ajaýyp ýadygärlikleri miras goýdy. Gadymy oguz-türkmen döwleti, Parfiýa zamanasy, seljuk türkmenleriniň döreden onlarça döwletleri, osman türkmenleriniň soltanlyklary we beýleki türkmen döwletleri adamzadyň syýasy taryhynda özboluşly adalat baýdagy bolup pasyrdady. Hut şonuň üçin hem Türkmenistany

dünýä taryhynyň ösüşinde Hytaýyň, Mesopotamiýanyň, Müsüriň hatarynda goýýarlar. Ata-babalarymyz dünýä gymmatlyklarynyň arasynda özboluşly, milli öwüşgin bilen lowurdaýan ruhy we medeni baýlyklary bize miras galdyrdy.

Medeni miras — bu perzendiň üstünde kökenek gerýän türkmen enesiniň hüwdüsidir, agras türkmen gojasynyň pendi-nesihatydyr. Mukaddes topragy gany bilen goran gaýduwsyz gerçegiň iň soňky demdäki wesýetidir, naçar doganyň gerçegiň jesedini ýuwýan ajy gözýaşydyr.

Medeni miras — bu türkmeniň şan-şöhratdan doly geçmişine buýsanjydyr, şu gününe söýgüsidir, ertirine ynamydyr.

Medeni miras — bu gadymy hem müdimi halkymyzyň asyrlaryň dowamynda hoşalap çöplän paýhas hakydasydyr, şu gününe ygtybarly ynamydyr, ertirine ýol çelgisidir. Mahlasy, medeni miras türkmeniň geçmişidir, barlygydyr, dowamatydyr.

Türkmen halkynyň gadymdan gözbaş alyp gaýdýan edebi akabalarynyň, sungat däpleriniň adalaty, erkinligi, agzybirligi, mertligi we bitewiligi wasp etmedik döwri bolan däldir. Bu gün şol asylly däpler biziň beýik Garaşsyzlygymyzyň beren süýji miweleri, röwşen ertiriniň mukaddes umytlary bilen birleşip, türkmen abraýynyň, mertebesiniň has-da belende göterilmegine hyzmat etmelidir.

Ruhnamada belläp geçişim ýaly, ***«Biz türkmen halkynyň mirasdüşerleri hökmünde ata-babalarymyzyň taryhyň gatlarynda galan medeni, edebi gymmatlyk-***

***laryny tapmalydyrys, täzeden jana getirmelidiris. Bu ata-babalarymyzyň öňünde biziň ogullyk borjumyzdyr».*** Biz ata-babalarymyzyň öňündäki şol ogullyk borjumyzy berjaý etmek maksady bilen hem Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezini döretdik.

Asyrlaryň gatlaryna siňen medeni mirasymyzy düýpli öwrenmek, Ruhnamanyň ruhunda ylmy esasda özleşdirmek, dünýäniň dürli künjeginde beýik döwletleri döreden halkymyza degişli miraslary tapmak, olary täzeden jana getirmek, ajaýyp kitaplara öwrüp, gaýtadan halkymyza hem-de dünýä ýaýmak «Miras» merkeziniň işgärleriniň öňünde duran gaýragoýulmasyz borçdur!

**Eziz halkym!**

Siziň eliňizde «Miras» merkeziniň taýýarlan kitaby. Bu kitabyň biziň ata-babalarymyzyň döreden ruhy we medeni gymmatlyklaryna teşne kalbyňyza teselli berjekdigine ynanýaryn. Käbelerimiz hem kyblalarymyz hakyndaky ýüreklerimiziň töründäki gyzgyn söýginiň oduny alawlandyrjakdygy mende ýakymly duýgy döredýär.

«Miras» merkeziniň çykarjak kitaplarynyň höwrüniň köp boljakdygyna ynanýaryn we oňa ak ýol arzuw edýärin.

Işiň rowaç, ýollaryň ýagty bolsun!



**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Saparmyrat TÜRKMENBAŞY.**

# SEGSEN BÄŞINJI BAP

## WAGYZ-NESIHAT, ERBETLIGIŇ ÖŇÜNI ALMAK, ŞEPAGAT, REHMET WE ŞUŇA MEŇZEŞLER HAKYNDA

Jerir ibn Abdylla şeýle diýipdir: «Biz Resulalla tabyn boljakdygymyza we musulmanlara wagyz-nesihat etjekdigimize söz berdik».

* * *

Muhammet alaýhyssalam hadyslarynyň birinde:

— Din nesihatdyr — diýipdir.

Ondan:

— Eý, Allanyň resuly, kim üçin nesihat? — diýip sorapdyrlar.

Onda ol:

— Alla üçin, onuň pygamberi üçin, musulmanlaryň baştutanlary üçin, asla musulmanlaryň hemmesi üçin — diýip jogap beripdir.

* * *

Omar ibn Abdyleziz şeýle diýipdir: «Kim musulman doganyna onuň dini üçin nesihat berse we onuň dünýäsiniň

abat bolmagy üçin ýardam berse, oňa iň ýagşy garaşyk etdigidir».

* * *

Mutarraf şeýle diýipdir: «Bendelere Alla üçin iň köp nesihat berijiniň perişdelerdigini, iň gorkuzýanynyň hem şeýtanlardygyny gördük».

* * *

Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Mömin mömininiň aýnasydyr. Mömin mömininiň doganydyr. Kyn gününde oňa kömek eder, daşyny gorar».

* * *

Musgyr şeýle diýipdir: «Men kime wagyz-nesihat etsem, öz aýyplarymy görýärin».

* * *

Kim soltandan nesihatyny, lukmandan derdini, dostlaryndan bolsa gaýgy-gamyny gizlese, onuň öz-özüne haýynlyk etdigidir.

* * *

Halypalaryň biri Jerir ibn Ýezide:

— Men seni bir iş üçin taýýarladym — diýipdir.

Onda ol:

— Eý, möminleriň emiri, Alla we onuň resuly mende seniň nesihatyňa baglaýan kalp, saňa boýun bolmak üçin açylan el we seniň duşmanyňa kesgir gylyç taýýarlap goýdy — diýipdir.

* * *

Omar ibn Abdyleziziň ogly Abdylmälik ýogalanda adamlara wagyz edip oturan eken. Bir adam oňa:

— Alla kuwwat bersin, eý, möminleriň emiri — diýip, çep eli bilen yşarat edipdir.

Onda Omar:

— Seniň aýdýanlaryňa meni şatlandyrýar — diýipdir.

Ol adam:

— Subhanalla! Abdylmäligiň ölümi seniň musulmanlara wagyz-nesihat etmegiňe böwet bolmaýarmy? — diýipdir.

Onda Omar:

— Ýok, men Abdylmäligiň ölüminde musulmanlara nesihat bermäge böwet boljak zat görmeýärin — diýipdir.

* * *

Dostuň nesihaty edepdir, duşmanyň nesihaty tankytdyr.

* * *

«Newabygyl-kelimde[1]» şeýle diýlendir: «Özüne nesihat berýän dosty tapdy, ony özüni süsjek bolýan san hasaplady, ýagny ganym duşmany hasaplap, nesihatyny diňlemedi».

* * *

Mugaz ibn Müslim Herra Nahwy (oňa hasa satýandygy üçin Herra diýipdirler) Kumeýt ibn Zeýt bilen dost bolupdyr. Bularyň ikisi hem biri-birleri bilen gatnaşar ekenler. Emma Halyt ibn Abdylla Kusry Kumeýte onuň ýanyna barmagy gadagan edipdir. Kumeýt muny ýerine ýetirmändir. Halyt ony tutup, öldürmekçi bolupdyr. Bu barada şahyr şeýle diýipdir:

---

[1] Zamahşarynyň bir eseriniň ady.

Size habar bereýin, onuň nesihaty bar,
Nesihatynda bolsa iňňäniň täsiri bar.

* * *

Süleýman Hawwas şeýle diýipdir: «Kim dosty bilen özüniň aralaryndaky zatlar barada wagyz etse ol nesihatdyr. Kim ynsanlaryň baştutanyna garşy wagyz etse ol betbagtlykdyr».

* * *

Muhammet ibn Temam şeýle diýipdir: «Wagyz-nesihat etmek Allanyň goşunlaryndan bir goşundyr. Ol göýä diwara urulýan toýun ýalydyr. Eger ýelmeşse peýdalydyr, eger ýelmeşmese, hiç bolmasa yz galdyrar».

* * *

Abu Japar Müsri şeýle diýipdir: «Kalba wagyz etmek göýä içine zeýtun ýagy ýa-da bal guýlan çanak ýalydyr. Olar çanakdan alynar, ýöne içinde ýoky galar».

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Siz wagyz-nesihatdan peýdalanmaýan kişileriň hataryndan bolmaň. Çünki akylly kişi wagyz-nesihat eşitse, edep bilen öwüt alar. Diňe haýwanlar taýak bilen ýola getirilýändir».

* * *

Bir adam dostuna şeýle diýip ýazypdyr: «Salamdan soň. Ynsanlara öz işleriň bilen görelde bol. Olara sözüň bilen öwüt berme. Özüňe ýakyn bolandygy üçin Alladan utan. Onuň saňa beren güýjüniň belentliginde kömege ylga. Wessalam».

* * *

Asmagy şeýle diýer eken: «Saňa nesihat berip, käbir erbet zatlary gadagan edýän seniň dostuňdyr, emma olara höweslendirýän seniň dostuň däldir».

* * *

Kimiň nebsi özüne öwüt beriji bolsa, onuň Alla tarapyndan goragçysy bardyr.

* * *

Ümmi Derda şeýle diýipdir: «Kim-de kim dostuna gizlin öwüt-ündew etse, ony zynatlar. Kim açykdan öwüt-nesihat berse, onuň imanyny artdyrar».

* * *

Ibn Mesgut[1] Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Kim ýetimiň başyny sypalasa, onuň kellesiniň üstünde eliniň geçen her bir gyly üçin kyýamat gününde oňa nur saçylar».

* * *

Biri Hezreti Omaryň öýüne barypdyr. Görse, ol gyşaryp ýatyr, çagalary hem onuň üstüne çykyp oýnaşyp ýör diýýär. Ol muny geň görüpdir. Hezreti Omar ondan:

— Sen çagalaryň bilen nähili? — diýip sorapdyr.

Ol:

---

[1] Abu Abdyrahman Abdylla ibn Mesgut ibn Gapyl ibn Habyp Hezeli – Mekgede yslama ilkinji giren sahabalaryň biri. Mekgede Gurhany ilkinji bolup açyk ýerde köpçüligiň öňünde okan sahaba. 32-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

— Öýe giren dessime, derrew lam-jim bolarlar— diýipdir.

Onda Hezreti Omar:

— Git onda şu ýerden! Sen asyl, öz çagalaryňa, maşgalaňa-da mähirli däl ekeniň, onsoň nädip Muhammet ymmatyna mähirli bolarsyň? — diýipdir.

* * *

Enes şeýle diýipdir: «Resulalla bir gezek bir kowmuň ýanyna bardy. Olaryň arasynda bir aýal geýim tikip otyrdy. Ýanynda hem çagasy bardy. Käwagt hakly bolan ýerinde çagasyny urýardy, käwagt hem ony ogşaýardy.

Resulalla:

— Siz onuň çagasyna nähili rehim-şepagatly, mylaýymdygyny görýärsiňizmi? — diýip sorady.

Oňa

— Hawa — diýip, jogap berdiler.

Onda Resulalla:

— Allatagala öz bendelerine şu enäniň çagalaryna bolan rehim-şepagatyndan has-da rehimlidir — diýdi.

* * *

Kimiň nesihat diňlände ýüzi saralýan bolsa, erbet zat eşidende, ýüzi garalmalydyr.

* * *

Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Möminler biri-birlerine kömek bermekde, rehimdarlykda we gatnaşyklarynda göýä beden ýaly syzgyr bolmalydyr. Eger agzalaryň biri ejir çekse (mysal üçin, ukusyzlyk ýa gyzdyrma), onuň yzasy beýleki beden agzalaryny hem biperwaý goýmaz».

* * *

Abu Musa Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Eger siziň biriňiz biziň metjidimiziň we bazarymyzyň ýanyndan geçse, ýanynda hem oky bar bolsa, ondan musulmanlara zelil etmez, çümmez ýaly, naýzanyň ujuny ýeňi bilen örtsün».

Abu Musa soň şeýle diýipdir: «Bu wakadan soň biz naýzalarymyzyň ujuny ýapyp gezýärdik».

* * *

Abu Hureýra Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Men ýol üstünde adamlara zyýan berýän bir çöpi zyňan adamy jennetde gördüm. Ol çöpüň üstüne münüp, aýlanyp ýören eken».

* * *

Abdyleziz ibn Abu Rawwat şeýle diýipdir: «Eger bir adam musulman doganynyň erbet iş edenini görende, oňa bu işi gaýtalamazlygyny öwüt berse ýa-da gizlese, öwüt-nesihaty üçin bir sogap, gizländigi üçin bolsa ýene bir sogap alar».

* * *

Hezreti Omar (goý, Alla ondan razy bolsun!) şeýle diýipdir: «Eger siz doganyňyzyň ýalňyşandygyny görseňiz oňa kömek ediň we onuň ýalňyşyna böwet boluň. Onuň toba etmegi üçin Allatagala doga ediň. Siz doganyňyza garşy şeýtana kömekçi bolmaň».

* * *

Lukman Hekim şeýle diýipdir: «Wagyz-nesihat akmaga, göýä garry adama ýokary çykmagyň kyn bolşy ýaly agyr deger».

* * *

Lukman Hekim şeýle diýipdir: «Eý, perzendim! Garyplaryň sabyrlarynyň azlygy sebäpli, olara rehimli bol. Şükürleriniň azlygy üçin bolsa baýlara rehim et. Gapyllyklarynyň köplügi sebäpli hemmelere rehim et».

* * *

Şahyr şeýle diýipdir:

Ömrümiň geň-taňlygynyň aýtsam size iň pesin,
Özgä nesihat berip, hilegärdir meň nebsim.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Eý, perzendim! Öz nebsiň bilen özgeleriň nebsiňi terezä goý! Öz eý gören zatlaryňy söýşüň ýaly, beýlekileri hem gowy gör. Öz halamadyk zatlaryňy beýlekilere hem rowa görme. Özgeler senden razy bolmasalar-da, sen olardan razy bol».

* * *

Harun Reşit Mansur ibn Ammara:

— Maňa öwüt ber. Özi hem örän gysga bolsun — diýipdir.

Onda ol:

— Eý, möminleriň emiri! Sen kimdir birini halaýarsyňmy? — diýipdir.

Harun Reşit oňa:

— Ýok — diýip jogap beripdir.

Onda Mansur:

— Eger seni halaýan kişiniň ýanynda halanjak bolsaň, onda sen hem ony eý gör — diýipdir.

* * *

Abu Hazm Medeni:

— Kimde kim iki zady ýerine ýetirse, bu dünýäniň we ahyretiň bagtyýar kişisi bolar — diýipdir.

Ondan:

— Eý, Abu Hazm, olar nämeler? — diýip sorapdyrlar.

Ol:

— Alla biziň halamaýan zadymyzy söýýän bolsa, onda halamaýan zadyňyza sabyr ediň. Alla siziň söýýän zadyňyzy halamaýan bolsa, onda söýýän zadyňyzy terk ediň — diýipdir.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle hadys rowaýat edipdir: «Allatagala şeýle diýdi: «Eý, Adam ogly! Seni adamlaryň edýän günäsiniň seniň günäňden köp bolmagy aldatmasyn. Ynsanlaryň nygmatynyň seniň nygmatyňdan köp bolmagy hem aldatmasyn. Ynsanlaryň Allanyň rehmetinden umyt üzmegi, seniň öz nebsiň üçin umyt etmegiňden aldatmasyn».

* * *

Mejusy[1] dininden bolan bir adam Abu Müslime[2] şeýle öwüt-nesihat beripdir: «Haýyrly zady aýt, ýeňil zady al, gözel zady ýerine ýetir».

---

[1] Otparaz.

[2] Abu Müslim Horasany – apbasly wagyzçysy.

# SEGSEN ALTYNJY BAP

## NYGMAT, OŇA ŞÜKÜR ETMEK, ONY ÖWMEK, BIGADYRLYK, ONY INKÄR ETMEK WE ŞUŇA MEŇZEŞLER HAKYNDA

Mugaz ibn Jebel şeýle diýipdir: «Resulalla bir adamyň ýanyna bardy. Ol adam:

— Eý, Allam men senden nygmatlaryň ählisini isleýärin? – diýip dileg edýärdi.

Resulalla:

— Nygmatlaryň ählisiniň nämedigini bilýärsiňmi? — diýip sorady.

Ol:

— Ýa, Resulalla, men bu dilegim bilen haýyr isleýärin — diýipdir.

Onda Resulalla:

— Nygmatlaryň ählisi halas bolmak we jennete girmekdir — diýipdir.

* * *

Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Allanyň nygmaty kim üçin berilse, onuň iýjek-içjegi bol bolar».

* * *

Mekgäniň basylyp alnan we hemmeleriň bagyşlanan güni Resulalla:

— Olar saňa näme eden bolsa sen hem şeýle et — diýipdirler.

Onda ol:

— Men Ahmetdigim[1] üçin Muhammet diýlip atlandyryldym — diýipdir.

* * *

Resulalla bir gezek Agşanyň Alkama ibn Allasany şygyr bilen tankytlaýandygyny eşidip, sahabalaryna ol şygry aýtmagy gadagan edip:

— Haçanda Abu Sufýan Kaýsaryň[2] ýanynda meni ýamanlanda, onuň ýanynda Alkama bardy. Ol Abu Sufýany ýamanlapdy — diýipdir.

Ibn Apbas soň:

— Alkama üçin oňa minnetdarlyk aýtdy — diýipdir.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Nygmatyň gitmeginden habardar boluň. Giden zat yzyna gaýdyp gelmez».

* * *

Ýene-de ol şeýle diýipdir: «Eger siziň daşyňyzy nygmat gurşap alsa, ony şükürliligiňiz bilen özüňizden gidermäň we gaçyrmaň».

---

[1] Ahmet pygamberimiziň asmandaky we Isa pygambere inen Injil kitabyndaky adydyr. Manysy iň köp öwgi aýdýan, şükür edýän diýmekdir.

[2] Kaýsar - Rum şasynyň atlandyrylyşy.

* * *

Amr ibn Magt Ýükrep bir gezek Muşajyg ibn Mesgut Süleýmini Basrada görüpdir. Ol oňa:

— Nähili islegiň bar? — diýipdir.

Ol:

— Islegim özüm ýaly bilen duşuşmak — diýipdir.

Ol hem oňa ýigrimi müň dirhem, bir at, bir gylyç we bir hyzmatkär beripdir. Haçanda onuň ýanyndan çykanda oňa:

— Dostuňy nähili gördüň? — diýipdirler.

Ol:

— Alla Süleým taýpasyna kömek etsin! Onuň bilen duşuşmakdan has uly söweş görmedim. Onuň beren zatlary nähili uly! — diýipdir.

* * *

Eger eliň haýyr-sahawatdan gysga bolsa, diliň şükür etmäge uzyn bolsun.

* * *

Akyldar şeýle diýipdir: — Şükür üç zat bilen ýerine ýetirilýär:

1. Kalbyň açyklygy;
2. Diliň zikir etmegi;
3. Eliň sahylygy.

* * *

Şahyr şeýle diýipdir:

Üç sany nygmaty sanap bereýin,
Olar: elim, dilim hem-de ýüregim.

* * *

Çarwa arap şeýle diýipdir: «Kimde kim seniň nazy-nygmatyň dosty bolsa, oňa şükür ediji bende bol».

* * *

Başga biri şeýle diýipdir: «Sahy – sözüň hakyny ýerine ýetirýän we wagta hormat goýujy kişidir».

* * *

Bekr ibn Abdylla Muzeni[1] şeýle diýipdir: «Allanyň nygmatlaryny sana, çünki eger sen ony sanasaň oňa şükür etmäge laýyk bolarsyň. Eger ony unutsaň, ony inkär etmäge laýyk bolarsyň».

* * *

Ibn Äşe şeýle diýipdir: «Alla öz beren nygmatyny diňe eýesi oňa näşükür bolup azan wagty aýrar».

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Eger sen Allanyň nygmatlaryny ulanmazlygy oňarýan bolsaň, onda ýerine ýetir. Sen diňe öz paýyňy görýänsiň we nesibäňi alýansyň. Alladan ýeten ujypsyz zat, ilden gelen köp zatdan hem zyýatdyr».

---

[1] Bekr ibn Abdylla Muzeni – tabygyn neslinden bolan hadys alymy. Ol örän baý bolupdyr we elmydama garyp-gasarlar bilen oturar eken. Enes ibn Mälikden, ibn Amrdan, Jabyr ibn Abdylladan, Abdylla ibn Magkamdan we Magkal ibn Ýesardan hadys rowaýat edipdir.

* * *

Isa alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Eger Allatagala günäsi sebäpli hiç kime azap bermesedi, onuň nygmatlary üçin şükür etmäge diňe günäkär bolmazlyk gerek bolardy».

* * *

Japar ibn Muhammet şeýle diýipdir: «Men haýyrly işleriň diňe üç zat, ýagny: howlukmaklygyň, üstüni örtmegiň we kiçi görmegiň üsti arkaly amala aşýandygyny gördüm. Sen eger howluksaň öwülersiň, eger gizlin tutsaň doly ýerine ýetirersiň, eger kiçi görseň her kiçi işi uly hasaplarsyň».

* * *

Saňa nygmat berene sen hemişe şükür et,
Saňa şükür edene — nygmat hakda pikir et.

* * *

Sahyp şeýle diýipdir: «Nygmatda ähli şükürler bardyr. Ol göribiň gözünden gorar».

* * *

Muhammet ibn Habyp Rawyýa şeýle diýipdir: «Eger şükür az bolsa, minnet köpeler. Eger işe gaýrat etseň, minnetdarlyk artar».

* * *

Sabur şeýle diýipdir: «Haýyrly iş kime terbiýe berip bilmese, ol göýä haýyrly iş etmedik ýalydyr».

* * *

Anuşirwan şeýle diýipdir: «Nygmatlar tohumdyr, şükür etmek bolsa onuň miwesidir».

* * *

Hajjaç Ibn Kyrryýa:

— Zatlaryň iň harlanýany näme? — diýipdir

Ol:

— Hiç çyglylygy guramaýan we ot çykmaýan şor topraga ýagýan bol ýagyş, güneşli wagt ýanýan yşyk, iki gözi kör bolana berilýän owadan gyz we şükür etmeýäne nygmat hökmünde berlen hünär — diýipdir.

* * *

Aýdypdyrlar: «Kimiň haýyr-sahawatdan güýji we şükür etmekden dili ejiz bolsa, ol nygmaty bilmekden we nygmat berlene kömek etmekden ejiz boldugy däldir».

* * *

Abu Usame şeýle diýipdir: «Men Sufýan Söwri bilen Fuzaýl ibn Ýýazy gördüm. Olar nygmat barada gürrüňleşýär ekenler. Olar: «Bize şu zat üçin nygmat berildi, bize şu zat üçin şeýle edildi» diýýärdiler».

* * *

Hasan Basry:

— Eger seniň iki günüň deň bolsa, sen kemsiň — diýipdir.

Ondan

— Bu nähili bolýar? — diýip sorapdyrlar.

Onda ol:

— Allatagala saňa her günde nygmatyny artdyran bolsa, sen hem şonuň üçin şüküriňi artdyrmalysyň — diýipdir.

* * *

Abdylagla ibn Hammat Nesri şeýle diýipdir: «Men Halypa Mütewekkiliň ýanyna bardym. Ol maňa:

— Eý, Abu Ýahýa, biz saňa haýyr bilen gowuşmak üçin hümmet etdik, sen bolsa wagtynda gelmediň — diýdi.

Men oňa:

— Eý, möminleriň emiri, men Japar ibn Muhammet Sadykdan eşitdim, ol: «Kim hümmete şükür etmese, nygmata şükür etmez» diýipdir — diýdi».

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Kim şükür atyna atlansa, onuň bilen belentliklere ýeter».

* * *

Japar ibn Muhammet şeýle diýipdir: «Nygmatlar wagşydyr, ony şükür bilen eldekileşdiriň».

* * *

Hasan Basry şeýle diýipdir: «Ynsanlaryň nygmat taýdan iň berki, şükürde höwes taýdan iň güýçlüsidir».

* * *

Attaby şeýle diýipdir: «Nygmat atlaryňyzy şükür etmek bilen eýerläň».

* * *

Dawut pygamber Allatagala şeýle mynajat edipdir:

— Ylahym, men saňa nähili şükür edeýin! Meniň şükür etmäge diňe seniň beren nygmatyň bilen güýjüm ýetýär?

Allatagala oňa:

— Eý, Dawut! Sen näme özüňdäki nygmatyň mendendigini bilmeýärsiňmi? – diýipdir.

Dawut alaýhyssalam:

— Hawa, eý, Rebbim! Men şonuň üçin hem saňa az şükür edýärin — diýipdir.

* * *

Kim nygmatlary üçin şükür etse, Allatagala onuň üçin belentlikleriň gapysyny açar.

* * *

Aýdylypdyr: «Ýagşylyklary täzelemek bilen ömrüňizi uzaldyň».

* * *

Haryjylar[1] şeýle diýipdirler: «Nämynasyp adamyň ýagşylyk etmegi ýagşylyklaryň harlanmagydyr».

* * *

Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Men özlerine berlen nygmata bigadyrlyk edýänler bilen deňdirin (ýagny men hem doly manyda şükür edip bilmeýärin)».

* * *

Amr ibn Ýezit Esedi Hasan Basrynyň ýanyndan geçip barýan eken. Hasan ýerinden turup, onuň hal-ýagdaýlary barada mylaýymlyk bilen sorapdyr. Şol wagt ýanynda oturan Amr ibn Ubeýt geň galyp, Hasandan:

— Näme üçin ýeriňden turduň? — diýip sorapdyr.

Onda ol:

---

[1] Haryjylar - Hezreti Ala garşy çykan topar.

— Ol maňa kyn günlerimde goldaw berdi we meni bir ýerden başga ýere göçürdi. Men hem munuň üçin oňa minnetdarlyk hökmünde sylag-hormat goýýaryn — diýipdir.

* * *

Wehp ibn Munebbih: «Baýrak-sylagyň terk edilmegi - gysgançlyk sebäplidir».

* * *

Ibn Semmak şeýle diýipdir: «Bende Allanyň berýän nygmatynyň gadyryny — ýitirende biler».

* * *

Kim nygmaty üçin Alla şükür etmese, ol nygmatyň soňuny çagyrýandyr.

* * *

Şükür etmek — nygmatyň gitmeginden goraýar,
Hem-de onuň — nygmatyň ýitmeginden goraýar.

* * *

Sahyp şeýle diýer eken: «Men şahyr Buhturynyň şu sözlerini gowy gördüm: «Şükür — nygmatlaryň jemalydyr».

* * *

Eger hormat-sylag gazanmakçy bolsaň, haýyrly işleri et we şükür et.

* * *

Kim sende ýok zat bilen seni öwse, onuň bu ýalanlaryna ynanma. Kim saňa etmedik işiň üçin minnetdarlyk bildirse, onuň saňa erbetliklerinden heder et.

* * *

Akmaga ylym öwretmek – ylmy zaýalamakdyr. Günä işler — nygmaty gidermekdir.

* * *

Şükür nygmatdan haýyrlydyr, çünki şükür – baky, nygmat bolsa panydyr.

* * *

Seleme ibn Eban kätip şeýle diýipdir:

Näme ekseň sen şony hem orarsyň,
Alkyş ekseň sylag-hormat görersiň.

* * *

Adyý ibn Arbat bir gezek Omar ibn Abdylezize hat ýazyp:

— Men basralylar üçin süýji suwly guýy gazdym. Emma oňa şükür edýäni görmedim. Eý, möminleriň emiri, maňa ony gömmäge rugsat ber — diýipdir.

Onda Omar ibn Abdyleziz oňa:

— Eý, Adyý, heý, ondan suw içip, alhamdulillä (Alla öwgi bolsun) diýýän ýokmuka! Alla jennetileri jennete salanda, olar alhamdulillä diýerler. Şonuň bilen hem seniň guýyňdan sogap bardyr — diýipdir.

* * *

Omar ibn Abdyleziz şeýle diýipdir: «Nygmatlaryň ýatlanylmagy şükür etmekdir».

* * *

Nasr ibn Ýesar Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys gürrüň beripdir: «Kime nygmat berlip, oňa şükür etmese, onuň başyna bela geler».

* * *

Muhammet ibn Aly ibn Hüseýin ibn Aly ibn Abu Talyp (Alla olardan razy bolsun) şeýle diýipdir: «Kime nygmat berlen bolsa, ol hem, ynsanlara haýyr-sahawat bilen nygmat berse, ol kişi ýazgarylmakdan amandyr. Onuň boýnundan erbet netije halkasy aýrylandyr» diýipdir.

* * *

Aly ibn Hüseýin şeýle diýipdir: «Resulalla şeýle diýdi: «Bir adam tagamdan doýup Alla öwgi aýtsa, oňa gije-gündiz oraza tutýana berilýän sogapdan hem has uly sogap berler. Çünki Alla şükür edýänleri söýýändir».

* * *

Muhammet ibn Aly şeýle diýipdir: «Alla bendesine nygmat berse, ol hem munuň Alladandygyny bilse, heniz munuň üçin Alla öwgi aýtmazdan, Alla onuň şükürini ýazar. Eger bendesi bir günä iş etse, özi hem Allanyň mundan habardardygyny bilip, Allanyň özüni bagyşlamagyny ýa-da janyny almagyny islese, heniz ol toba edip, ötünç soramanka günäsini geçer».

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle hadys gürrüň beripdir: «Allanyň hiç bir nygmaty uly däldir, ony diňe ynsanlaryň kynçylygy uly görkezýändir. Kim özüne

berlen nygmat bilen kynçylygy ynsanlardan gidermese, ol nygmat ýok bolar gider».

* * *

Japar ibn Muhammet şeýle diýipdir: «Ýagşylyklary aýyrmak bilen ýagşylyklary täzeläň, çünki minnet sungaty ýok edýändir».

* * *

Şahyr şeýle diýipdir:

Ýagşylyklarňyz içinde başga bir zat diýip bolmaz,
Şüküre derek — ejizlik, özge-gaýry hiç aýp bolmaz.



*Ahat Nuwwaýewyň çeken natýurmorty.*

## SEGSEN ÝEDINJI BAP

## UKY, UKUSYZLYK, DÜÝŞ, ONUŇ ÝORGUDY WE ŞUŇA MEŇZEŞLER HAKYNDA

Abu Sagyt Hudry Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Resulalla şeýle diýdi: «Her bir uklaýan adamyň eşidiş agzalaryna hökman düwünler bilen ýüp daňylar. Eger ol Allany ýatlasa düwünleriň biri çözüler. Eger täret alsa, ýene biri çözüler. Eger namaz okasa, ähli düwünler çözüler. Eger ol täret almasa we namaz okamasa, düwünler şol durşuna galar. Şeýtan hem onuň gulagyna peşew eder».

* * *

Ümmi Habyp ibn Halyt ibn As ukudan oýanyp, hyzmatkärlerine şeýle diýipdir: «Şeýtanyň düwünleri çözüldi, bu wagt uklap bolmaz».

* * *

Zamga ibn Salyh uzakly gije namaz okar eken, säher çagynda bolsa maşgalasyna garap şeýle diýer eken:

Eý, siz jemagaty şatlyk-şowhunyň,
Ukyňyz gijesin iýdi bu günüň.

Olar hem zar-zar aglaşyp, doga-dileg edişip turýar ekenler. Gün doganda bolsa, ol şeýle diýermişler: «Gije ýolagçy bolan kowum Alla öwgi aýdar».

* * *

Ibn Apbas Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Ymmatymyň iň hormatlysy Gurhany ýat tutanlar (karylar) we gije ýatman ybadat edenlerdir».

* * *

Süleýman alaýhyssalamyň ejesi ogluna şeýle diýipdir: «Eý, oglum! Köp uklama, sebäbi köp uklaýan kyýamat gününde magşar meýdanyna zyýan çeken hökmünde getiriler».

* * *

Sufýan Söwri şeýle diýipdir: «Salamatlyga gowuşmak isläp, özi hem uklaýanyň haly örän geňdir. Biziň döwrümizde erbet zada ukudan başga mysal getirilýändigini bilmeýärin».

* * *

Sufýan Söwri tebibe:

— Eger ukym tutaýsa, ukudan açýan zady aýt — diýipdir.

Onda ol:

— Kelläňe köpräk ýag çal — diýipdir.

* * *

Araplar şeýle diýipirler: «Guşluk wagty uklamak tomusda sowadyjydyr, gyşda bolsa ýylylykdyr».

* * *

Guşluk wagty uklamak jana şypadyr.

* * *

Ibn Jehm şeýle diýipdir: «Eger meniň ukym tutup, gözlerim süzülip başlasa, şol wagt hikmetli kitaplary okap başlaýaryn».

* * *

Şahyr şeýle diýipdir:

Ýaşlara guşluk ukusy jahyllyk çaglary miras,
Dälilik çaglary bolsa, ukular gowy bolýar has.

* * *

Harys ibn Harys Mekgi şeýle diýipdir: «Men düşeginde uzap ýatan, gözlerini uky üçin süzýän kişä haýran galýaryn. Ol näme üçin tä gözleri süzülýänçä namaz okamaýarka? Şeýle wagtdaky ukudan has lezzetli hiç hili uky ýokdur».

* * *

Tawus: «Arkama gamçy bilen urulmagy, meniň üçin juma gününde ymam hutba okap durka uklamagymdan has gowudyr» diýipdir.

* * *

Muhammet ibn Nadr Harysy ömrüniň soňky iki ýylynda öýle ukusyny terk edipdir.

* * *

Mekhul şeýle diýipdir: «Kim düşegine girse we bu günki eden işleri barada pikir etmese, haýyr eden bolsa, Alla öwgi aýtmasa, günä iş eden bolsa günäniň geçilmegini sorap dileg etmese, onda ol tä zyýan çekýänçä hasaplaman we mundan asla habary bolmadyk täjir ýalydyr».

* * *

Şetdat ibn Ews Ensary düşeginde saçda gowrulyp ýatan däne ýaly bolup ýatar eken we şeýle diýer eken: «Eý, Allam! Dowzahyň ýadyma düşmegi meniň ukyma böwet bolýar».

* * *

Hawat ibn Jübeýr şeýle diýipdir: «Günüň başyndaky uky asyllylykdyr, ortasyndaky uky ahlaklylykdyr, ahyryndaky uky akmaklykdyr».

* * *

Apbas ibn Abdylmuttalyp guşluk wagty ýatan ogluny aýagy bilen yralap, şeýle diýipdir: «Tur, Alla saňa uky bermesin. Sen näme Allanyň öz bendeleriniň arasynda rysgalyny paýlaýan wagty ýatýarsyňmy? Ýa-da sen näme araplaryň «Ol wagt (guşluk) gülkünç ýaltalykdyr we dilegler üçin taýakdyr» diýendigini eşitmediňmi?».

* * *

Uky üç görnüşlidir:

1. Asyllylyk ukusy;
2. Ahlaklylyk ukusy;
3. Akmaklyk ukusy.

Asyllylyk ukusy guşluk ukusydyr. Ahlaklylyk ukusy pygamberimiziň ymmatyna: «Günortan uklaň, sebäbi şeýtanlar günortan uklamazlar» diýip sargan günortan ukusydyr. Akmaklyk ukusy bolsa ikindinden soň uklamakdyr. Bu wagtda diňe lül-serhoş, däli ýa-da hassa kişiler ýatar.

* * *

Abdylwahyt ibn Süleýman ibn Abdylmälikden:

— Siziň mülküňiziň gitmegine näme sebäp boldy? — diýip sorapdyrlar.

Ol:

— Säher çaglarynda ýatmakgymyz agşam wagtynda şerap içmegimiz — diýip jogap beripdir.

* * *

Hyşam ibn Abdylmälik ogluna şeýle diýipdir: «Säher wagty uklama, sebäbi ol şumluk we gaýgy getirer».

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Ynsan ölümde ýatar, söweşde ýatmaz. Ýagny, ol başyna düşen ölüme sabyr eder, emma malynyň ogurlanmagyna sabyr etmez».

* * *

Selman Parsy şeýle diýipdir: «Men oýa gezip ýören wagtlarymy hasaply tutuşym ýaly, ukymy hem hasaply tutýaryn».

* * *

Şagbydan:

— Düýn nähili ýatdyň? — diýip sorapdyrlar. Ol hem donuny ýere ýazyp, soň üstünde elini ýassyk edip:

— Ine, şeýle ýatdym — diýipdir.

* * *

Ýahýa ibn Ýeman şeýle diýipdir: «Men saçy we sakgaly gara göze hoş görnen bir kişiniň ýatandygyny gördüm. Ol düýş

görüp ýatan eken. Düýşünde ynsanlaryň kyýamatda bir ýere ýygnanyşýandygyny görüpdir. Olar bir derýanyň üstünde bolan köprüden geçýärmişler. Ýaňky ýigit hem çagyrylypdyr, ol hem baryp görse, ol köpri gylyjyň ýüzi ýaly ýiti eken. Ol onuň üstünde saga-sola ýöräpdir. Şol wagt ýaňky ýigit oýandy, gorkudan ýaňa saçy-sakgaly ak bolup turdy».

* * *

Bir adam düýşünde zeýtun ýagyny zeýtunlaryň üstünden guýýan ýagdaýda görüpdir. Ibn Sirin oňa: «Eger sen dogry aýdýan bolsaň, sen ejeň bilen bile ýatypsyň» diýipdir. Dogrudan hem onuň aýdyşy ýaly bolan eken.

* * *

Dewme binti Mugtyba düýşünde biri gelip şeýle diýipdir:

Buşlaýynmy saňa habar,
Meňzeýän zady ýolbarsa.
Gadyr bolmaz, göýä hazan,
Şäherleri basyp alsa —
Tutan ýoly ýowuz bolsa.

Ol soň Muhtar ibn Abu Ubeýdi dogrupdyr. Bu waka hijret ýylynda bolupdyr.

* * *

Gazwan Sopy düýşde görülipdir. Oňa:

— Alla saňa näme etdi? — diýipdirler. Ol hem şeýle jogap beripdir:

Barlandyly hasabymyz,
Däldir hiç zat gözden sowa.

Siz çyndan ynanyň şuňa,
Berdi soň haýyr hem sogap.

* * *

Abu Müslim Horasany Abdylla ibn Aly bilen söweşden gaçansoň, düýşünde özüni piliň üstünde gezip ýören ýagdaýda görüpdir. Gün bilen Aý hem onuň gujagynda eken. Ol ýoldan geçip barýana muny gürrüň beripdir we ýorup bermegini haýyş edip, oňa on müň dirhem beripdir. Soň ol:

— Seniň möhletiň gutarypdyr, sen heläk bolarsyň — diýipdir we şu aýatlary okapdyr: «Sen pil eýelerine näme edilendigini görmediňmi».[1] «Gün we Aý jemlenende ynsan ol gün aýdar: «Gaçyş ýeri nirede?».[2]

* * *

Bir adam düýşünde altyndan tagta seredýämiş. Oňa: «Gözüň göreji gider» diýipdirler. Soň şol adam kör bolup galypdyr.

* * *

Bir adam Sagyt ibn Museýýebe:

— Men düýşümde wezipede oturan biriniň arkasyna dört gezek buşugýaryn — diýipdir.

Sagyt oňa:

— Ol wezipede oturan halypa Abdylmälikdir. Onuň neberesinden dört kişi halypa bolar — diýipdir.

* * *

Rowaýat edilmegine görä, ýene ol adam:

---

[1] Gurhanyň «Pil» süresiniň 1-nji aýaty.

[2] Gurhanyň «Kyýamat» süresiniň 10-njy aýaty.

— Men düýşümde Resulallanyň Abdylmäligiň arkasyna dört gezek buşugandygyny gördüm — diýipdir.

Onda Sagyt oňa:

— Eger seniň düýşüň dogry bolsa, onuň neslinden dört halypa çykar — diýipdir.

* * *

Aly ibn Hüseýin düýşünde gursagynda: «Kul huwallahu ahad»[1] diýlip ýazylan haty görüpdir. Ol bu düýşüni ýordurmak üçin Sagydyň ýanyna barypdyr. Ol hem oňa: «Sen Resulallanyň neslindensiň, sen öz ölüm habaryňy aýtdyň» diýipdir.

* * *

Ymam Şapygy şeýle diýipdir: «Düýşümde Resulallany gördüm. Ol maňa: «Kitabyňy maňa ber» diýdi. Men hem kitabymy oňa berdim. Ol aldy we ony ýaýratdy. Onuň bilen dogan okaşdym. Oýanamsoň, Sagydyň ýanyna gidip habar berdim. Ol hem maňa: «Alla seniň şanyňy beýgelder, ylmyň hemme ýere ýaýrar» diýdi».

* * *

Ibn Mesgut Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Kim düýşünde meni görse, ol dogrudan hem meni görer. Sebäbi şeýtan maňa meňzäp bilmez».

* * *

Abu Hind bir gezek Merwde üçegiň üstünde ýatypdyr. Ol ýatanda erbet togalanýar eken. Ol aýagyny ýüp bilen mäkäm

---

[1] Gurhanyň «Yhlas» süresiniň 1-nji aýaty. Manysy : «Aýt, ol Alla birdir».

daňypdyr. Ol ýokardan togalanyp gaýdypdyr we howada aýaklaryndan asylgy galypdyr. Netijede boglup ölüpdir.

* * *

Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Eger düýş görseň, ony diňe dostuňa ýa-da akylly-başly adama aýt».

* * *

Bir adam Resullanyň ýanyna gelip:

— Düýşümde kellämiň menden aýrylyp gaçandygyny gördüm. Men hem onuň yzyna düşüp tutdum — diýipdir. Resulalla hem oňa:

— Sen haýsy gözüň bilen kelläň senden aýrylandygyny gördüň? Şeýtan içiňizden biri bilen oýnasa, ony hiç kime habar bermesin» — diýipdir.

* * *

Bir adam Aly ibn Hüseýine:

— Men düýşümde öz elime buşugýarmykam diýýän — diýipdir.

Onda ol:

— Seniň golastyňda mährem (süýtdeş) bar — diýipdir.

Soň ol aňyrsyny yzarlap görse, aýaly bilen arasynda süýt emişme bar eken.

* * *

Abu Hanypa şeýle gürrüň beripdir: «Men düýşümde Resulallanyň guburyny açýaryn we onuň süňküni gursagymda goýýaryn. Men mundan gaty gorkdum we Ibn Sirinden ýorgut soradym. Ol:

— Hiç kim bu döwürde beýle düýşi görüp bilmez — diýdi.

Men oňa:

— Men gördüm — diýdim.

Ol:

— Eger seniň düýşüň dogry bolsa, sen pygamberiň sünnetini janlandyrarsyň — diýdi.

* * *

Şahyr şeýle diýipdir:

Gije seniň ömrüň ýary, olja hasap etgin ony,
Uklap geçirmegin sen ömrüň galan ýaryny.

* * *

Başga bir şahyr şeýle diýipdir:

Uky lezzeti nähili, aýdyň açyk-aýanyny.
Başarsaňyz gürrüň beriň, maňa ukyň beýanyny.

* * *

Pylany gabagy bilen hiç ylalaşmaýar, az uklaýan adam barada aýdylýar.

* * *

Bir adam düýşünde bir garganyň şäheriň iň uly köşgüniň üstüne gonandygyny görüpdir. Ibn Museýýip: «Iň erbet adam şäheriň iň abraýly zenanyna öýlener» diýipdir.

* * *

Nabatyly bir adam düýşünde Hajjaç ibn Ýusuby görüpdir. Ol oňa:

— Rebbiň seni nämä öwürdi? — diýipdir.

Onda Hajjaç:

— Eý, jelep ogly. Munuň bilen seniň näme işiň bar? — diýipdir.

Ol adam:

— Biz dirikäg-ä seniň zulmuňdan, öleňden soňam diliňden gutulmadyk — diýipdir.

* * *

Resulalla düýşünde Useýt ibn Abu Aýsy ölenden soň jennetde görüpdir. Ol muny onuň ogly Ytap ibn Useýde gürrüň beripdir.

* * *

Pygamber alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Salyh düýş — ahyretde Alladan onuň üçin sylag-hormatdygy barada möminlere buşlukdyr».

* * *

Eşgap bir adama:

— Men düýşümde nejasata bulaşýaryn, sen bolsaň bala batýaň — diýipdir.

Onda ol:

— Ol seniň erbet amalyňdyr. Ony Alla saňa lybas edip geýdirer. Meniň päk amalymy bolsa maňa lybas hökmünde geýdirer — diýipdir.

Eşgap oňa:

— Düýşüň yzy hem bar — diýipdir.

Ol:

— Nähili? — diýip sorapdyr.

Eşgap oňa:

— Şondan soň sen-ä meni ýalap başlaýaň, menem hem seni — diýipdir.

* * *

Hezreti Alynyň dosty Newfel Bukaly düýşünde bir goşunyň başyny çekip barýandygyny, başynda hem uzyn naýzanyň ynsanlara ýagtylyk saçyp gelýändigini görüpdir. Hezreti Aly munuň şehitlikdigini ýorupdyr.

Günlerde bir gün Newfel söweşe çykypdyr. Ol aýagyny ulagynyň üzeňňisine goýjak bolanda: «Eý, Allam! Aýalymy dul goý, oglumy ýetim goý, maňa hem şehitlik nesip et» diýipdir. Söweşden soň onuň we atynyň ölüp ýatandygyny, ganlarynyň biri-birlerine garyşandygyny, onuň hem iki adam öldürendigini görüpdirler.

* * *

Abu Salym şeýle diýer eken: «Düýş — Allanyň bendesi bilen gepleşýän sözüdir».

* * *

Abdylmälik düýşünde Ümmi Haşymyň (aýalynyň) kellesini ikä bölendigini, damagyndan ýigrimi sany hapa zat çykarandygyny görüpdir. Oýanyp onuň talagyny beripdir. Soň bolsa Sagyt ibn Müseýýebe adam iberipdir. Ol bolsa onuň düýşüni ýorup, şeýle diýipdir: «Ol ýigrimi ýyllap höküm sürjek çagany dograr» diýipdir. Ol eden işine puşman bolupdyr.

* * *

Şerhabyl ibn Hasene bir düýş görüpdir we ony Abubekr Syddyga gürrüň beripdir. Ol hem oňa: «Gözleriň uklady, sen hem haýyr gördüň» diýipdir.

* * *

Jabyr ibn Abdylla şeýle diýipdir: «Biz metjitde ýatyrdyk, ýanymyzda Hezreti Aly hem bardy. Biziň ýanymyza Resulalla gelip:

— Turuň, metjitde ýatmaň — diýdi. Biz hem ýerimizden çykmak üçin turduk.

Şol wagt men:

— Eý, Aly, sen ýatyber, Resulalla saňa rugsat berdi — diýdim.

* * *

Hezreti Omaryň (goý, Alla ondan razy bolsun!) ogly Ibn Omar şeýle diýipdir: «Men düýşümde kakamy görkezmegini haýyş edip bir ýyllap Rebbime ýalbardym. Ahyry ony düýşümde gördüm. Onuň maňlaýyndan der akyp durdy. Men onuň sebäbini soradym. Ol maňa:

— Eger Allanyň rehmeti bolmasa-dy, kakaň heläk bolardy. Ol menden gatyryň ýüpi we düýäniň howudy barada-da sorady. Onsoň ynsanlar barada nädip soramasyn? — diýdi.

Muny Omar ibn Abdyleziz eşidip, erbet nagra çekip, eli bilen ellerine urupdyr we şeýle diýipdir: «Eger Allatagalanyň päk çaryýarlaryna şeýle edilýän bolsa, meslik içinde ýaşaýan Omar ibn Abdyleziziň haly nähili bolar?».

* * *

Ibn Sirinden düýşünde öz owurdyny çeýneýän adam barada sorapdyrlar. Ol hem: «Beýle adam öz dogan-garyndaşlarynyň gybatyny edýändir» diýipdir.

## SEGSEN SEKIZINJI BAP

## WEPADARLYK, WADA BERMEK, JOGAPKÄRÇILIK ÇEKMEK, AMANAT, YNAMLYLYK, SYR SAKLAMAK WE ŞUŇA MEŇZEŞLER HAKYNDA

Abubekr Syddyk (goý, Alla ondan razy bolsun!) şeýle diýipdir: «Resulalla maňa şeýle diýdi: «Eý, Abubekr! Dogruçyl bol, ähdiňi bozma, saňa berlen amanaty gora. Bular pygamberleriň wesýetleridir».

* * *

Jahylyýet döwründe birnäçe söweşiji adamlar Medinäniň golaýynda düşläpdirler. Resulalla olardan soýmak üçin düýe satyn alypdyr we ýerine hurma bereýin diýipdir. Ol düýäni alyp Medinäniň jaýlaryň arasyna siňip gidipdir.

Olar:

— Biz tanamadyk adamymyza zat berdik — diýip gynanypdyrlar. Olaryň içinde ýaşuly biri:

— Eger ol ýüzüni bir zat bilen örtmese, hökman men onuň ýüzüni tanaryn — diýipdir.

Az wagtdan soň Resulalla bir adam iberip, olary öýüne çagyrdypdyr. Olara saçak ýazypdyr we hurma getirdipdir. Soň bolsa:

— Alyň iýiň — diýipdir. Olar tä doýýançalar hurma iýipdirler. Soň bolsa olara dünýäniň haky üçin berilmeli zatlaryny beripdir. Olar:

— Biz şu wagta çenli beýle wadasyna wepadar kişi görmedik — diýipdirler.

* * *

Çarwa arap aýaly ogluna wesýet edip şeýle diýipdir: «Eý, oglum! Bilgin, kim wepadarlyga we sahylyga bil baglasa, ol onuň lybasyny hem owadan görkezer. Sen gep gezdirmekden habardar bol, sebäbi ol öýke-kinäni köpeldip, iki mähremiň arasyny açar».

* * *

Gumrudan wepadar guş ýokdur. Sebäbi, eger erkek gumry ölse, urkaçy gumry ýanyna hiç bir gumryny ýakynlaşdyrmaýar. Ol tä ölýänçä onuň üçin guguldap gezýär.

* * *

Şahyr şeýle diýipdir:

Wepadarlyk çykmaýar hiç mahal hem haýyndan,
Abraýly adamdan — wepadarlyk taýyndyr.

* * *

Adyý ibn Hatym bir gezek Hezreti Omaryň (goý, Alla ondan razy bolsun!) ýanyna bir topar bolup gelipdirler. Ol «Ridde»[1] wakasynda yslamdan dänmändir. Ol Hezreti Omara:

---

[1] Ridde – zekatyň parzdygyny inkär edip, yslamdan ýüz öwürenlerinde olara garşy söweş yglan edilýär. Muňa «Ridde» (dänenler) wakasy diýlipdir.

— Eý, möminleriň emiri, meni tanaýarsyňmy? — diýip sorapdyr.

Hezreti Omar:

— Hawa, sen dinden çykanlarynda iman eden, wepasyz bolanlarynda wepadar bolan kişisiň — diýipdir.

* * *

Adyý ibn Hatym söweşlerde Hezreti Alynyň tarapynda durupdyr. Ol «Jemel»[1] söweşinde garşy daşyna uly hüjüm edipdir. Ol Mugawyýa garap şeýle diýipdir:

Mugawyýa ibn Harp söweşýär meniň bilen,
Ýoly ýapyk bolýandyr nähak bir iş edeniň.
Ýatladýarsyň maňa sen Abu Hasan Alyny,
Abu Hasan hakynda düşünjäm giňdir meniň.

* * *

Halypa Mansur bir gezek Yshak ibn Musa Ukaýla[2] (ol emewilerden bir çagany öz kepilligine alypdyr):

— Sen ony emewilere bolan muhabbetiň üçin kepilligiňe aldyňmy? – diýip sorapdyr.

Onda ol:

— Bu meniň maňa kömek edene we döwleti ýykylana bolan wepadarlygymdyr. Maňa kömek edene we döwleti baky bolana wepadarlygyň nähilidigini özüň oýlanyp gör — diýipdir.

Mansur onuň sözüne geň galypdyr we ony goýberipdir.

---

[1] Hezreti Aly bilen Hezreti Äşäniň arasynda ýüze çykan söweş. Oňa «Düýe söweşi» hem diýýärler.

[2] Ol öň Merwan ibn Muhammediň dosty bolupdyr.

* * *

Eger sen bir adamyň wepadarlygyny biljek bolsaň, onuň watanyna bolan hasratyna we öten günleri üçin agysyna seret.

* * *

Lukman Hekim ogluna şeýle diýipdir: «Eger seniň hazynadaryň ynamly bolup, hazynaň ynamly goralýan bolsa, onuň dünýäsi we ahyreti abat bolar».

* * *

Ibn Apbas şeýle diýipdir: «Resulallanyň ýanyna täjirler gelipdir. Resulalla olara: «Eý, täjirler jemagaty! Alla sizi kyýamat gününde günäkär hökmünde direlder. Dogruçyl we amanata wepaly bolan täjirler muňa degişli däldirler» diýipdir.

* * *

Ibn Omar Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadysy rowaýat edipdir: «Allatagala ynsanda onuň uýat ýerini ýaratdy we şeýle diýdi: «Bu amanatdyr, ony size amanat goýdum. Uýat ýer amanatdyr, gulak amanatdyr, göz amanatdyr, dil amanatdyr. Amanatda hyýanat edeniň imany ýokdur».

* * *

Mekgäniň ýeňşi gününde Hezreti Abubekr Syddyk gyz dogany Binti Abu Kuhafa üçin bir bilezik satyn alypdyr. Abubekr gyz doganynyň elinden tutup: «Alla saňa salamatlyk bersin» diýipdir we bilezigi onuň eline dakypdyr. Muny üç gezek gaýtalapdyr. Soň ol gyz doganyna: «Eý, uýam! Meniň bilezigimi gora, sebäbi ynsanlaryň arasynda amanata wepadarlyk edýänler azdyr» diýipdir.

* * *

Töwratda şeýle ýazylypdyr: «Ähli dinlerde ynamdar bolanlaryň hemmesi saglyk-salamatlykda ýaşaýandyrlar».

* * *

Lukman Hekim şeýle diýipir: «Eý, perzendim! Ynamdar bol, baý ýaşarsyň!».

* * *

Pygamber alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Amanatdar baýdyr».

* * *

Nygmata «inkär edýärin» diýmekden, amanaty «saklaýaryn» diýmekden gork.

* * *

Bir adam Selman Parsa:

— Eý, Abu Abdylla! Pylany saňa salam aýtdy — diýipdir.

Onda ol:

— Sen bu salamy maňa ýetirmedik bolsadyň, ol seniň boýnuňda galardy — diýipdir.

* * *

Üç sany kişi pygamberimiziň agasy Zubeýr bilen Mekgä gelýän kerwenleri zulumdan goramak barada şertnama baglaşypdyrlar.

Aýdylypdyr: «Ony ilkinji bolup döreden Apbasdyr, goýulanlar hem haşym ogullary taýpasydyr».

Aýdylypdyr: «Ony ilkinji bolup döreden Abdy Mennaf taýpasy, Zuhre, Teým ibn Murra, Eset ibn Abdyluzza

dagylardyr. Käbirleri Harys ibn Fahry hem goşdular. Olar kuraýyşlardan hasaplanýardy. Bular «fuzul» (abraýlylar) guramasyna girdiler, şonuň üçinem bulara «hylful-fuzul»[1] diýildi».

* * *

Aýdylypdyr: «Bu at, ýagny «hylful-fuzul» olaryň Mekgede güýçliniň ejizlere, ýerliniň kesekä edýän zulumlaryna garşy döredilen guramadyr. Munuň sebäbi hem bu gurama Fazyl ibn Harys, Fazyl ibn Wedaga we Fazyl ibn Fezala dagylaryň gatnaşmagydyr. Şonuň üçinem «Hylful-fuzul» (Fazyllaryň şertnamasy) diýlipdir. Emma başga bir rowaýatda aýdylşyna görä, oňa bu at ol guramanyň abraýy we artykmaçlygy üçin aýdylypdyr. Ýa-da bu işde abraýyň bolandygy sebäpli hem aýdylýar.

* * *

Resulalla hem bu guramany görüpdir. Ol şeýle diýer eken: «Men Ibn Jedganyň öýünde şertnama guramasyny gördüm. Eger häzirki döwürde hem şeýle gurama bolsady, men şoňa goşulardym. Şertnamanyň kasamy şeýledi: «Alla şaýat. Biziň elimiz tä zalymdan mazlumyň hakyny alyp berýänçä göreşer».

* * *

Mugawyýa käbir adamlaryň öz ýanyndan aýrylýandyklaryny görüp, Kaýs ibn Sagt ibn Ybadany Hezreti Alydan aýyrmak üçin çagyrypdyr. Ol Mugawyýa hat ýazyp: «Eý, but ogly but, sen meni Hezreti Alydan aýryp, öz tabynlygyňa

[1] «Hylful-fuzul» – jahylyýet döwründe Mekgedäki edilýän zulumlara garşy döredilen gurama.

çagyrýarsyňmy? Meni onuň dostlarynyň ondan aýrylandygy, ynsanlaryň öz tarapyna geçýändigini we senden ürkýändigi bilen gorkuzmak isleýärsiňmi? Men ant içýärin, Alladan başga Hudaý ýokdur. Sen onuň bilen söweş etdigiňçe men hiç haçan saňa salam bermerin, sen onuň duşmany bolup durdugyňçada men seniň tabynlygyňa girmerin. Men Allanyň dostlaryny, duşmanlary bilen çalyşmaryn. Şeýtanyň topary, onuň topary däldir. Wessalam».

* * *

Amr ibn Asyl bir gezek:

— Eger men syrymy dostuma aýtsam, ol hem ony ile ýaýratsa, muňa ol günäkär däl — diýipdir.

— Näme üçin? — diýipdirler.

Ol:

— Sebäbi ony goramaga has laýyk bolan mendirin — diýipdir.

* * *

Muhellep şeýle diýipdir: «Gylyk-häsiýetleriň iň erbedi syry paş etmek, iň oňady bolsa syry saklamakdyr».

* * *

Pelsepeçi şeýle diýipdir: «Kalplar syrlaryň damarlarydyr, dodaklar gulplarydyr, diller açarydyr. Siziň her biriňiz syryň damarlarynyň açaryny goraň».

* * *

Akyldar şeýle diýipdir: «Syryňy sende syry bolmadyk kişide goý».

* * *

Syry diňe iki dil bilen dört gulak açar.

* * *

Çarwa arapdan sorapdyrlar:

— Syr saklamak barada näme bilýärsiň?

Ol:

— Men ony kalbynyň perdesiniň aşagynda saklaýaryn, soň ony hiç çykarmaýaryn. Soň bolsa göýä asla eşitmedik ýaly unudýaryn — diýipdir.

* * *

Aýdylypdyr: «Ynsanlaryň iň pugtasy öz aralarynda düşünişmezlik dörär we syryny ýaýar diýen düşünjeden gorkup syryny dostuna aýtmaýan kişidir».

* * *

Akyldar şeýle diýipdir: «Wepadar kişileriň kalplary syrlaryň mazarydyr».

* * *

Buzurgmehr şeýle diýipdir: «Tejribe etmezden, her bir kişä bil baglamak akmaklykdyr».

* * *

Hezreti Abubekr Syddyk (goý, Alla ondan razy bolsun!) bir gezek hojaýyny üçin hamyr ýugrup oturan bir gara gyrnagyň ýanyndan geçipdir. Hojaýyny Hezreti Abubekre Syddyga:

— Eý, Abubekr! Muny satyn al, sebäbi ol seniň diniňden — diýipdir. Abubekr dogrudan hem onuň musulmandygyny bilende onuň hojaýyny bilen ylalaşypdyr. Ony satyn alyp, puluny töläpdir we ol gyrnaga:

— Eý, gyrnak, tur, gideli — diýipdir.

Onda ol gyrnak:

— Eý, Abubekr! Onuň mende galan haky bar. Rugsat ber. Men onuň hamyryny soňuna çenli ýugrup bereýin — diýipdir we rugsat berlensoň, aýdan işini ýerine ýetiripdir.

* * *

Resulallanyň giýewsi Abu As ibn Rabyg ibn Abdyluzza ibn Abdyşems uly täjir eken. Kuraýyşlar onuň maly barada nakyl getirer ekenler. Ol hijri ýylynda Şama gidipdir we yzyna gelýärkä, musulmanlar ony tutup ýesir alypdyrlar. Gije ony Medinä alyp gelipdirler. Haçanda ertir namazyny okap bolanlarynda, Resulallanyň gyzy Zeýnep metjidiň gapysyna gelip:

— Eý, Allanyň ilçisi, Abu Asy boşatsaň we onuň ýanyndaky zatlary yzyna berseň diýip, haýyş edýärin — diýipdir.

Onda ol:

— Sen kimi soraýan bolsaň, şony halas etdim — diýipdir we ondan alnan zatlary yzyna beripdir.

Oňa yslamy kabul etmekligi hödürläpdirler. Emma ol kabul etmändir we Mekgä gidipdir. Ol kuraýyşlary çagyryp, olara tagam beripdir, soň olaryň mallaryny yzyna gaýtaryp beripdir we olardan:

— Men size wepaly boldummy? — diýip sorapdyr.

Olar:

— Hawa, sen biziň amanatymyzy yzyna gaýtaryp berdiň we sözüňde tapyldyň - diýipdirler.

Onda Abul As:

— Indi hemmäňiz şaýat boluň, men Alladan başga Hudaýyň ýokdugyna we Muhammediň hem Allanyň ilçisidigine şaýat bolýaryn. Meniň musulman bolmagyma böwet bolan zat, siziň maňa biziň mallarymyzy aldy diýmegiňizdi — diýipdir.

Soň ol Medinä göçüp gidipdir we ilkinji nikasyna gaýdyp barypdyr. Ol 12-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

* * *

Bir adam nasrany ruhanysyndan:

— Men togsan dokuz adam öldürdim, indi men toba edip bilerinmi? – diýip sorapdyr.

Ruhany:

— Ýok — diýipdir.

Ol:

— Onda sen ýüzünji bolarsyň — diýipdir we ony hem öldüripdir. Soň başga bir dindaryň ýanyna barypdyr we oňa:

— Men ýüz adam öldürdim, indi men toba edip bilerinmi? — diýipdir.

Ruhany:

— Hawa, eger maňa tabyn bolsaň we garşy bolmasaň — diýipdir.

Ol:

— Maňa iş tapyp ber — diýipdir. Ruhany çörek bişirmekçi bolýandygyny aýdyp, oňa:

— Men hamyr ýugurýan we ýapýan, sen bolsa tamdyry gyzdyr — diýipdir. Ol hem bir gün tamdyry ýakyp, gyzdyrypdyr we ruhana:

— Tamdyr gyzdy, çörek ýap — diýipdir.

Ruhany:

— Bar-da, tamdyra gir-de otur — diýipdir. Ol hem tamdyra girip oturypdyr. Dindar gelip seredip görse, ol adam tamdyryň içinde otyr diýýär. Özüne hem hiç zat bolmandyr, diňe deri akyp duran. Ruhany oňa:

— Tur çyk, sen menden hem has haýyrlysyň, seniň tobaň kabul boldy, sen öz wepaň bilen meniň synagymdan geçdiň — diýipdir.

## SEGSEN DOKUZYNJY BAP

## BINAMYSLYK, AKMAKLYK, GAÝDUWSYZLYK, BIPERWAÝLYK WE ŞUŇA MEŇZEŞLER HAKYNDA

Pygamber alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Ynsanlar eger pygamberlerden aýdylan zatlara utanmasalar, islendik işlerini işlerini etsinler».

* * *

Akyldar şeýle diýipdir: «Lal bolmak ýalan sözlemekden haýyrlydyr, biçilen bolmak zyna etmekden haýyrlydyr. Gün-güzeran üçin tagalla etmek we mätäç bolman isripli ýaşaýyşdan we bihaýalykdan haýyrlydyr».

* * *

Bir adam utançsyz we binamys adam barada şeýle diýipdir: «Eger ýüzüne daş bilen ursaň hem utanmaz, Käbäniň örtgüsi bolsa hem ogurlar».

* * *

Ibn Salam şeýle diýipdir: «Akylly – ýüregi batyr kişidir, akmak - ýüzi batyr».

* * *

Mätäçlik binamyslykdan ýegdir.

* * *

Binamysyň ýüzüniň ýanynda dagyň gaýasynyň daşy hem ýumşakdyr.

* * *

Ýüzleri galyň elleri demir ýaly diýlip, tamakin we binamys kişä diýerler.

* * *

Anuşirwan şeýle diýipdir: — Dört sany erbet gylyk bardyr. Olar hem dört kişide bolsa has hem aýylgançdyr:

1. Gysgançlyk şalarda bolsa;
2. Ýalançylyk kazylarda bolsa;
3. Gahar-gazap alymlarda bolsa;
4. Binamyslyk aýallarda bolsa.

* * *

«En-nesaýyh es-sygarda»[1] şeýle diýilýär: «Utançsyz ýüz - eýesine köp olja getirer, gulply gapylary açdyrar, hurma ýygnadar, islän gowy zadyny iýdirer, oňa gürlemäge gaýratlylyk berer, güýç ýetirip bolmajak işlere baş goşdurar».

* * *

Ýüzüň haýaly bolsun, diliň senaly! Gürlemäge meýliň bolsa, pikirlenip gürle, oňarmajak işiňe baş goşma, ajyň garnyny doýur.

---

[1] Zamahşarynyň bir eseriniň ady.

* * *

Akyldar şeýle diýipdir: «Iki gylyk hiç haçan ylalaşmaz: kanagat we bahyllyk. Iki zat hiç haçan biri-birinden aýrylmaz: harsydünýälik we utançsyzlyk».

* * *

Abu Howul bir gezek Fazyl ibn Ýahýany köteklăpdir. Soň bolsa onuň ýanyna bir iş bilen barypdyr. Onda Fazyl:

— Nähili ýüzüň bilen geldiň? — diýipdir.

Onda ol:

— Rebbimiň şu güne salan we uly günäli ýüzi bilen — diýipdir. Fazyl hem muňa gülüpdir we oňa ýüz beripdir.

* * *

Şahyr şeýle diýipdir:

Utançsyzlykdan gögeren bolsa ýüzi bir ýigdiň,
Işleri-de üýtgär durar bermän salymyn-wagtyn.

* * *

Başga bir şahyr şeýle diýipdir:

Eger Alladan gorkmasaň, goramasaň abraý-adyň,
Bendesinden utanmasaň, edibergin islän zadyň.

* * *

Kim näheňli[1] derýada ýüzse, öz janyny howpuň öňüne atar.

---

[1] Näheň – krokodil.

## TOGSANYNJY BAP

## SOWGAT, PARA BERLEN SOWGAT, KAZYLARA PARA BERMEK WE ŞUŇA MEŇZEŞLER HAKYNDA

Muhammet alaýhyssalam bir gezek Hezreti Omara sowgat iberipdir, ýöne ol bu sowgady kabul etmändir we yzyna gaýtarypdyr. Resulalla:

— Eý, Omar! Näme üçin meniň sowgadymy almadyň? — diýipdir.

Onda Hezreti Omar:

— Sebäbi özüňiz: «Siziň iň haýyrlyňyz, ynsanlardan zat almadyk kişidir» diýýärsiňiz — diýipdir.

Onda Resulalla:

— Eý, Omar! Meniň ol aýdanym bir iş bitireniň üçindir, eger beýle däl bolsa, onda ol Allanyň saňa beren rysgalyndandyr — diýipdir.

* * *

Ümmi Hekim Hazagyýa şeýle diýipdir: «Men bir gezek Muhammet alaýhyssalama:

— Men berilýän sowgatlary ret edýärin — diýdim.

Onda ol:

— Onda näme erbetlik bar? Sowgat berseler al, uzaga çagyrsalar hem git — diýdi».

* * *

Ýene-de ol şeýle diýipdir: «Men Muhammet alaýhyssalamyň: «Sowgat berişiň, sebäbi ol muhabbeti ornaşdyrar, ýüregiňizden erbetlikleri giderer» diýýändigini eşitdim».

* * *

Ibn Apbas Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Musulmanyň doganyna beren sowgady hikmetli sözlerden hem gowudyr. Alla onuň bilen dogry ýoly görkezer we erbetlikleri dep eder».

* * *

Hasan Basry şeýle diýipdir: «Siz gap-çanak sowgat alyp-berişýärsiňiz, emma nesihat bilen sowgatlaşmaýarsyňyz».

* * *

Jahyz şeýle diýipdir: «Soltandan merhemete garaşma, gaharjaňdan razy bolma, hiç kimden kine saklama, karz soralsa ber, sowgat edip dur».

* * *

Sowgat bermek - sünnetdir we sylag-hormatdyr.

* * *

Hezreti Äşe şeýle diýipdir: «Peşgeş bermek ýüreklerde muhabbeti eken mähirlilikdir».

* * *

Ýene-de ol şeýle diýipdir: «Resulalla sowgatlary kabul edýärdi we sowgat getirene ondan hem zyýat sowgat berýärdi».

* * *

Pygamber alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Sowgat Allanyň rysgalydyr. Kim özüne bir zat sowgat berilse, ony kabul etsin».

* * *

Pygamber alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Sowgat alyp-berişiň, çünki araňyzdaky muhabbetiňiz artar».

* * *

Bir oglan Hezreti Alynyň ýanyna gelipdir we Hasan bilen Hüseýine sowgat beripdir. Ýöne Ibn Hanapyýa bermändir. Hezreti Aly Amr ibn Külsümiň şu sözlerini mysal getiripdir:

Eý, Amr, üçünjiň günäsi nämede,
Bize dost bolmadyk dostuňmy ýa-da?!

Ol oňa hem sowgat beripdir.

* * *

Mueýýit ýag çüýşe bilen halypa Mütewekkile hat ýazyp, şeýle diýipdir: «Haçanda sowgat kiçiden ula berlende has gowy we oňat bolar, eger uludan kiçä berlende has jüpüne düşer we peýdaly bolar».

* * *

Ybraýym ibn Ysmaýyl Halypa Mamuna nowruz güni hat ýazyp şeýle diýipdir: «Möminleriň emirine altyndan we

kümüşden jam iberýärin. Onuň içinde müşk, ýedi alma, anbar, sandal, kafur, zagpyran we ut[1] bar. Möminleriň emiri üçin bularyň bir ýere jemlenmegini we olaryň yslaryny almagyny, ýedi yklyma eýe bolmagyna, adalatly höküm sürmegine, işleriniň raýatlary bilen gowy bolmagyna, göýä bularyň ysy ýaly bolmagyna ýordum. Inşalla».

* * *

Abu Huzeýl bir gezek Luweýs ibn Ymrana towuk sowgat beripdir we onuň birnäçe gylyklaryny agzapdyr. Soň heran-haçan nämedir bir owadan we semiz zady agzanda:

— Meniň size sowgat beren towugymdan hem has owadan we semiz — diýer eken. Eger bir wakany gürrüň berende bolsa:

— Bu waka meniň size towuk berenimden bir aý öň bolupdy — diýer eken.

Ýogsam bu waka bilen towuk sowgadynyň arasy diňe birnäçe gün eken. Wagtyň geçmegi bilen sowgadynyň ulaldylmagyny we ýada salynmagyny isleýänler üçin nakyl bolup galypdyr.

* * *

Şahyr şeýle diýipdir:

Gysganç sowgat berse bir zady eger,
Sowgat ençe sapar diline geler.

* * *

Sufýan Söwri şeýle diýipdir: «Eger öýlenmek isleseň, ysnyşmak üçin sowgat ber».

---

[1] Müşk, anbar, sandal, kafur, zagpyran, ut – hoşboý ysly närseler.

* * *

Mamun ibn Mihran şeýle diýipdir: «Eger seniň kätibiňe hajatyň bar bolsa, seniň tamakinçiligiň oňa ilçiň bolsun».

* * *

Pygamber alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Sowgat gulaga we göze hoş ýakar we kalbyňy awlar».

* * *

Abu Alyýa şeýle diýipdir: «Eger sowgat girse gapy begenip, işik güler».

* * *

Ibn Apbas bir gezek: «Kime sowgat berilse, ýanynda hem dostlary bar bolsa, ol sowgada dostlary hem ortak bolarlar» diýipdir.

Günlerde bir gün dosty oňa bir Müsür donuny sowgat beripdir. Ýanynda hem dostlary bar eken. Oňa öz aýdan sözlerini ýatladypdyrlar. Onda ol: «Meniň aýdanym iýilýän we içilýän zatlar baradadyr, emma Müsür donuna degişli däldir» diýipdir.

* * *

Kagbul Ahbar şeýle diýipdir: «Allanyň pygamberine inderen kitaplarynda okadym: «Sowgat kazynyň gözüni çykarýandyr».

* * *

«Para almak ýolsuzlyga ýol açar».

* * *

Mesruk bir adama bir işde kömek berip, şepagat edipdir. Ol hem oňa bir gyrnak bermekçi bolupdyr. Onda ol muňa gaharlanyp:

— Eger seniň küýüňde şeýle pikiriň bardygyny bilen bolsadym, bu barada hiç gürlemezdim, indi hiç haçan galan zatlar üçin gürlemerin. Men Ibn Mesgudyň şeýle diýendigini eşitdim: «Kim birine şepagat edip hakyny alyp berse ýa-da zulmy giderse, ol hem oňa sowgat berse, ol hem ony alsa bikanundyr» — diýipdir.

Onda oňa:

— Biz diňe emin bolandygymyz üçin alýarys — diýipdirler.

Onda ol:

— Eminlik üçin almak küpürdir — diýipdir.

* * *

Şakyk Balhy[1] aýalyna şeýle diýipdir: «Eý, Bereket, dostlarym nämedir bir zat getirseler al, emma Ýahýa bir zat getirse, ony alma».

Ýahýanyň ogly kazy eken.

* * *

Ybraýym Edhem özüne bir zat berilse, ony yzyna gaýtarmaz eken. Onuň deregine edil şonuň ýaly zat berer eken. Eger hiç zat tapmasa, donuny geýdirer eken.

[1] Şakyk ibn Ybraýym ibn Aly Ezdi Balhy – sopy. Horasandaky meşhur sopylardan we Horasanda ilkinji bolup sopuçylyk barada gürrüň gozgan adam. 194-nji hijri ýylynda Mawerannahrda Kulan söweşinde şehit bolupdyr.

* * *

Hezreti Omar (goý, Alla ondan razy bolsun!) şeýle diýipdir: «Ýehudylar we hristianlar bilen dost bolmaň, sebäbi olar para alýarlar. Allanyň dinlerinde para almak halal däldir».

Muny eşiden Reşidi: «Häzirki döwürde biz musulmanlar olardan hem köp para alýarys» diýipdir.

* * *

Abu Idris Huwlany gürrüň beripdir: «Musa alaýhyssalam bir gezek Allatagala mynajat edip:

— Eý, Rebbim! Seniň mukaddes goşunyňda kimler ýaşar!? – diýipdir.

Onda Alla:

— Gözleri bilen zyna etmeýänler, mallaryny süýthorluga goýmaýanlar we Allanyň kanuny üçin para almaýanlar — diýipdir.

* * *

Aly ibn Isa ibn Mahan Horasandan halypa Harun Reşidiň ýanyna gelipdir. Ondan emeldarlary bilen sowgatlara seretmek üçin meýdana çykmagyny isläpdir. Ol hem meýdanyň arassalanmagyny we reýhan ýaly ösümlikler bilen düşelmegini isläpdir. Ol bir tarapyna dört müň sany türkmen esgerini düzüpdir. Olaryň uzyn lybaslary we kümüş çaýylan guşaklary bar eken. Her haýsynyň kellesinde matasyndan bolan selle bar eken. Beýleki tarapynda dört müň saýlama türkmen aýaly bar eken. Eşikleri hem ýüpekden bolup, guşaklary hem altyn çaýylan eken.

Soň meýdanyň ortasynda bir düşek ýazypdyr, onuň üstüne goýlan sowgatlardan ýaňa uly bir dag emele gelipdir.

* * *

Halypa Mugawyýa Abu Eswet Duwelä içi halwaly bir sowgat beripdir. Onda Duweliniň gyzy:

— Kaka, muny kim berdi? — diýip sorapdyr.

Onda Duweli:

— Mugawyýa berdi. Bizi dinimizde ýalňyşdyrmak isleýär — diýipdir. Onda gyzy şeýle diýipdir:

Zagpyran balyna, eý, Harp ogly,
Saňa abraýymyzy we dinimizi satarysmy?
Alla gorasyn, hojaýynymyz möminleriň emiri şeýle iş edýän bolsa,
Beýlekiler nähili bolar?

* * *

Ýokaradaky wakany Agşa hem gören eken. Hasan ibn Ammara onuň: «Zalymyň dosty zalymdyr» diýendigini eşidipdir.

Mugawyýa aşga bir gezek Agşa hem sowgat beripdir. Agşa hem soň ony wasp edip:

— Biziň hak-hukugymyzy bilýäni bize dost eden Alla öwgi bolsun — diýipdir.

Onda Hasan oňa:

— Sen ony tankytlaýardyň, oňa zalym diýýärdiň, indi bolsa ony öwýärsiň — diýipdirler.

Onda Agşa:

— Haýseme maňa Abdylladan şeýle hadys gürrüň berdi. Resulalla şeýle diýipdir: «Kalplary onuň özünden hem has belent söýgi bilen we oňa has hem beter ýigrenç bilen özüňize çekiň» — diýipdir.

* * *

Katada[1] nal sowgat beripdirler. Onda ol: «Ynsan akyly sowgadynyň gymmatyna görä ölçenýär» diýipdir.

* * *

Abdylmälik ibn Merwan şeýle diýipdir: — Üç zat eýesiniň akylynyň mukdaryny görkezýär.

1. Kitap — ýazanyň akylynyň mukdaryny aňladýar;
2. Ilçi – ibereniň akylynyň mukdaryny aňladýar;
3. Sowgat – sowgady ibereniň akylynyň mukdaryny aňladýar.

* * *

Aýdypdyrlar: «Hökümdarlara sowgat beriň, sebäbi olar kabul etseler, halky gowy görerler».

* * *

Jahylyýet döwründe Damra ibn Damra Nehjeliden başga hiç bir kazy para almaz eken. Onuň ýanyna Ybadat ibn Enf Kelp Seýdawy bilen Magbat ibn Nedle Fekgasy tersleşip gelipdirler. Ybadat oňa ýüz düýe para beripdir. Ol hem Magbady günäkär hasaplapdyr.

* * *

Asmagy şeýle diýipdir: «Men çölde bir obanyň adamlarynyň arasynda adalatly kazy bolup oturan akylly, dana ýaşulyny gördüm. Ondan:

---

[1] Katada ibn Dagama ibn Katada ibn Uzeýz Abul Hattap Sudusy Basry – tefsir we hadys alymy. Aýdylyşyna görä, ol Basranyň iň uly hadys alymy bolupdyr. Hadys, dil, araplaryň geçmiş taryhy we nesep ylmy boýunça uly alym bolupdyr. 61-nji hijri ýylynda dünýä inip, 119-njy hijri ýylynda hem Wasytda wepat bolupdyr.

— Eý, çarwa arap, sen yslam hukugyny bilýärsiňmi? — diýip soradym.

Ol:

— Ýok — diýdi.

Men ondan:

— Onda nädip dogry çözýärsiň? — diýdim.

Onda ol:

— Haýra niýet edýärin we gelen netijämi aýdýaryn, Alla hem üstünlik nesibesini berýär — diýdi.

Men oňa:

— Taraplaryň biri çykaran netijäňe garşy bolmazmy? — diýdim.

Ol:

— Eger üstünlik nesip etmese — diýdi.

* * *

Hasan Basry şeýle diýipdir: «Beni Ysraýylda bir kazy bar eken. Eger iki garşydaş onuň ýanyna gelse, olaryň biri ýeňine para salyp ýokary galdyrar eken we puly oňa görkezer eken. Kazy hem diňe onuň sözüni diňlär eken. Allatagala bu barada şeýle diýipdir: «Ýalançyny diňleýänler we bikanun iýýänler».

* * *

Süleýman ibn Abdylmälik Medinä gelipdir. Haryja ibn Zeýt ibn Sabyt oňa müň salkym banan, müň gap ak bal, müň goýun, müň towuk, müň goç we müň düýe sowgat beripdir. Süleýman oňa:

— Eý, Haryja, sen özüňe uly zyýan berdiň — diýipdir.

Onda ol:

— Eý, möminleriň emiri, sen Resulallanyň şäherine geldiň, meniň garyndaşym Mälik ibn Nejjaryň öýüne geldiň.

Sen myhmansyň. Bu bolsa myhmana hormat goýmakdyr — diýipdir.

Onda Süleýman:

— Siziň atalaryzyň häkim wagty hem şeýledi — diýipdir. Soň bolsa onuň bergisi barada sorapdyr we onuň hem ýigrimi bäş müň dinardygyny aýdypdyr. Ol hem oňa on bäş müň dinar beripdir.

* * *

Hezreti Osman (goý, Alla ondan razy bolsun!) Hezreti Äşä sowgat beripdir. Resulalla Äşä:

— Ondan aýallara-da iber — diýipdir.

Onda Äşe:

— Mende hiç zat ýok, men olaryň hemmesini sowgat berdim — diýipdir.

Onda Resulalla:

— Eý, Allam! Osmanyň haky üçin ony unutma! — diýipdir.

* * *

Mugawyýa bir gezek Sagyt ibn Asa nowruz gününde köp lybas, altyn we kümüşden gap-çanak sowgat iberipdir. Ol ony getiren ilçä: «Sen ondan özüňe näme gerek bolsa göterip bilseň al» diýipdir. Soň ol galanlaryny dost-ýarlaryna paýlapdyr. Özüne bolsa diňe ýekeje don alyp galypdyr.

* * *

Nafyg bu rowaýaty ibn Omardan gürrüň beripdir: «Oňa saýlama sowgatlar getirilýärdi. Ol hem ony alýardy».

* * *

Rum hökümdary Halypa Mamuna sowgat iberipdir.

Mamun hem:

— Yslamyň yzzatyny we Allanyň bize beren nygmatyny bildirmek üçin oňa onuň iberen zatlarynyň ýüz essesini iberiň — diýipdir. Soň bolsa ol:

— Olaryň iň gowy görýän zatlary näme? — diýip sorapdyr.

Onda olar:

— Müşk we samyr derisi — diýipdirler.

Mamun:

— Sowgatda olardan näçesi bar? — diýip sorapdyr.

Onda olar:

— Iki ýüz rytl[1] müşk we iki ýüz deri — diýdiler. Onda Mamun olaryň has hem köpeldilmegini isläpdir.

[1] Rytl – 470-500 gram aralygyna deň bolan ölçeg birligi.

# TOGSAN BIRINJI BAP

## UMYTSYZLYK, KANAGAT, ALLANYŇ RYSGALYNA RAZY BOLMAK, ALLA DAÝANMAK, OŇA BIL BAGLAMAK WE TAMAKINÇILIKDEN DAŞ DURMAK HAKYNDA

Pygamber alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Kanagat tükeniksiz baýlykdyr».

*** * ***

Agmeş bu rowaýaty Abu Waýyldan gürrüň beripdir: «Men dostum bilen Selman Parsynyň ýanyna gitdim. Biz onuň ýanynda otyrdyk. Ol bize:

— Eger Resulalla bize ýasama işi gadagan etmedik bolsady, size ýasama hyzmat ederdim — diýdi.

Soň bolsa çörek bilen ýönekeý, duz getirdi. Ýanymdaky dostum:

— Eger duzuň ýany bilen ýabany käkilik oty hem bolaýsa — diýdi. Selman hem kündügini girewine goýup ol oty getirdi. Biz ony iýip bolanymyzdan soň dostum:

— Bizi rysgalymyz bilen kanagatly eden Alla öwgi bolsun — diýdi.

Selman hem:

— Eger sen Allanyň rysgalyna kanagatly bolýan bolsaň, meniň kündügim girewine goýulmazdy — diýipdir.

* * *

Lukman Hekim şeýle diýipdir: «Yzzat-hormat hökmünde kanagat, nygmat hökmünde jan saglyk ýeter».

* * *

Isa alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Öýleri jaý, metjitleri mesgen hasaplaň. Ýerden gögerýän otlardan iýiň. Arassa suwlardan içiň. Bu dünýäden sag-salamat aýrylyň».

* * *

Abbat ibn Mansur şeýle diýipdir: «Basrada Amr ibn Ubeýtden hem has ýiti alym we has dilewar kişi bardy. Ýöne ol dirhemine we dinaryna has gysgançdy. Ol basralylaryň ýolbaşçysydy».

* * *

Ibn Sirin bazarda satylýan zatlaryň iň arzany barada sorapdyr.

— Külke balyk — diýipdirler.

Onda ol:

— Maňa ondan gowruň — diýipdir.

* * *

Wehp ibn Münebbih şeýle diýipdir: «Bir gezek ýalňyz galyp, umytsyzlyga düşüpdim. Düýşümde biri geldi, elinde bolsa badam maňzyna meňzeş bir zat bardy. Ol maňa: «Arasyny aç» diýdi. Men hem onuň arasyny açyp görsem, ol ýerde üç setir hat ýazylgy eken: «Kimiň hemme işleriň Alladandygyna akly çatýan bolsa we Allanyň adalatyny bilýän

bolsa, rysgym haçan gelerkä diýip, Alladan garaşmaly däldir». Soň ol ony maňa berdi we meniň rysgym köpeldi».

* * *

Hasan Basrydan:

— Abu Zeriň «Garyplyk meniň üçin baýlykdan has gowudyr. Syrkaw bolmagym hem saglykdan has gowudyr» diýmeginiň sebäbi näme? – diýip sorapdyrlar.

Onda ol:

— Alla Abu Zere rehmet etsin. Emma men şeýle diýýärin: «Kim Alladan gelen zatlaryň gowusyny saýlap şoňa daýansa, Alla oňa şol saýlan halyndan başga zady haýyr hasaplamaz» — diýipdir.

* * *

Omary şeýle diýipdir: «Siz Alladan gaýry zatlara ýöneldiňiz, hiç zat ýitirmediňiz. Emma Alla ýönelseňiz, ýitirmekden gorkýarsyňyz».

* * *

Alla özüniň pygamberlerine iberen kitaplarynyň birinde şeýle diýipdir: «Eý, Adam ogly! Sen maňa tagat etmekde egsik bolanyň üçin seniň janyňy almagymdan we maňa günäkär bolup semremegiňden gorkmaýarsyňmy?».

* * *

Abu Hazymdan:

— Seniň näçe malyň bar? – diýip sorapdyrlar.

Ol:

— Meniň iki sany malym bar. Men olar bilen garyp düşerin diýip gorkmaýaryn. Alla bil baglamaklyk, ynsanlaryň elindäki zatlara umyt etmezlikdir — diýipdir.

* * *

Şeýle hem bulardan başga iki zadyň garyplyk getirmejekdigi aýdylypdyr: «Alladan gelene razylyk, ynsanlardan gelene baýlyk hasaplamak».

* * *

Omary şeýle diýipdir: «Eý, adam ogly! Guş bolelin iýip-içmeýär. Ertirki güni üçin hiç zat toplamaýar. Sen bolsa bolelin iýip-içýärsiň, ertiriň üçin zat ýygnaýarsyň. Guşuň Alla baradaky düşünjesi gör nähili oňat, seniň Alla baradaky düşünjäň bolsa gör nähili erbet».

* * *

Omar ibn Abdyleziz bir gezek tä, ajygýança Meslemä nahar bermändir. Soň oňa çeşme suwuny beripdir. Onuň garny çişip başlanda ony nahara çagyrypdyr. Ol iýmäge ýaramandyr. Omar oňa:

— Eý, Mesleme! Seniň dünýäde görýän zatlaryň saňa ybraý-görelde almaga ýetmeýärmi? — diýipdir.

Ol:

— Hawa, ýetýär— diýipdir.

Omar oňa:

— Jähennemdäki ýagdaýyň nähili bolýandygyna göz ýetirdiňmi? — diýipdir.

* * *

Abdylwahyt ibn Zeýt şeýle diýipdir: «Amallardan we sabyrdan üstün zat razyçylykdyr. Razyçylykdan has ýokary Alla bolan muhabbetiň gözbaşyndan başga hiç hili derejäni bilmeýärin».

* * *

Ibn Şeberme dosty Muhammet ibn Taryk barada şeýle diýipdir: «Eger kimdir biri gum bilen oňsa-dy, ol hem oňardy».

* * *

Allatagala Musa alaýhyssalama wahyý edip şeýle diýipdir: «Meniň rysgalymdan närazy bolýanlara aýt! Meniň size gaharym gelýär, bu dünýä siziň hyzmatyňyz üçin aýagyňyzyň aşagyna düşeldi ahyry».

* * *

Rabyga bir gezek Sufýan Söwrä:

— Sen Allanyň özüňe gazaplanandygyny bildiňmi? – diýipdir.

Onda ol:

— Bilemok — diýdi.

Rabyga:

— Muny senden başga kim has gowy biler? Seret, eger sen ondan razy bolsaň, ol senden razydyr — diýipdir.

Onda Sufýan:

— Bende haçan Rebbinden razy bolar? — diýipdir.

Onda ol:

— Haçanda ondan nygmat gelende begenişi ýaly, gynanç gelende hem begense — diýipdir.

* * *

Abdylla ibn Merzuk Halypa Mätiniň dostlaryndan bolupdyr. Ol bir gün serhoş bolupdyr we namazlaryny geçiripdir. Onuň aýaly hem eline bir köz alyp onuň aýagynyň üstüne goýupdyr. Ol onuň gyzgynyny duýup başlapdyr we gorkup turupdyr. Aýaly oňa:

— Sen dünýä oduna çydamaýarsyň, ahyret oduna nähili çydajaksyň? — diýipdir. Ol hem turup namazlarynyň kazasyny okapdyr, ýanyndaky zatlary sadaka beripdir we gök otlary satmaga gidipdir.

Soň günlerde bir gün Fuzaýl ibn Yýaz bilen Ibn Uýeýne onuň ýanyna gelipdir. Görse, onuň kellesiniň aşagynda bir kerpiç bar eken. Onuň gapdalynda bolsa ýene bir zat bar eken. Olar:

— Eger kimdir biri nämedir bir zadyny terk etse, Alla onuň ýerine hökman bir zat berýändir. Seniň terk eden zadyň deregine näme berildi? — diýipdir.

Onda ol:

— Meniň şu kellämiň aşagyndaky zada razyçylygymy berdi — diýipdir.

* * *

Ybraýym Teými şeýle diýipdir: «Kakam Basradan dört müň dirheme birnäçe gul satyn aldy. Olar bize öý gurup berdiler. Soň kakam olary dört müň dirhem peýda bilen satdy. Men oňa:

— Ýene-de Basra gidip şular ýaly gullary satyn alsaň we peýda gazansaň — diýdim.

Onda ol maňa:

— Eý, oglum, men maksadyma ýetenimden bäri muny halamaýaryn. Nebsim indi beýle işleri halamaýar — diýdi.

* * *

Dawut Taýy agyr kynçylyga duçar bolupdyr. Onuň ýanyna Hammat ibn Abu Hanypa kakasyndan galan dört ýüz dirhem bilen gelip, ony oňa bermekçi bolupdyr. Emma Dawut Taýy: «Bu pul takwaçylykda, dindarlykda we halal gazançda öňüne hiç kimiň geçip bilmedik adamynyň maly. Eger men

birinden nämedir bir zat almaly bolsam ölülere hormat we dirilere sylag hökmünde ondan alardym. Ýöne men kanagat yzzatynda ýaşamagy has gowy görýärin» diýip, ol puly almandyr.

* * *

Sufýan Söwri şeýle diýipdir: «Kim elini başga biriniň gazanyna soksa, ol oňa zelillik getirer».

* * *

Ýene-de ol şeýle diýipdir: «Biz gelen belany nygmat, asudalygy gynanç hasaplamaýanlary alym hasaplamaýarys».

* * *

Fuzaýl şeýle diýipdir: «Asyl takwa Alladan gelen zatlara razyçylykdyr. Sen onuň bendesine, göýä rehimli enäniň çagasyna edýän işleri ýaly işlerini görmeýärsiňmi? Käwagt ony sabyr bilen, käwagt hem süýji zat bilen tagam berýär. Ol munuň bilen oňa gowulyk etmek isleýär».

* * *

Ýene-de ol şeýle diýipdir: «Kim Allanyň berenine razy bolsa, Alla oňa bereket berer we onuň işlerini asan eder. Kim Allanyň berenine razy bolmasa, Alla oňa bereket bermez we onuň işleri müşgil bolar».

* * *

Töwratda şeýle ýazylypdyr: «Eý, Adam ogly! Saňa emr eden işlerimde maňa boýun bol. Saňa nämäniň gowudygyny menden gowy bilmersiň».

* * *

Ybraýym Edhem Horasanda nygmat berlenleriň biridi. Günlerde bir gün ol köşgüniň depesine çykyp otyrka, köşgüniň kölegesinde oturan bir adama gözi düşüpdir. Onuň burny ganap duran eken, özi hem zat iýip oturan. Soň ol suw içipdir we uklapdyr. Ybraýym Edhem öz-özüne: «Men bu dünýäde näme iş edýärin, nebsim hem görüp oturan zatlaryma razy bolýar?» diýipdir we Allanyň gözleginde sergezdan bolup, ýola rowana bolupdyr.

Ol aýlanyp ýörkä, öňünden bir adam çykyp:

— Men seniň hyzmatkäriň, meni seniň doganyň iberdi. Meniň ýanymda on müň dinar, hyzmatkärler we gurluşykçylar bar — diýipdir.

Onda ol:

— Eger sen dogry aýdýan bolsaň men seni azat etdim, ýanyňdakylar hem seniňki bolsun. Sen bu ýerden git ýöne hiç kime aýtma — diýipdir.

* * *

Kim harsydünýäligini kanagata satsa, baýlyk gazanar.

* * *

Ruweýn Bagdady şeýle diýipdir: «Sabyr — şikaýatlary terk etmekdir. Razyçylyk — belalardan lezzet almakdyr».

* * *

Muhasyby şeýle diýipdir: «Kim Allanyň bereninden başga zat bilen baýasa, ol Allanyň ýazgydyny bilmeýän kişidir».

* * *

Isa alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Gyşda güneş meniň ojagymdyr. Aýyň nury meniň ýagtylygymdyr. Ýer ýüzüniň otlary meniň miwelerimdir, goýnuň derisi meniň lybasymdyr. Meniň öler ýaly perzendim ýok, ýykylar ýaly öýüm ýok. Men dünýäni ýüzin ýere ýykdym».

* * *

Jabyr Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Rysgalyňyzdan endişe etmäň. Sebäbi her bir ynsan özüne berlen rysgaly almazdan dünýäden ötmez. Halaly alyp, haramy terk etmek bilen gowy ýollardan ýöräň».

* * *

Ibn Omar Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Hiç kim başga birinden rysgal meselesinde parasatly däldir. Ynsana diňe nesibi we wagty, ýaşaýşy we iş bölünşigi ýazylandyr. Ynsanlar bularyň ikisiniň hem soňuna ýetmek isleýärler».

* * *

Isa alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Sen asmandaky guşa seret. Ol eýläk-beýläk, çar ýana uçup ýör. Onuň ýanynda azykdan hiç zat ýok. Ol hiç zat ekenogam, oranogam, emma Alla oňa rysgalyny berýär. Eger siz, biziň garnymyz guşuňkydan has uly diýýän bolsaňyz, ýabany sygyrlar we eşekler hem hiç zat ekenogam, oranogam. Alla olara hem rysgalyny berýär».

* * *

Hezreti Omar (goý, Alla ondan razy bolsun!) şeýle diýipdir: «Biliň, tamakinçilik garyplykdyr, umytsyzlyk

baýlykdyr. Ýagny, eger ynsan bir zatdan umytsyz bolsa, oňa mätäç bolmaýar».

* * *

Abdylla ibn Omar Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Kim yslamy kabul eden bolsa, halas bolandyr. Alla oňa ýeterlik derejede rysgal berer, oňa öz beren zatlary bilen kanagat güýjüni berer».

* * *

Mälik ibn Dinar şeýle diýipdir: «Allatagala Isa ibn Merýemi iberende, ol dünýäni ýere ýüzin ýykdy, soň ynsanlar ony ýene galdyrdylar. Allatagala Muhammet alaýhyssalamy iberensoň, ol hem dünýäni ýere ýüzin ýykdy. Soň biz ony ýene galdyrdyk. Ondan näme gazandyk?».

* * *

Süleýman alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Biz durmuşyň ýeňilligini-de, kynçylygyny-da barlap gördük. Onuň iň pes bolanynyň hem bize ýeterlikdigini gördük».

* * *

Omar ibn Abdyleziz iki danyga[1] üzüm satyn alypdyr we ony aýaly Patma binti Abdylmälik ibn Merwan ikisi iýipdirler. Ol aýalyna: «Eý, Patma! Seniň garyndaşlaryň gelerler, olaryň içinde atly-abraýlylary bardyr. Olar bize gelse, diňe şu iki danyga alyp iýen zadymyzdan başga zat tapyp bilmezler» diýipdir.

---

[1] Danik – 0,495 grama deň bolan pul birligi.

* * *

Lukman Hekim şeýle diýipdir: «Eý, oglum, ähli pikiriň seniň üçin ýaradylan zatlara bolsun, saňa ýetýän zatlar üçin bolmasyn».

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Sen has anyk bolan ylmy öwren, ýogsam maksatlaryňa ýetmersiň we ömrüňe duşman bolarsyň. Çünki sen senden öňküleriň ýolundasyň. Islegleriňi hakyky we gazanjyňy halal et. Çünki birnäçe islegler söweşe alyp barýandyr. Her bir isleýjä rysgal berilýän däldir. Her bir gowyny isleýji hem mahrum däldir».

* * *

Ýene-de ol şeýle diýipdir: «Umytsyzlyk tamakinçilik heläk bolanda dörär».

* * *

Harun Reşit pyýada haja gidipdir. Ýöremek onuň ysgynyny alypdyr. Ol bir diwaryň kölegesine arkasyny berip ýatypdyr. Onuň bu halyny gören bir kişi şeýle diýen:

Kölegesi peýda synla diwary,
Bu pursatda näme etjek dünýäni?!

* * *

Hasan Basry şeýle diýipdir: «Selmanyň elli müň dirhemi bar eken. Ol olary sadaka beripdir. Ol otuz ýyl töweregi musulmanlara emir bolupdyr. Ol aba diýilýän donda gezip, hutba aýdar eken. Şonuň üstünde ýatyp, şony hem geýýär eken.

Bir gün onsuny hem sadaka beripdir. Şondan soň şeýle bir garyp düşüpdir welin, iýere zat hem tapmandyr».

* * *

Jebraýyl perişde Resulallanyň ýanyna dünýä hazynasynyň ählisini kül reňkli gatyryň üstünde getiripdir we oňa:

— Bu dünýä, al, Allanyň ýanynda seniň derejäň ýekeje hem azalmaz — diýipdir.

Onda Resulalla:

— Eý, gardaşym, Jebraýyl! Meniň oňa hajatym ýok — diýipdir.

* * *

Bir adam howlusynyň içinden bir hat tapypdyr. Onda: «Eý, Adam ogly! Sen işleriňi ulaldyp we ajalyňdan gaçyp bilmersiň. Sen rysgalyňy hökman alarsyň we saňa berilmedik rysgaly alyp bilmersiň. Näme üçin öz janyňy gynaýarsyň?» diýlip ýazylan eken.

* * *

Abyt takwa bir adam ogullaryna şeýle wesýet beripdir: «Asmandaky serçelere rysgalyny ýetirýän Alla, siziň hem rysgalyňyzy berer».

* * *

Guşlar eýläk-beýläk uçýarlar. Olar her uçuşlarynda özleri üçin hökman berilmeli bir rysgalyň bardygyna ynanýarlar. Nebsim gudrat elinde bolan Alladan ant içýärin, eger siz şol guşlaryňky ýaly yhlas etseňiz, garnyňyz dok bolar.

* * *

Musa alaýhyssalama:

— Sen meniň akmaklara näme üçin rysgal berýändigimi bilýärsiňmi? – diýip, wahy gelipdir.

Onda Musa alaýhyssalam:

— Ýok, eý, Rebbim! — diýipdir.

Onda Allatagala:

— Rysgalyň aldaw-hile bilen alynmaýandygyny bilmekleri üçin şeýdýärin — diýipdir.

* * *

Wehp ibn Münebbih Allatagalanyň Gurhandaky «Biz oňa ýagşy durmuşy hökman bereris»[1] diýen aýaty barada soralanda: «Ol kanagatdyr» diýip jogap beripdir.

* * *

Allatagala Ýusup alaýhyssalama: «Ýere seret!» diýipdir. Şol wagt ýer ýarylypdyr. Görse, bir daşyň içinde kiçijik bir jandar bar eken, ýanynda hem iýmit bar. Ol Ýusup alaýhyssalama garap: «Görýärsiňmi, men rysgalymdan gapyl bolmaýaryn we seni hem tanaýaryn. Sen pygamberiň oglusyň...» diýipdir.

* * *

Isa alaýhyssalam hawarylaryna[2]:

— Siz şalardan hem baýsyňyz — diýipdir.

Olar:

— Ol nähili bolýar? — diýip sorapdyrlar.

Ol:

— Sebäbi siz hiç zat islemeýärsiňiz, olar bolsa ähli zady isleýärler — diýipdir.

---

[1] Gurhanyň « Nahl » süresiniň 97-nji aýaty.

[2] Hawary – egindeş, apostollar.

* * *

Rahypdan:

— Nireden iýmitlenýärsiň? – diýip sorapdyrlar.

Ol hem agzyny görkezip:

— Bu degirmeni kim guran bolsa, onuň ununy hem ýetirer — diýipdir.

* * *

Agla ibn Zyýat Hezreti Ala:

— Eý, möminleriň emiri, men saňa doganym Asymdan şikaýat edýärin. Ol aba geýip, dünýäni terk etdi — diýipdir.

Hezreti Aly hem onuň ýanyna getirilmegini emr edipdir we oňa:

— Eý, nebsiniň duşmany, sen näme üçin erbetliklere bulaşypsyň, näme üçin maşgalaňa we çagalaryňa rehim etmeýärsiň? Alla saňa gowy zatlary halal edip goýupdyr. Näme ol seniň olary almagyňy halamaz öýdýärmiň? Sen olardan Alla üçin has ähmiýetsizsiň — diýipdir.

Onda ol:

— Eý, möminleriň emiri, bu ýagdaý seniň lybasyň köneliginde we iýmitiň ýetmezçiliginde hem bar! — diýipdir.

Onda Hezreti Aly:

— Haýyp, seniň halyňa! Men seniň ýaly däldirin. Allatagala garyplaryň garyplyklaryny satmazlyklary üçin, adalatly ýolbaşçylara ynsanlaryň horluklaryna we özleriniň janlaryna döz gelmegi parz etdi — diýipdir.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Eger sen Allanyň nygmatlaryny ulanjak däl diýýän bolsaň, ýerine ýetir. Çünki, sen öz paýyňy bilýärsiň we

nesibäňi alýarsyň. Alladan gelen az hem bolsa, başga ýerden gelen köpden has bereketlidir we beýikdir. Umytsyzlygyň ajysy ynsanlardan talap etmekden haýyrlydyr».

* * *

Dawut Taýa kakasyndan bir öý we birnäçe dinarlar miras galypdyr. Ol haçanda öýüň bir otagy harap bolanda, beýleki otaga geçer eken, öňküni hem bejermez eken. Şeýdip, ol dinarlaryň iň soňkusy özüne kepen puly bolýança harçlapdyr we şondan iýip-içipdir».

* * *

Hökümdar bir gezek Sokratyň meýdanda, günüň aşagynda öz nebsine garşy gidip ýatandygyny görüp, onuň ýanyna baryp:

— Näme hajatyň bar — diýipdir.

Onda ol:

— Meniň islegim, meniň üstümden kölegäňi aýyrmagyň, ol güneşiň şöhlesiniň öňüne geçýär — diýipdir. Patyşa onuň üçin altyn, kümüş bilen bezelen ýüpekden lybas getirmegi buýurypdyr.

Sokrat:

— Sokrat dünýäniň daşyna, owadan agaçlara we gurduň derisine mätäç däl. Onuň isleýän zady onuň şu wagtky ýagdaýydyr — diýipdir.

* * *

Magruf ymamyň yzynda namaz okapdyr. Haçanda namaz okap gapydan çykjak bolanda, ymam ondan:

— Sen nirede iýip-içdiň? — diýip sorapdyr.

Onda ol:

— Garaş, men häzir seniň yzyňda okan namazymy täzeden okaýyn — diýipdir.

Ymam ondan:

— Näme üçin? — diýip sorady.

Onda ol:

— Sebäbi kim rysgala şek ýetirse, Halygyna şek ýetirdigidir — diýipdir.

* * *

Abu Salyh şeýle diýipdir: «Men Abu Zeýdiň hadysyny aýtdym: «Allatagala ynsanlaryň diňe watany üçin eden kasamlaryndan razy bolar».

* * *

Şahyr şeýle diýipdir:

Her bir adam öz ýanyndan,
Has hormatly — aýalyndan.

* * *

Hezreti Alydan:

— Eger bir adamy bir öýüň içine salyp, gapysynyň daşyndan bekläp goýsaň, onuň rysgaly nireden geler? — diýip soradylar.

Onda ol:

— Ajaly nireden gelýän bolsa, şondan geler — diýipdir.

* * *

Feth Mosuly garaňky düşensoň öýüne maşgalasynyň ýanyna gelipdir we olaryň ýanynda agşam iýerlik hiç zat görmändir. Olar yşksyz oturan eken. Ol şol gijäni begenjinden

aglap: «Haýsy iş sebäpli maňa beýle hormat edildikä? Meniň ýalylar näme zat sebäpli bu hili sylagly ýagdaýlara düşdükä?» diýip geçiripdir.

* * *

Umytsyzlyk ýüze çykýandyr, arzuw-isleg taşlanyp gidilen ýer ýalydyr.

* * *

Men rysgaly bolup biläýjek ýerlerden gözledim, emma günlerde bir gün rysgalymyň özi geldi.

* * *

Omar ibn Abdyleziz hutbada şeýle diýipdir: «Eý, ynsanlar! Kişiniň rysgaly eger daglaryň üstünde bolsa-da, ýeriň astynda bolsa-da geler. Ony gözläň».

* * *

Zur-Riýaseteýn şeýle diýipdir: «Rysgalyňy gowy ýoldan gözle, saňa ýazgyt ýeter. Sen ejiz bolsaňam, ol saňa geler. Eger ol saňa ýazylmadyk bolsa, ony güýç bilen hem alyp bilmersiň».

* * *

Bir adam Resulallanyň ýanyna gelip:

— Maňa öwüt-nesihat ber — diýipdir.

Onda ol:

— Sen ynsanlaryň elindäki zatdan umydyňy üz. Tamakinçilikden daşda dur, sebäbi ol häzir bolup duran garyplykdyr — diýipdir.

* * *

Eger bazarda bir zat görseň, ony dostuňdan sorama, ýagny ony özüň satyn al, hiç kimden tamakin bolma.

* * *

Çarwa arap çölde bir düýä duş gelipdir. Ýanynda hem hiç kim ýok eken. Ol: «Eý, Rebbim, näme etseň edäý, sebäbi rysgal seniň boýnuňda» diýipdir we düýäni tutup, dessine ýykmak bilen bolupdyr we soýup iýipdir.

* * *

Bir gezek Rabyga:

— Biz gidip, seniň öýüňi oňaryp bermegi üçin, soltan bilen gepleşeli! – diýipdirler.

Ol:

— Walla, men dünýäni onuň öz hakyky eýesinden soramaga utanýaryn. Men nädip ony, onuň mülki bolmadyk kişiden soraýyn — diýipdir.

* * *

Çarwa arap düýesi bilen haja barýar eken. Oňa:

— Seniň azygyň nirede? — diýipdirler.

Onda ol:

— Meniň azygym, düýäniň göwsündäki süýt — diýipdir.

* * *

Pygamber alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Eger siz doly manyda Alla töwekgel edýän bolsaňyz, ol asmanda iki baka uçup ýören guşa rysgal berişi ýaly size hem hökman rysgal berer».

* * *

Halyt ibn Safwan şeýle diýipdir: «Hal taýdan daşky görnüşiň iň gowusy bolsun, mal taýdan içki görnüşiň iň az höwes edýäni bolsun. Çünki, kim mätäçlik çekýän dostuna jomart bolsa ol sahydyr. Kim bolelin ýaşap, tagamyny mätäçden gysgansa ol hakyky gysgançdyr».

* * *

Bir adam Halyt ibn Abdylla Kusrynyň ýanyna girip:

— Eý, Emir! Men seniň bilen umytsyzlygyň batyrgaýlygy bilen gürleşeýinmi ýa-da umyt sylag-hormaty bilenmi? — diýipdir.

Onda Halyt:

— Umyt sylagy bilen — diýipdir. Soň ony diňläpdir we oňa sylag-hormat goýup, işini ýerine ýetiripdir.

* * *

Ynsan dünýäde diňe oturlyşyk naharyna çagyrlan myhman ýaly bolmalydyr. Eger öňüne tabak gelse iýer, eger gelmese, getir diýip talap etmez.

* * *

Abu Niruz Eýran şalarynyň ogullaryndan eken. Ol heniz kiçi ýaşdaka yslama meýil edipdir. Ony Resulallanyň ýanyna getiripdirler. Ol elmydama onuň ýanynda bolar eken. Resulalla ýogalanda, ol Patmanyň we çagalarynyň ýanynda bolupdyr. Ol şeýle diýipdir:

— Bir gün meniň ýanyma Hezreti Aly geldi we maňa:

— Sende iýer ýaly näme bar? – diýdi. Men hem:

— Seniň üçin razy bolmajak tagamym bar. Ýagny kök bilen garyşdyrlan kädi bar — diýdim.

Ol hem:

— Ony getir — diýdi. Ol turup elini ýuwdy, soň ondan iýdi. Soň ýene turup ellerini gum bilen arassalady. Soň iki eli bilen suw içdi we maňa:

— Eý, Niruz, eliň aýasy gapdan hem has arassadyr — diýdi we ellerini ölläp garnyna goýdy. Soň şeýle diýdi:

— Kimiň garnyna ot, ýagny haram zat girse, Alla ondan uzaklaşar.

* * *

Zuhry bir ýalňyş iş edipdir we aýlanyp ýörkä, öňünden Aly ibn Hüseýin çykypdyr. Hüseýin oňa: «Eý, Zuhry! Seniň ähli zatdan giň bolan Allanyň rehmetinden umyt üzmegiň ýalňyşyňdan has uludyr» diýipdir.

# TOGSAN IKINJI BAP

## ATLAR, GATYRLAR, EŞEKLER, ÇAPYKSUWARLYK WE ŞUŇA MEŇZEŞLER HAKYNDA

Pygamber alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Siz baýtallary saklaň. Sebäbi olaryň üsti galadyr, içi hazynadyr».

* * *

Resulalla şeýle diýipdir: «Atyň maňlaýyndaky gyllaryny, boýnundaky ýallaryny we guýrugyndaky gyllaryny hem kesmäň. Çünki, guýrugy onuň üstüne gonýan siňek we beýleki zatlary kowýar. Ýaly bolsa ony gyzgyn saklaýan lybasydyr. Atyň maňlaýyna kyýamata çenli haýyr baglanandyr».

* * *

Jerir ibn Abdylla şeýle diýipdir: «Men Resulallany atyň maňlaýyndaky gyllary barmaklary bilen towlap durka gördüm. Ol şeýle diýýärdi: «Atyň maňlaýyna kyýamata çenli haýyr baglanandyr. Bu sogapdyr we oljadyr».

* * *

Resulalla Byrak[1] atly atyny wasp edip şeýle diýipdir: «Toýnaklary gözýetimiň soň çägine ýetýärdi».

---

[1] Rowaýata görä, Muhammet alaýhyssalam ol ata magraja çykanda minipdir.

* * *

Çarwa arap atynyň häsiýetini beýan edip, şeýle diýipdir: «Ondan näme islän bolsaň, ýerine ýetirýärdi, ondan näme islense amala aşyrýardy».

* * *

Emirleriň biri agasynyň ogluny Şama at satyn almak üçin iberipdir. Onda ol:

— Meniň atdan başym çykanok — diýipdir.

Emir oňa:

— Itde näme zady gowy görýän bolsaň, atdan hem şol zatlary gözle — diýipdir. Ol şeýle bir at bilen gelipdir welin, araplarda onuň ýaly at hiç ýokmuş.

* * *

Süleýman alaýhyssalama kakasyndan müň sany at miras galypdyr. Ol olaryň dokuz ýüz sanysyny halka paýlapdyr. Elinde ýüz sanysy galypdyr.

Günlerde bir gün Müsürden bir näçe adam onuň ýanyna gelipdir. Yzlaryna gaýtjak bolanlarynda, ondan ýurtlaryna barýançalar ýetjek möçberde azyk bermegini haýyş edipdirler. Ol hem olara bir at berip:

— Ine, bu siziň azygyňyz. Ol size her menzilde ýeter ýaly möçberde aw getirer — diýipdir.

Olar heniz bir menzil hem geçmänkäler, at olara bir aw getiripdir. Şeýdip, olara ýurtlaryna barýança olary isleýişleri ýaly aw bilen üpjün edipdir. Şonuň üçinem oňa «ulag azygy» diýip at beripdirler.

Ähli arap atlary hem şondan gelip çykypdyr.

* * *

Kesra Abruiziň aty bolan Şebzir öz döwründe iň owadan, iň ýyndam we uzyn boýunly at bolupdyr. Abruiz bu atyny gaty gowy görýär eken.

Günlerde bir gün bu at ölüpdir. Hiç kim ony Abruize aýdyp bilmändir. Ahyry aýdymçy Felhebezden bu habary oňa aýtmagyny haýyş edipdirler. Ol hem şeýle manydaky aýdyma hiňlenipdir:

— Şebzir çapanok, otlanok, uklanok...

Muny eşiden Abruiz:

— Diýmek, ol ölüpdir-dä? — diýipdir.

Felhebez:

— Men muny hökümdardan eşidýärin — diýipdir.

* * *

Aly ibn Hyşam bilen Şebip ibn Şebibe atly barýarkalar Aly ibn Hyşam onuň yzyndan ýetjek bolýarmyş, emma ýetip bilmeýärmiş. Şebip ibn Şebibe munuň sebäbini soranda, ol: «Men nädip ýeteýin. Men ýük ulagynyň üstünde otyryn. Eger men urmasam durýar, ursam ýer dyrmalap dur. Sen bolsaň ýyndam atyň üstünde otyrsyň. Urmasaň ýöreýär, ursaň uçýar» diýipdir. Ol hem oňa beýleki atyny beripdir.

* * *

Pygamber alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Atlar bilen gyzyklanyň, olaryň arkalaryny, aýaklaryny sypalaň».

* * *

Abu Hüreýra Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Siz ulaglaryňyzyň arkalaryny münber hökmünde tutmaň. Çünki Alla ony diňe ynsanyň janyny ýadadyp baryp bolýan uzak şäherlere ýetmek üçin siziň

hyzmatyňyza berdi. Ýeri hem siziň hyzmatyňyza berdi, özüňize gerekli işleri ýerine ýetiriň».

* * *

Ibn Syýaba bir gezek atyň üstünde oturan serkerde Mübärek Türkmeni görüpdir. Ol gaty daýaw eken we başy asmana ýetip duran. Ol şeýle diýen: «Eý, Rebbim! Bu bir eşek, onuň aty bar. Men ynsan, ýöne eşegim hem ýok» diýipdir.

* * *

Abu Muhallym öz-özüne şeýle diýipdir:

Gije-gündiz gezýär näme iş edip?
Oňat — üstün çykan ýigit olardan.
Ene-atasyndan tapmasa edep,
Gije-gündiz berer alyp oňarsaň.
Nije mertler tapmaz ýeke eşegem,
At münüp ýör eşekleriň nijesem.

* * *

At arassa suwy halamaýar. Şonuň üçin arassa suwy aýaklary bilen urmaýar. Emma bulanyk suw bolsa, begenjine aýaklary bilen suwy urýar. Sebäbi arassa suwda ol özüniň syratyny görýär we ürkýär. Emma bulançak suwda özüni görmeýär.

Düýe diňe çäge gatyşykly suwy gowy görýär. Öküz arassa suwy hapalaýar.

* * *

Abdyrahman ibn Apbas ibn Rabyga ibn Harys ibn Abdylmuttalyba «gatyr seýisi» diýer ekenler. Sebäbi ol

elmydama gatyra münüp gezýär eken. Safwan ibn Amr ibn Ehtem oňa:

— Sen bu gatyry näme etjek. Sen ondan araňy açyp bilmeýärsiň, gaçsaň gutulmaýarsyň? — diýipdir.

Onda ol:

— Ol atyň ulumsylygyndan we eşegiň pesliginden emele geldi. Işleriň iň haýyrlysy bolsa orta ýagdaýda bolýanydyr — diýipdir.

Onda Safwan oňa:

— Biz size öwredýäris, siz öwreneniňizden soň biz sizden öwrenýäris — diýipdir.

* * *

Ibn Siriniň iki gatyry bar eken. Birini özi ulanar eken, beýlekisini kireýine berer eken.

* * *

Bylkys özüniň Süleýman alaýhyssalama iberen sowgatlaryny gurşun reňkli gatyrlara ýükläp iberipdir.

* * *

Halypa Mamun aragatnaşyk habarçylarynyň işleýşini görmek üçin Temama şäherine ýola düşüpdir. Ol: «Men iým iýip duran bir gatyryň: «Ýer ýüzündäki ähli haýwanlaryň rysgalyny Alla berýändir» diýýändigini, başga bir gatyryň bolsa ýaşyl don geýen bir adama bir daňy otdur öýdüp üstüne topulandygyny, ony ysgap durandygyny gördüm. Başga bir gatyr bolsa şeýle diýip hiňlenýärdi:

Garnym aç geçirdim uzak gijäni,
Hödürlärler öýdüp tagamly jamy.

* * *

Tejribeli bir kişi şeýle diýipdir: «Ynsanlar bilen bile ýaşaýan haýwanlardan gatyrdan köp ýaşaýany ýokdur we serçeden hem az ýaşaýany ýokdur. Şonuň üçinem serçeler örän köpdür, gatyrlar bolsa örän azdyr. Şonuň üçin köp ýaşamaklyk esasan ruhbanlara (monahlar) we agtalara mahsusdyr».

* * *

Abu Hureýra şeýle diýipdir: «Resulalla baýtala «feres»[1] diýýärdi».

* * *

Atlar gysraklaryň ysyny bir menzilden alýarlar. Olar urnup we kişňäp başlaýarlar. Çeýnemegi goýýarlar, burunlaryny çişirip, aýaklary bilen ýeri urýarlar we kişňäp tozan turuzýarlar.

* * *

Abdylhamyt Kätip şeýle diýipdir: «Hiç wagt eşege münme. Eşek eger ýyndam bolsa, eliňi guradar, ýalta bolsa – aýagyňy».

* * *

Arap taýaplarynyň biri: «Eşek münmek namysdyr oňa diňe namyssyz müner» diýipdirler.

* * *

Dejjalyň[2] ulagyna ynsan münmez, ýagny eşek dejjalyň ulagydyr.

---

[1] Feres – arap dilinde baýtal diýmek.

[2] Kyýamatyň öň ýanynda dünýä geljek mahluk.

* * *

Musannyf şeýle diýipdir:

Eşegiň üstündäki oturan hem eşekdir,
Bu ikiniň iň erbedi münüjisidir şeksiz.

* * *

Musa alaýhyssalam Hydyr pygamberden:

— Sen haýsy haýwanlary söýýärsiň? — diýip sorapdyr. Onda Hydyr pygamber:

— At, eşek we gatyr. Sebäbi at iň uly pygamberleriň ulagydyr. Gatyr Hud, Salyh, Şugaýp we Muhammet alaýhymyssalamlaryň ulagydyr. Eşek Isa we Uzeýr pygamberiň ulagydyr. Men nädip Allanyň ölenden soň magşardan öňürti direlden haýwanyny söýmäýin — diýip jogap beripdir.[1]

* * *

Nuh alaýhyssalam gämisine ähli jandarlary mündüripdir. Diňe eşek galypdyr. Onuň gämä girmegine Iblis böwet bolupdyr, onuň guýrugyndan çekip, saklap duran eken. Nuh alaýhyssalam oňa:

— Eý, melgun gir — diýipdir. Eşek giripdir, onuň bilen Iblis hem gämä giripdir. Nuh alaýhyssalam gäminiň içinde Iblisi görüp:

— Sen nädip girdiň? — diýip sorapdyr.

Iblis:

— Sen özüň maňa emr etdiň — diýipdir.

[1] Rowaýata görä, Allatagala Uzeýr pygamberiň ölenine ýüz ýyl geçen bir eşegini direldipdir.

Nuh alaýhyssalam:

— Men haçan saňa emr etdim? — diýip sorapdyr.

Iblis:

— Haçanda sen: «Eý, melgun gir» diýeniňden soň men girdim, sebäbi menden başga melgun ýok — diýipdir.

* * *

Abu Seýýaranyň eşegi güýçlülikde we sagdynlykda nakyla öwrülip galypdyr. Ol gara eşek eken. Adamlar Mina bilen Müzdelife[1] arasynda kyrk ýyllap şol eşek bilen gatnapdyrlar.

* * *

Halyt ibn Safwan bilen Fazl ibn Isa Rakkaşy eşege münmäni gowy görýär ekenler. Olar Abu Seýýarany özlerine nusga we delil hökmünde saýlap alypdylar.

* * *

Kassaryň eşeginiň erbet häsiýeti üçin ol nusga bolup galypdyr. Aýdylypdyr: «Pylan gün göýä Kassaryň eşeginiň güni ýaly boldy. Ajyksa iýdi, suwsasa içdi».

* * *

Müsür eşegi ýaly bagtly eşek hiç bir ýurtda bolmandyr. Halypalar gezelenje çykanlarynda diňe Müsür eşegine müner ekenler. Halypa Mütewekkil Samarranyň minarasyna merisli eşegi bilen çykar eken. Meris hem müsür obalarynyň biridir. Minaranyň uzynlygy hem togsan dokuz zyragdyr.[2]

---

[1] Mekgäniň töweregindäki ýerleriň atlary.

[2] Zyrag – 68-70 sm deň bolan uzynlyk ölçegi.

* * *

Akyldar şeýle diýipdir: «Eşekden şükür etmegi we sabyrlylygy, itden wepalylygy, gargadan gizlin ýerde höwürtge edinmegi öwren».

* * *

Eşek ikindi wagtynda buşugan peşewini özüniň böwregindäki daşlara şypa üçin içýär. Şeýle hem bu onuň dişlerine dermandyr.

* * *

Omar ibn Abdyleziziň ýükçi aty bar eken. Ol onuň bilen odun ýygnap, suw getirip, ony müner eken.

* * *

Apbas ibn Muhammet ibn Aly atyny urupdyr. At ölüpdir. Bu barada: «Iň jomart adam iň ýyndam aty öldürdi» diýen gürrüň galypdyr.

* * *

Enes şeýle diýipdir: «Hezreti Omar bir gün eşege mündi we ol eşek silkindi. Hezreti Omar ýykyldy. Ol eşege: «Bu eşek hiç kime peýda bermez, ol diňe eýesini tezegine zyňýar» diýdi».



**Agşam çagynda.** *Ahat Nuwwaýewyň çeken suraty.*

# TOGSAN ÜÇÜNJI BAP

## DÜÝELER, SYGYRLAR, GOÝUNLAR WE ŞUŇA MEŇZEŞLER HAKYNDA

Abdylla ibn Japaryň aýtmagyna görä, bir gezek Resulalla ensarylardan[1] bir adamyň howlusyna giripdir. Görse, bir düýe bar eken. Düýe Resulallany görüp derdini paýlaşyp, gözünden ýaş akdyrypdyr. Resulalla onuň ýanyna gelip, onuň gözýaşlaryny süpüripdir we dymypdyr. Soň bolsa:

— Bu düýe kimiňki? — diýip sorapdyr.

Ensaryly bir ýaş ýigit gelip:

— Eý, Allanyň ilçisi meniňki — diýipdir.

Resulalla oňa:

— Allanyň seniň eýeçiligiňe beren bu janawary üçin gorkmaýarsyňmy? Ol maňa seniň ony aç saklaýandygyňy we bu meselede rehimsizdigiň barada arz-şikaýat edýär — diýipdir.

* * *

Sehl ibn Hanzalyýe şeýle diýipdir: «Resulalla bir düýäniň ýanyndan geçipdir. Ol düýäniň arkasy garnyna ýelmeşip gidipdir, özem örän arryk eken. Resulalla: «Siz şu janawarlary

---

[1] Ensarylar – medineli musulmanlar.

beýle hor saklapsyňyz, Alladan gorkuň. Onuň üstüne münýärsiňiz we etini hem iýýärsiňiz» diýipdir.

* * *

Allatagala düýäni hemmetaraplaýyn haýyrly ýaradypdyr. Göterende agyr zatlary göterýär, ýöränden uzak ýere gidýär, sagylanda süýdüni bol berýär, gurban edilse doýurýar.

* * *

Ragyl ibn Kelp bir gezek Hyşam ibn Abdylmälige düýe sowgat beripdir. Emma ol almandyr. Onda Ragyl: «Eý, möminleriň emiri! Sen meniň düýämi ret etdiň, indi ol muňa gynanyp öýkeläp, gaýgy-hasrat çekip, süýdüni hem azaldyp otyr» diýipdir.

Hyşam hem gülüp, ony kabul edipdir we oňa müň dirhem bermegi emr edipdir.

* * *

Pygamberimiz şeýle hadys rowaýat edipdir: «Goýunda bereket bardyr, düýede bolsa – görk».

* * *

Araplaryň temim tiresi oklary bilen, haman tiresi bolsa geçileri bilen magtanýar.

* * *

Abu Sagyt Hudry şeýle diýipdir: «Resulalla owadan şahly erkek goçy gurbanlyk edýärdi».

* * *

Goýun ýylda bir gezek guzlaýar. Özi hem ýeke-ýeke guzlaýar, ekiz az guzlaýar. Geçi ýylda iki gezek guzlaýar. Özi hem ekiz ýa-da üçem guzlaýar. Köpelme we bereket goýundadyr. Emma doňuz ýigrimi jojuk guzlasa-da bereketsiz jandardyr.

* * *

Eger kişini öwenlerinde goç ýaly, ýamanlarynda hem tekäň biri diýer ekenler.

* * *

Sagydyň goýny arryklykda nakyla öwrülipdir. Ol goýun hem Sagyt ibn Ahmediň Hamduna sowgat beren goýnudyr. Bu barada şeýle şygyr bar:

Ony öldüren mahalym şeýle boldy, düşünýäňmi —
Diýdi doganlarym maňa «Sen etsiz süňk bişirýäňmi?».

* * *

Munygyň goýny hem arryklykda nakyla öwrülipdir. Ol goýun Muhammet ibn Beşiriň goňşusynyň goýnudyr. Ol goýun

onuň öýüniň gapdalyndaky bossançylyga giripdir. Muhammet hem ony ähli erbetlikler bilen sögünip çykarypdyr.

* * *

Düýä «Abu Eýýup» diýýärler. Ýagny bu düýäniň lakamydyr. Sebäbi hem belalara sabyr edýänligi üçindir[1].

* * *

Abu Derdanyň «Denewi» atly bir düýesi bar eken. Eger ony ulanmak üçin sorap gelenlerinde: «Meniň düýäme kän ýük urmaň, onuň şeýle mukdary götermäge güýji ýetýär» diýer eken. Aýdanyny etmeseler: «Meniň düýäme ýük urmaň, onuň diňe şeýle mukdara güýji ýetýär» diýip, ýene gaýtalaýar eken. Emma şol diýenini etmedik adam ýene geläýse: «Onuň hiç zada güýji ýetmeýär» diýer eken.

---

[1] Eýýup alaýhyssalam sabyr etmekde nusga bolup galypdyr. Düýe janawer hem sabyrly bolansoň, oňa «Abu Eýýup» (Eýýubyň atasy) diýipdirler.

## TOGSAN DÖRDÜNJI BAP

## ÝYRTYJYLARDAN GORKMAK, OLARYŇ ÝAGDAÝY, AWA ÇYKMAK WE ŞUŇA MEŇZEŞLER HAKYNDA

Resulalla: «Haçanda ýyldyzlar batanda»[1] diýip, başlaýan süräni okanda Utba ibn Abu Lehep[2] oňa:

— Men ýyldyzyň hudaýyny inkär etdim — diýipdir.

Resulalla hem:

— Alla saňa itlerinden bir iti musallat etsin — diýipdir.

Günlerde bir gün ol dostlary bilen eşekli Şama tarap ýola çykypdyr. Olar Zerka diýilýän ýere gelenlerinde, bir ýolbars arlapdyr. Onuň gorkudan ýaňa süňňi titräp başlapdyr. Olar oňa:

— Näme üçin biziň süňňümiz titränok, diňe seniňki titreýär — diýipdirler.

Onda ol olara:

— Muhammet maňa erbet dileg-doga edipdi — diýipdir. Şol wagt birden asman kölegelenip: «Muhammetden has dogruçyl hiç kim ýokdur» diýen ses gelipdir. Soň olar agşam naharyna oturypdyrlar. Emma ol saçaga elini hem uzatmandyr. Soň ukulary gelipdir we goşlaryny daşlaryna aýlap, onuň ortasynda ýatypdyrlar. Gije olaryň ýanlaryna bir ýolbars gelip ýatanlaryň hemmesiniň kellelerini ýeke-ýekeden ysgap

[1] Gurhanyň 53-nji, ýagny «Nejm» süresi.
[2] Utba ibn Abu Lehep – yslamyň ganym duşmany.

çykypdyr we iň soňunda onuň ýanynda durupdyr. Soň ony dişleri bilen çeýnäp başlapdyr. Ol we onuň ýanyndakylar şeýle ses eşidipdirler: «Men size Muhammediň iň dogruçyl ynsandygyny aýtmanmydym».

* * *

Araplaryň eset (ýolbars) taýpasy it etini iýmäge meýilli taýpadyr. Bir esetli arap itiň güjügini iýipdir. Oňa: «Sen näme iti iýäýdiňmi?» diýipdirler. Bu barada şeýle goşgy setirleri bar:

Obasynda aç galsa bir gün esetli eger,
Semizje iti bolsa, olar şony hem iýer.

* * *

Bu hem ýolbarsyň iň gowy görýän zadynyň it eti bolmagydyr. Şeýle hem aýdylypdyr: «Ýolbars halandygy üçin itiň etine höwes etmeýär. Haçanda ol oba ýa-da sürä goýna topulanda, itler üýrüp ynsanlary örüzýärler. Ýolbarslaryň muňa gahar-gazaplary artyp, şonuň üçin hem itleri dalaýarlar».

* * *

Ýolbars oda ýakyn gelmeýär, gyzgyn we turşy etleri iýmeýär. Ýyrtyjylaryň köpüsi şeýledir.

* * *

Rumlular şeýle diýipdirler: «Ýolbars möjegiň sesinden gorkýar. Urkaçy ýolbarsdan aýbaş gelmeýär. Ol örän az suw içýär. Üç haýwan gusugyny içýär: ýolbars, it we pişik. Dört haýwanyň gözi gije hem görýär. Olar: ýolbars, gaplaň, pişik we kepjebaş.

* * *

Ýolbarsy diňe duzak gurup tutýarlar, ýagny ýeriň beýigräk ýerinde çukur gazýarlar we şoňa gaçyrýarlar.

* * *

Ýolbars bilen alajabars kämahal gaplaňyň üstüne bile topulýarlar. Emma gaplaň daş-töwereginiň salamatlygy üçin ýeke özi olaryň üstüne topulmaýar Olaryň ikisi haçanda gaplaňyň özlerinden ejizdigini bilseler oňa topulmaýarlar.

* * *

Hindiler gaplaňlaryň we pilleriň dostudyr. Nubeliler beýleki milletlerden tapawutlylykda, žirafalaryň dostudyr. Ganalylar şäherlerinde gaplaňy köp saklaýarlar. Şonuň üçinem olaryň lybaslary gaplaň derisindendir.

* * *

Ýyrtyjylaryň iň güýçlüleri üçdir: gaplaň, ýolbars we alajabars. Haýwanlaryň güýçlüleri üçdür: kerk, pil we gäwmiş.

* * *

Ýolbars hem at ýaly, duzy gowy görýär. Ýolbars ýaly, gije duzuň gözlegi üçin otuz parsah[1] uzaga gidýän başga jandar ýokdur.

* * *

Şahyr şeýle diýipdir:

Ýolbars ýolbarslygyna galar alsaňam oň kellesin,
It hem itligine galar tylla çaýyp-gaplasaň.

---

[1] 1 parsah – 3000 metr.

* * *

Aýdylşyna görä, alajabars diňe özüni ýylan gysanda çaga dogurýarmyş.

* * *

Mugawyýanyň horasanly bir gyrnagy bar eken. Bir gün Mugawyýa onuň bilen bile otyrka, özüniň başga bir gowy görýän gyrnagy gelipdir. Mugawyýa horasanly gyrnagyny taşlap, baryp ony öpüpdir. Bir gün Mugawyýa horasanly gyrnagyndan:

— Parsça ýolbarsa näme diýilýär? — diýipdir.

Ol:

— Güftar — diýip jogap beripdir.

Mugawyýa hem daşary çykyp:

— Men güftar — diýip gygyrypdyr.

Oňa:

— Eý, möminleriň emiri, güftar syrtlan diýmekdir — diýipdirler.

Mugawyýa:

— Alla, ol gyrnagy öldürsin! Ol menden aryny aldy — diýipdir.

Parslar eger biriniň ýüzlerini erbet ýagdaýda görenlerinde oňa, ruýe guftar[1] diýýärler.

* * *

Amr ibn Ýezit ibn Umeýr Esedi Kuteýba ibn Müslime haçanda ol Wekig ibn Abu Söwdi temim tiresiniň ýolbaşçylygyndan aýryp ýerine Dydar ibn Hasyn Esedini

[1] Manysy: «Syrtlanyň ýüzi».

bellände, şeýle diýip hat ýazypdyr: «Ýolbars boşadyldy, syrtlan bellenildi».

* * *

Abu Hüreýradan syrtlan eti barada soralypdyr. Ol: «Syrtlan – goýun ýalydyr. Ýagny ony iýmek halaldyr» diýipdir.

Bu şapygy mezhebinde halaldyr. Emma hanapy mezhebinde bolsa halal däldir. Sebäbi ol möjek ýaly ýyrtyjy jandardyr.

* * *

Aýdylyşyna görä, syrtlan käwagt erkek, käwagt hem urkaçy bolýarmyş.

* * *

Muntejip Muhammet ibn Arslan öz döwrüniň adamlaryny häsiýetlendirip şeýle diýipdir:

Olarda garpyşýan ýyrtyjyň edähedi bar,
Ondan ýüz öwürmegi olar edýärler inkär.

* * *

Ýolbars duşmançylygy üçin ynsana hüjüm etmeýärler. Olar aç bolanlarynda iýmit üçin ynsana topulýarlar. Eger ýolbars dok bolsa, ýanyndan geçseň hem topulmaýar.

* * *

Bars iň köp uklaýan haýwandyr. Itiň ukusy bolsa örän azdyr, ol elmydam hüşgärdir. Bars sessiz uklaýar.

* * *

Hamyt ibn Söwr şeýle diýipdir:

Göýä bir ukusy ýaly men barsyň,
Ýatsam - duşmanlardan bihabardyryn.

* * *

Aýdylşyna görä, barslar ýehudylara öwrülipdirler. Çagalar barslara «Eý, ýehudy» diýip ýüzlenýärler. Awçylar onuň yzyndan tä ol güýçden gaçýançalar kowýarlar. Soň bolsa ony aňsatlyk bilen tutýarlar. Soň ony tutup, gözlerini daňýarlar we kapasa salýarlar. Soň ony garaňky öýe salyp, ýanynda hem çyra ýakyp goýýarlar. Ol gije-gündiz şol ýerde galýar. Ony şol ýerde elleri bilen naharlap özlerine öwrenişdirip, eldekileşdirýärler. Urkaçy barslar has köp awlanylýar. Beýleki ýyrtyjylaryň urkaçylary hem şonuň ýaly köp awlanylýar.

* * *

Tilki ýalandan ölen ýaly bolmak bilen awçyny aldap bolýandygyny, emma itleri aldap bolmaýandygyny bilýär. Eger awçynyň gelendigini bilse, süýnüp ýatýar we demini içinden alýar, hatda onuň ölüdigine hiç hili şek-şübhe galmaýar. Awçy hem ony ölendir öýdüp, gapandan boşadýar. Emma ol iti göräýse welin, ýyldyrym çaltlygynda gaçmaga synanyşýar. Sebäbi it ol ýalandan ölümi ýa-da hakykatdan hem ölümi, gowy bilýär.

* * *

Itler hem ýalandan ölen ýaly bolup ýatyp bilýär ekenler. Biri şeýle gürrüň berýär: «Men çagalar tarapyndan urlup-ýenjilen we ýaralanan bir güjük gördüm. Çagalar ony aýaklary bilen depdiler, haçanda ol dem-düýtsüz ýatanda, ol ölendir

öýdüp taşlap gitdiler. Bir seretsem, ýaňky güjük gözüni açdy we aýaga galdy, soň bolsa gaçyp, zym-zyýat boldy».

* * *

Itler on dört ýyl ýaşaýarlar. Käwagt olaryň ýaşy ýigrimi ýyla hem ýetýär. Itiň üç hili syrkawçylygy bolýar: guduz, hapgyrtma we bogun keseli.

* * *

Şahyr şeýle diýipdir:

It ýaly käbir ynsanlar,
Ýöne bardyr içýakgyçlyk.
Hem-de ikiýüzlülik bar.
Itlerde ýok beýle gylyk.

* * *

Mälik ibn Müsmege «It öldüreniň ogly» diýer ekenler. Sebäbi hem onuň kakasy Musmeg ibn Sinap «Ridde» wakasynda abdylkaýs taýpasynyň bir tiresine gaçyp gidipdir. Olaryň iti hem ony ýarypdyr. Ol özüniň ol ýere gelenini bilerler öýdüp gorkupdyr we ol iti öldüripdir. Şonuň üçin özi hem öldürilipdir.

* * *

Muhammet ibn Jehm şeýle diýipdir: «Bir gün Halypa Mamun meni çagyrdy. Ol maňa:

— Seniň doganyň şygyrlary köp ýaýrady. Maňa onuň birini aýdyp ber — diýdi. Men hem oňa:

— Şu wagt diňe it barada aýdan şu sözlerini ýatlaýaryn — diýdim we şuny aýtdym:

Ite haýyr etgin, maslahat berýän,
Şeýle gylygy bar, bilgin sen ony.
Onuň bu gylygy gowudyr örän,
Ynsan ýatan wagty gijäniň ýary,
Habar berýär gelen myhman-gonagy.

Mamun:

— It barada gowy wesýet edipdir — diýdi we maňa sylag-serpaý berdi.

* * *

Çarwa arabyň iki sany ogly bar eken. Biri itler bilen, beýlekisi eşekler bilen meşgullanýar eken. Çarwa oglunyň birine:

— Seni elmydama itleriň ýanynda görýän. Doganyňy bolsa eşekleriň ýanynda — diýipdir.

Ogly oňa şeýle diýen:

Itler garpyşmasa birek-birege,
Möjek pursat tapar dara-direde.

* * *

Bir adamdan sorapdyrlar:

— Näme üçin it buşuganda açyk ýere çykýar?

Onda ol:

— It geýiminiň hapalanmagyndan gorkýar — diýipdir.

Oňa:

— Onuň näme, geými barmy? — diýipdirler.

Onda ol:

— Ol özüni geýimli hasaplaýar — diýipdir.

* * *

Araplaryň biri alty aýakly haýwanyň aýak yzyny görüpdir. Ol:

— Men alty aýakly haýwany şu wagta çenli görmedim — diýipdir we onuň haýsy haýwan bolup biljekdigini sorapdyr.

Oňa şeýle düşündiripdirler:

— Erkek doňuz otlap ýören mekejiniň üstüne çykýar. Mekejin hem durmaýar-da, otlap gidiberýär. Ol şu görnüşde birnäçe menzil geçýär: erkek doňzuň öň aýaklar-a mekejiniň arkasynda, art aýaklary bolsa mekejiniň art aýaklarynyň yzynda diýýär. Netijede alty aýak emele gelýär.

* * *

Muhajyt ibn Habyp iki ýerde gülmegi halamaýardy: «Gubura meýit goýulanda, sebäbi ol ýer girilýän howply ýerdir. Maýmyny görende, sebäbi olar öň Allanyň bendeleridiler, soň maýmyna öwrülipdirler»[1].

* * *

Aýy çagalaryny hoz agajynyň aşagynda goýýar. Özi hem agaja çykyp olara, tä, doýýançalar hoz zyňýar. Käwagt hem palta bilen çapyp bolmajak, güýç bilen döwüp bolmajak şahalary agaçdan döwüp aýyrýar. Soň ony süýräp ownuk böleklere bölýär.

* * *

Dag geçisi ýylanlary we kepjabaşlary çaltlyk bilen iýýär. Awçylar ýylanlaryň kelleleriniň we dişleriniň geçiniň

---

[1] Gurhanyň «Bakara» süresiniň 65-66-njy aýatlarynda şeýle diýilýär: «Araňyzdan ruh güni azgynlyk edenleri elbetde bilýänsiňiz! Biz olara «Pes bolan maýmynlara öwrüliň» diýdik. Biz muny olaryň döwürdeşlerine we soňky geljek nesillere jeza nusgasy we Alla garşy çykmakdan çekinýänlere ybrat bolsun diýip, şeýle etdik».

boýnunda we ýüzüniň hamynda asylyp durandygyny görüpdirler. Sebäbi geçi ony iýende ýylan geçini sokýar. Netijede kellesi daşynda asylyp galýar. Ýylany iýýärkä geçini uly gyzgynlyk basýar.

* * *

Dawut alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Meniň syýahat etmäge bolan höwesim, göýä ýylany iýen sugunyň bedenine ýaýran güýçli teşnelik ýalydyr. Onuň suwuň daşyndan nähili pyrlanyp aýlanýandygyny, bir görsediňiz».

* * *

Sugun her ýyl şahyny taşlaýar. Ol özüniň şahynyň ýokdugyny bilýändigi üçin ýyrtyjy haýwanlardan gorkusyna olara görünmeýär. Eger şahy görünmäge başlasa, tä gün görünýänçä we ýel ösýänçä täze şahy ýaýramaýar. Wagtyň geçmegi bilen görünmäge başlaýar.

* * *

Harun Reşit Basra gelende Japar ibn Süleýman ony nahara çagyrypdyr. Ol saçaga keýik süýdüniň gatygyny, gaýmagyny, ýagyny we owuzyny goýupdyr. Reşit olaryň tagamyny örän gowy görüpdir. Onuň nämäniňkidigini sorapdyr. Japar hem hyzmatkärleriniň birini keýik sürüsine iberipdir. Hyzmatkär bir owlakly keýigi Reşidiň ýanyna alyp gelipdir. Reşit olara seredip, begenipdir we geň galypdyr. Japar: «Ýaňky tagamlar şu keýigiň süýdünden» diýipdir. Japar ony heniz kiçijikkä alyp, ony ekdileşdiripdir we ýanynda saklapdyr.

* * *

Towşana «Jynlaryň gorkusy» diýärler. Sebäbi towşan aýbaş görýärmiş we jynlar onuň ýanyna gelip bilmeýärlermiş.

* * *

Pişige «ýolbarsyň asgyrmagy» diýýärler. Sebäbi, syçan Nuh alaýhyssalamyň gämisini gemrip başlanda, Allatagala ýolbarsyň asgyrmagyndan pişigi çykarypdyr. Ol hem syçany ýok edipdir.

* * *

Aýtmaklaryna görä, kim gara pişigi iýse oňa jady täsir etmeýär. Şeýle hem aýdylyşyna görä, Musa alaýhyssalamyň tabydynyň içindäki pyçak pişigiň kellesi bolmaly.

* * *

Abdyllanyň pişigi kiçijikgä islenilip alnyp, ulananda yzyna bermek işinde nusga bolup galypdyr. Şonuň üçinem şeýle diýipdirler: «Pişik kiçikä bir dirheme satylýar, ulalanda üç dirheme yzyna alynýar».

* * *

Şahyr şeýle diýipdir:

Kiçikä bir dirheme satyldy pişigi Abdyllanyň,
Ulananda bir kyrata[1] satylanyny sen bilýärmiň?!

* * *

Allatagala piliň tebigatynda pişikden gorkup gaçmagy goýupdyr. Ezdiň hyzmatkäri we öz döwrüniň şahyry bolan

---

[1] Kyrat – 0,195 dirheme deň bolan ölçeg birligi.

Harunyň başyndan şeýle waka geçipdir. Ol elmydam gowy görýän pişigini gujagyna alyp gezer eken. Hindiler bilen bolup geçen söweşiň birinde ol gylyjy bilen pillere tarap ýöräpdir. Gylyç bolsa gynynda eken. Piller onuň üstüne ýöräpdirler. Ol hem piller ýakynyna gelenlerinde pişigini olaryň üstüne zyňypdyr. Piller birdenkä gorkup, üstlerinde oturanlary ýere ýykyp gaçyp başlapdyrlar. Musulamanlar hem «Allahu ekber» diýip, belent ses bilen gygyrypdyrlar. Bu ýagdaý hem ýeňşiň sebäbi bolupdyr.

* * *

Pil ýedi ýaşyna ýetende pilleýär. Piller segsenden ýüze çenli ýaşaýarlar. Ýabany piller has hem köp ýaşaýar.

* * *

Aýtmaklaryna görä, piliň derisinden galkan ýasaýarlar. Piliň derisinden ýasalan galkan diýseň berk bolýarmyş.

* * *

Beýleki haýwanlaryňkydan üýtgeşiklikde, piliň diliniň ujy içinde, gömelteýi bolsa daşyndadyr. Şonuň üçinem hindiler: «Eger piliň dili tersine bolmasady, öwretseň geplärdi» diýýärler.

* * *

Ynsandan we pilden başga hiç bir jandaryň göwsi (emjek) gursagynda däldir.

* * *

Hajjajyň döwründe Abu Jary Heddadyny pile mündüripdirler. Ol gorkupdyr: «Meni düşüriň» diýip

gygyrypdyr we özüni ýere oklamak isläpdir, soň ony düşüripdirler.

* * *

Piliň holtumy onuň burnudyr. Şondan hem iýýän tagamy garnyna geçýär. Ol şonuň bilen hem söweşýär. Şonuň bilen gygyrýar, şonuň bilen hem ýere urýar, ony asmana galdyrýar. Pil söweşde söweşijidir, ol gowy ýüzijidir. Ol ýüzende holtumyny ýokary çykarýar. Gäwmiş hem ähli bedenini suwa salýar, diňe burnuny salmaýar. Piliň holtumy şeýle-de boýun ornunda hem durýar. Onda bir deşik bar bolsa hem hiç zat geçirmeýär. Şeýle hem holtum suw bilen ýa-da tagam bilen doldurylanda gap hökmünde bolýar. Sebäbi hem onuň boýnunyň gysga bolup suwa ýa-da ota ýetmeýänligindendir.

* * *

Zendebil diýen pil barada pikir çaprazlyklary bar. Käbirleri ony piliň bir görnüşi hasaplaýarlar we şeýle diýipdirler: «Piller iki görnüşlidir. Käbirleri hem zendebil göýä gäwmiş bilen sygyryň arasyndaky tapawut ýaly diýdiler. Käbirleri erkek pile zendebil diýdiler. Käbirleri urkaçy pile diýdiler. Käbirleri ägirt uly pillere diýdiler».

* * *

Jahyz şeýle diýipdir: «Men piliň gözünde pähim-paýhas we pikir-düşünje sagdynlygyny gördüm. Onuň nazary beýik, üstün, ýumşak we uly hökümdarlaryň nazaryna meňzeýär».

* * *

Sehl ibn Harun şeýle diýipdir:

Eger piliň maksatly nazaryna baksadyň,
Bardyr öýdersiň piliň özüniň bir maksadyn.

* * *

Jabyr Jagfy şeýle diýipdir: «Men Şagbynyň çykyp barýandygyny gördüm we ondan:

— Sen nirä? — diýip soradym.

Ol:

— Pile seretmäge — diýdi. Ol gidip, pile tomaşa edip, haýran galyp geldi. Ol pili ilkinji gezek görýärdi.

* * *

Ite süňk getirlende guýrugyny bulaýlaýar. Pil hem saman getirlende guýrugy bilen ýeri sürýär we sallaýar.

* * *

Pile ilkinji öwredilen endik hökümdaryň öňünde egilmegidir. Kesra Abruiz bir gezek milli baýramlarynyň birine çykypdyr. Onuň üçin müň sany pili sapa düzüp goýupdyrlar. Ol pillere otuz müň atly seredip duran. Haçanda erkek pillere urkaçy pil görkezilende piller oňa sejde edipdirler. Olar tä özlerine taýak galýança we özlerine degişli söz aýdylýança sesini çykarmandyrlar.

* * *

Pil süňki gymmatbahalydyr. Ýöne göwher ondan has gymmat we bahalydyr. Eger pil süňküniň gadyr-gymmaty bolmasady, Ahnef ibn Kaýs kufalylara bu sözi bilen öwünmezdi: «Biziň pil süňkimiz, dub agajymyz we ýüpegimiz siziňkiden has köp».

* * *

Piliň lakamy «Abu Hajjajdyr». Hebeş pilleriniň lakamy «Abu Apbasdyr».

* * *

Gaýlan Rajyza «pile münüji» diýýärler. Sagdyýe Tuýura «piliň gözi» diýýärler. Muny olara Hajjaj dakypdyr. Basralylar pile münüp ýören bir adamy kiçeldip «pilewiýeh» (piljagazly) diýipdirler. Şeýle hem ömri uzak bolanlara «ömrewiýeh» (ömürjikli), öwülýänlere «hamdewiýeh» (öwülýänli) diýipdirler.

* * *

Kirpi-de, samyr-da, eger, özlerini kepjebaş çakaýsa, timýan otuny[1] iýmek bilen sagalýarlar.

* * *

Kerk diýlen jandaryň boýy kiçi bolýar. Ol hem pil ýaly, ýedi ýaşyna ýetensoň köpelip başlaýar. Şonuň üçinem bu hili jandar örän azdyr.

* * *

Hindileriň aýtmaklaryna görä, haçanda uzynlygy bir parsah bolan bir jandar çykansoň ýer ýüzünde hiç hili janly-jemende galmaz. Hemmeler onuň eýmençliginden gorkup

[1] Timýan oty – hoşboý ysly ot.

gaçarlar. Onuň eli älemiň niresine uzatsa ýeter. Oňa hindi eşegi diýerler. Onuň maňlaýynda bir şahy bolar. Aýdylyşyna görä, ol kellesini enesiniň garnyndan çykarar, daş-töwerekdäki ähli agaçlary iýer. Doýansoň hem kellesini ýene yzyna salar. Aýtmaklaryna görä, ol pili bir süsende şahy bilen ony ýokary galdyrar. Ol bir ýerde durmaz, uzaklara gider.

* * *

Aýtmaklaryna görä, kerkiň şahy ýognanda iki garyşa ýetýär. Ol gaty uzyn bolmaýar. Ol kellede görnüp durýar we örän ýumşak bolýar. Özi hem örän berk bolýar, hiç zat oňa topulyp bilmeýär. Eger onuň şahy goparylsa, gopan ýerinde geň-täsin şekil emele gelýär.

* * *

Nube ýurdunyň ýokarsynda köp sanda ýyrtyjylar, haýwanlar, mallar bir ýere ýygnanyşýarlar. Bu hem guraklyk bolanda suw kanunyna görä bolýar. Hiç bir jandar başga birine degmeýär. Şol ýerde hem olar biri-birleri bilen jübütleşýärler. Aýdylyşyna görä jirafa gaplaňyň düýeden bolan çagasydyr.

* * *

Samyr syçana pişikden hem has ganym duşmandyr. Goýun ýolbarsdan, gaplaňdan, geçigaplaň bolsa möjekden gorkýar. Ýogsa bu haýwan möjekden has güýçli. Kepderi laçyndan we bürgütden hem has beter algyrdan gorkýar.

* * *

Araplaryň dabba ogullary taýpasynda bir it bar eken. Ol kellesine çyrany goýup, iki öňki aýagyny galdyryp, guýrugyny bulaýar eken. Eger onuň adyny tutup ýanyňa çagyrsaň we öňüne et oklasaň hiç gymyldaman durýarmyş. Eger kellesindäki çyrany alsaň, ete topular eken. Onuň boýnuna sebet dakyp, içine hem şaý salyp, dükana zat almak üçin iberer ekenler. Ol hem gerek zady getirýär eken. Şeýle hem degirmen eşegi ýaly ony degirmene goşup, oňa un üwedýär ekenler.

* * *

Ganjyk daş keşbi dürli görnüşli itler bilen gatnaşyk edýär. Netijede dürli reňkli güjükleri dogurýar. Şeýle-de ganjyk itden başga haýwanlar bilen hem gatnaşyp bilýär. Ýöne şonda-da ondan güjük dogýar.

* * *

Abu Seriý Muhybby bir gezek Delil ibn Ysmaýyl barada şeýle diýipdir:

Eý, itleri söýmäge mübtela bolan kişi,
Iti diňe it söýer, bolar şonda gelşigi.
Tapawudyň olardan geýim geýip ýörmegiň,
Sen olardan bolardyň, çykaraýsaň eşigi.

* * *

Hasan ibn Sehl haýwanlara ýokanç kesel degendigini eşidip, itleri öldürip başlapdyr. Abu Awazyl ony tankytlap şeýle diýipdir:

Onuň haýyr hem şerden — iki sany güni bar,
Gylyjjyny gynyndan şol gün çykaryp ýörmek.
Onuň ýetirýän haýry — nasranylara bolýar,
Emma onuň şer işi itleri mydam gyrmak.

Adamlar onuň itleri öldürmegine garşy çykypdyrlar. Haçanda itler haýwan kesellerini adamlara geçirip başlanlarynda, olar itleri öldürmäge mejbur boldular. Hasanyň edýän işiniň dogrudygyny bilip galypdyrlar.

* * *

Çölde ýyrtyjylardan bolan bir aýy sypat haýwan bar eken. Onuň burny öňe çykyp duran, boýy samyryň boýy ýaly. Düýe çöküp otyrka, onuň ýanyna golaýlaşýar, soň üstüne topulyp, onuň örküjine müner eken. Ol bagry bilen ýerden hem süýnüp, botlajak bolup ýatan düýäniň köşegini çekip, ony öli çykarýar eken. Aýtmaklaryna görä, ol şeýtanmyş. Ony gözleri bilen görenler az-azdyr. Onuň adyna «gazza» (hüjümçi) diýýärler.

## TOGSAN BÄŞINJI BAP

## BALYKLAR, DEŇIZ JANDARLARY WE ALLANYŇ DEŇIZDÄKI AJAÝYPLYKLARYNA DEGIŞLI ZATLAR WE ŞUŇA MEŇZEŞLER HAKYNDA

Jabyr ibn Abdylla şeýle diýipdir: «Resulalla bizi gazawada iberdi. Biz üç ýüz kişilik topardyk. Serkerdämiz hem Abu Ubeýde ibn Jerrahdy. Kuraýyşlaryň kerweniniň yzyndan gidýärdik. Azygymyz hem bir torba hurmadan ybaratdy. Başga zadymyz ýokdy. Abu Ubeýde mundan ilki bize gysymlap berýärdi, soňra ýeke-ýekeden bermäge başlady. Ondan:

— Onuň bilen nädip oňýardyňyz? — diýip soradylar. Ol şu jogaby berdi:

— Biz hurmanyň şänigini göýä çaganyň soruşy ýaly sorýardyk. Soňra hem üstünden suw içýärdik. Bu bize agşama çenli ýetýärdi. Gutaran wagty hiç zatsyz galdyk. Iki hepde kenarda ýaşadyk, erbet açlygy geçirdik, hatda agajyň ýapraklaryny iýdik. Goşunymyza «ýaprak goşuny» diýildi. Şol wagt deňiz bize lin diýilýän äpet bir balygy daşary çykardy. Abu Ubeýde muny görüp:

— Maslykdyr, iýilmegi haramdyr — diýdi. Soňra bolsa:

— Ýok, maslyk däldir, biz Resulallanyň ilçileridiris. Biz Alla üçin bu ýere geldik, üstesine-de kyn ýagdaýy başdan geçirdik — diýdi.

Biz ondan iki hepdeläp iýdik, Ÿagyndan hem çalyndyk. Hatda endamymyz özüne geldi, öňki ýagdaýyny aldy. Abu Ubeýda balygyň gapyrgasyndan bir süňk alyp ýere dikdi. Soň bolsa iň uzyn adamy we iň uzyn düýäni gözledi. Ol adamy düýä mündürdi we gapyrganyň aşagyndan geçdi. Balygyň göz çukurynyň içinde dört kişi oturdy. Gözünden ençeme kulle (takmynan 250 rytl) ýag çykardyk. Etinden özümize iýmit edindik. Medinä gelenimizden soň ýagdaýy Resulalla gürrüň berdik. Onda Resulalla:

— Bu Allanyň size deňizden çykaran rysgalydyr. Siziň ýanyňyzda ol etden galdymy? — diýdi. Biz hem oňa biraz berdik we ol mundan iýdi.

* * *

Akula deňziň iň uly jandarlarynyň biridir. Ol gämileriň ýöremegine böwet bolýar, gämileri urup döwýär, olary ters aýlandyrýar.

* * *

Men Mekgede ýaşap ýörkäm, ýaşaýjylaryň birinden şu gürrüňi eşitdim. Biz Käbäniň «Beni Şeýba» gapysynda oturdyk. Ol bize akula barada gürrüň berip şeýle diýdi: «Onuň ýaradylyşy süýri görnüşdedi. Ululygy hem şu oturan ýerimizden Käbä çenli bardy. Ol «jellap» diýilýän ägirt uly gämilere hüjüm edýärdi. Ony hiç zat gaýtaryp bilmeýärdi, diňe gämidäkiler oňa çyra tutanlarynda ol gidýärdi. Çyra onuň ýüzüne ýyldyrym ýaly bolýardy. Ol diňe otdan gorkýardy». Soň ol gürrüňini dowam edip şeýle diýdi: «Men deňizçiniň eşigi bilen ýokary çykyp barýandygyny gördüm. Haçanda ol ortasyna ýetende ikä bölünip ýere gaçdy. Seretsek akula guýrugy bilen gämini urupdyr».

* * *

Gürrüň bermeklerine görä, näheň bilen ýolbars suw içilýän ýerde söweşip-dirler. Näheň ony guýrugy bilen urupdyr. Ýolbars hem onuň kellesini çeýnäpdir. Ikisi hem ölüpdir.

* * *

Näheň ýerde ýöreýärkä göýä sil suwunyň içinde ýüzýän ýolbarsyň güýçsüz bolşy ýaly örän pese düşýär. Hatda çagalar hem onuň arkasyna münýärler. Onuň guýrugyndan tutup islän ýerlerine süýreýärler. Muny Fyrat[1] derýasynyň kenarynda ýaşaýan garaýagyz çagalar edýärler.

* * *

Nilde we onuň akabalarynda suw aty suratynda atlar bar. Olar näheňleri iýýär. Käwagt hem çykyp ekerançylyga girýär. Müsürliler onuň toýnak yzyny nirede görseler, Niliň suwunyň çykyşynyň şol ýerde gutarjakdygyny bilýärler. Eger onuň taýyny tapsalar, tutup eldekileşdirýärler.

* * *

Ähli gemrijiler eňegini aşak hereket etdirip iýmitlerini çeýneýär, diňe näheň eňegini ýokary hereket etdirip çeýneýär. Deňiz balyklarynyň ähli görnüşi dilsiz we bokurdaksyzdyr.

* * *

Iň köp tohum taşlaýan jandar balykdyr, soň – çekirtge, soň – içýan. Balyk öz ýumurtgasyny iýmeýär, çagasyny ulaltmaýar, emdirmeýär. Allatagala şonuň üçin onuň zürýadyny köp edipdir. Ol kepderi ýaly çagasyny idemeýär we

[1] Fyrat – Yrakda bir derýa; Ýewfrat.

ulaltmaýar. Kepderi ýylda diňe iki sany ýumurtga guzlaýar. Alla onuň neslini az edipdir. Towuk bolsa jüýjesini ulaldýar, soň idemeýär. Alla onuň ýumurtgasyny we jüýjesini köp edipdir. Ýylan otuz ýumurtga guzlaýar. Onuň otuz gapyrgasy bar, şonuň üçinem onuň oňurgasy güýçlüdir. Bu ajaýyp işleri ýerli ýerine goýan Alla ähli kemçiliklerden päkdir. Bu hikmetleri ýaradan Alla nähili parasatlydyr.

* * *

Balyklardan käbirleri guşlar ýaly başga ýerlere gidýärler. Usbur, nersuç ýaly balyklar Zenç deňzinden Basra deňzine suwy süýji bolandygy üçin geçýärler. Düýäniň gumda agynyşy ýaly, olar suwuň süýjüligi bilen endamlarynyň duzlulygyny aýyrýarlar. Olar ýylda iki gezek göçüp gidýärler. Dijle derýasynda iki aýlap bolýarlar. Ol bu iki gelişinde hem öňküsinden has semreýär. Aýdyşlaryna görä Zenç deňzi bilen Basranyň arasy Hytaý bilen Basranyň arasy ýalydyr.

* * *

Delfinler[1] deňizde gark bolanlary halas edýärler. Delfin gark bolanyň ýanyna gelýär, ol hem elini onuň arkasyna goýýar. Onuň özüne daýanmagyna, özünden ýapyşmagyna kömek edýär, özi bolsa ýanyndan ýüzüp gidýär.

* * *

Aýdylyşyna görä, Tabarystanda bir derýada geň-enaýy we ajaýyp bezelen, nagyşlanan leňňeçler bar. Olara sereden gözüni aýryp bilmeýärmiş.

---

[1] Ýunus pygamberi ýuwdan balyk hem delfindir, şonuň üçin oňa «Ýunus balygy» hem diýilýär.

* * *

Aýdyşlaryna görä, balyklar ýakymly aýdym-saz gelýän tarapa gelýärler we diňlemäge durýarmyşlar. Eger saz kesilse gidýärmişler. Eger saz täzeden çalnyp başlansa ýene gelýärmişler. Delfinler we käbir balyklar gögüň gürrüldi sesini eşitseler, deňziň düýbüne tarap gaçýarmyş.

* * *

Gurbaga aşaky damagyna suw girmese gurruldap bilmeýär. Diňe aşaky damagyna suw girse gurruldap başlaýar. Şonuň üçinem suwuň daşynda onuň sesi eşidilmeýär. Gurbaga suwda ýaşaýar we pyşbaga ýaly kenarda guzlaýar.

* * *

Gurbaga birnäçe günläp suwsuz oňup bilýän suw jandarydyr. Ol ulalýar, ýöne towşan we turaç ýaly semremeýär. Towşan bilen turaç semrände etlenýär.

* * *

Pars aýlagy kenarlaryndaky adamlar gurbagany iýýärler. Ol gözi iň uly haýwandyr. Ýolbars hem gurbagynyň geläýjek ýerinde oňa garaşýar we ony derrew tutup iýýär. Ýylan ony suwda tutup iýýär.

* * *

Ahtal şeýle diýipdir:

Tüm gijede gurbaga gurruldady oturdy,
Sesi bilen suw ýylany herekete getirdi.

* * *

Abdyrahman ibn Osman Leýsi şeýle diýipdir: «Resulalla gurbagany öldürmegi gadagan etdi».

* * *

Ibn Omar şeýle diýipdir: «Gurruldaýar diýip, gurbaga sögünmäň, sebäbi onuň gurruldamagy Alla sena aýtmagydyr».

* * *

Şahyr şeýle diýipdir:

Sözün aýdyp gurbaga,
Bolmakçydy akyldar.
Agzy suwla hiç kimem,
Diýmez «Onda akyl bar».

* * *

Delfiniň gylygy uly balyklary urup öldürmekdir. Balyk suwuň ýüzüne çykanda ol gizlenýär we onuň aşagyndan baryp ony urýar. Göýä pursat gözleýän awçy ýaly. Ol balygyň üstüne guşlar gonup, olar hem ony iýýärler.

# TOGSAN ALTYNJY BAP

## GUŞLAR, OLARYŇ JÜÝJELERINI EKLEÝIŞLERI, RYSGALLARY, GANATLARYNY GERMEKLERI WE IŞLERINI ÝÖREDIŞLERI HAKYNDA

Pygamber alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Ak horaz meniň dostumdyr we Allanyň duşmanynyň duşmanydyr. Ol eýesiniň öýüni goraýar, sesi daş-töwerege hem eşidilýär. Onuň bilen bir howluda ýaşa».

* * *

Horazlar dänäni alyp, özi iýmän towugy çagyrýar. Şonuň üçinem oňa «tapan zatlaryna iň jomart» diýilipdir. Diňe Merw horazy beýle däl. Ol towuklary däneden kowýar, hatda towugyň çüňkündäki dänäni hem çykarýar. Bu merwlileriň gysgançdyklaryndan ýaňa bu häsiýetleri haýwanlara hem geçipdir.

* * *

Towugyň aşagyna tawusyň iki sany ýumurtgasyny goýýarlar. Ol iki ýumurtgadan köp basyp bilmeýär. Ony onuň üstünde oturtjak bolýarlar, ýöne ol oturmaýar, netijede howa ýumurtgalary zaýalaýar. Towuk käwagt bir günde iki ýumurtga guzlaýar. Bu onuň uzak ýaşamazlygyna sebäp bolýar.

* * *

Kepderi towugyň ýumurtgasyny basýar. Ondan jüýje çykanda gynanýar.

* * *

Garran towugyň ýumurtgasynyň içinde sarysy bolmaýar. Sarysy bolmasa-da, ol ýumurtgadan jüýje çykmaýar. Sebäbi sarylyk jüýjäniň ýumurtganyň içindäki iýmitidir.

Käwagt ýumurtganyň içinde iki sany sarylygy bolýar. Allatagala şeýle ýumurtganyň aklygyndan iki sany jüýje ýaradýar we şeýle ýumurtgadan iki jüýje çykýar. Olaryň ikisi hem ýaňky iki sarylyk bilen iýmitlenýärler. Jüýje ýumurtganyň aklygyndan emele gelýär, sarysy bolsa jüýjäniň iýmitidir.

* * *

Mezidiň bir garran horazy bar eken. Ol ony gowy görer eken. Gurban baýramçylygy gelipdir. Onuň bolsa hiç zady ýok eken. Ol baýram namazyny okamaga gidipdir. Aýalyna hem şol horazy öldürip, ondan nahar bişirmegini sargapdyr. Aýaly hem ony tutjak bolupdyr, emma horaz howludan uçup çykyp gidipdir. Ol hem onuň yzyndan kowalap gidipdir. Goňşulary hem onuň bu horazy näme üçin öldürmekçi bolýandygyny sorapdyrlar. Goňşulary haşymylar tiresinden eken. Ol aýal ýagdaýy bolşy ýaly gürrüň beripdir. Olar:

— Biz gözümiz bilen görüp durkak, Abu Yshagyň ýetmezçilikde ýaşamagyna razy bolmarys — diýipdirler we oňa öldürmek üçin bir goýun, ýany bilen hem iki goýun we bir sygyr beripdirler. Onuň öýüniň içi maldan dolup duruberipdir. Haçanda Mezit öýüne gelip görse, mäleşýän we molaşýan sesleri eşidipdir. Ol:

— Bular näme? — diýip sorapdyr. Aýaly hem oňa bolan wakany gürrüň beripdir. Onda ol:

— Bu horaz Allanyň ýanynda Ysmaýyl pygamberden hem üstün öýdän[1]. Men oňa bir zady gurban etdim, ol bolsa maňa şu görýän zatlaryny bagyş etdi — diýipdir.

* * *

Abul Munzir (duýduryjylaryň atasy), Abul Ýakzan (oýalaryň atasy), we Abu Ukba (säherleriň atasy) horazyň lakamlarydyr.

* * *

Ysmaýyl ibn Ebir Wakydy şeýle diýipdir:

Sen ony ir oýardyň, heniz gije, garaňky bar,
Horaz bolsa sesi bilen çapak çalnyşyn ýygnaýar.

* * *

Biri şeýle gürrüň beripdir: «Men bir kepderiniň iki taýynyň bardygyny gördüm. Ikisi hem ondan ýumurtga guzladylar. Ol ikisiniň hem ýumurtgasyny basyşýardy we ikisiniň hem çagasyny iýmleýärdi».

* * *

Jahyz şeýle diýipdir: «Kepderi örän sylanýan we buýsançly guşdyr. Onuň biri bäş ýüz dinara satylýar. Guşlaryň hiç biriniň bahasy bu möçbere ýeten däldir. Ol tokaýda azaşana ýol görkezijidir. Eger Bagdada we Basra gelseň ony

[1] Ybraýym alaýhyssalam ogly Ysmaýyl alaýhyssalamy Allanyň ýolunda gurban etjek bolanda, onuň deregine asmandan bir goç inýär.

kynçylyksyz taparsyň. Eger ulag aty ýa-da ýaryş aty bäş ýüz dinardan geçdi diýseler, bu örän geňdir.

Kepderiň diňe bir ýumurtgasy bäş dinara satylýar. Jüýjesi ýigrimi dinara satylýar».

* * *

Ýylan mekka atly bir jandaryň ýumurtgasyny iýýär. Mekka hem ýylanyň kellesini gysyp, oňa ýakynlaşýar. Eger ýylan agzyny açsa, onuň agzyna iňňesini sokýar. Soň onuň bokurdagyndan tä ölýänçä tutup durýar.

* * *

Mekhul doga-dileg etmek üçin Allanyň adyny tutanda şeýle diýer eken: «Eý, garganyň rysgalyny öz höwürtgesinde berýän!».

Munuň sebäbi hem garga ýumurtgasyny basyp, jüýjesini çykaransoň uçup gidýär. Jüýje hem agzyny açýar, siňekler hem onuň agzyna girýärler we oňa iýmit bolýarlar. Şeýdip, jüýjäniň reňki garalansoň siňekler hem girmeklerini kesýärler we garga oňa iýmit bermek üçin ýene dolanyp gelýär.

* * *

Toklutaý özüniň tezeginiň laçynyň ýelegine ýelmeşýändigini bilýär. Ol özüne topulýan laçyna tezegini atýar we onuň ýelekleri biri-birine berk ýelmeşýär. Soň bolsa beýleki toklutaýlar üýşýärler we ony öldürýärler. Toklutaý ýelekleri ütülende we şeýle hem taýynyň özüni taşlap uçup gidendigini görende, gynanjyndan ölýär.

* * *

Jahyz şeýle diýipdir: «Alahekekden geň nähili guş bar. Ol duýgur, güýçli çokýar, gowy tanaýar. Ýumurtgasyny we

jüýjesini alahekekden başga zaýalaýan guş ýer ýüzünde ýokdur».

* * *

Toklutaý özüniň akmaklygyna garamazdan, ýumurtgasyny we jüýjesini janyndan geçip penalaýar.

* * *

Käkilik erkeksiz guzlaýan guşdur.

* * *

Ýalňyz ýaşamagy söýýän guş bürgütdir. Topar bolup ýaşamaýan guş durnadyr. Topar bolup ýaşaýan guş käkilikdir.

* * *

Harun Reşit awda gezip ýören eken. Guş tutujy oňa bir ak turaç getiripdir. Reşit: «Men munuň ýaly guşy hiç görmändim. Ony goýber. Sebäbi her bir zat çäginden aşsa bozulma başlaýar» diýipdir.

* * *

Aly ibn Ubeýde Reýhany tawus guşy barada gürrüň berip otyran eken. Sözüniň soňunda ol şeýle diýipdir: «Diliň bilen gürrüň berenden gözüň bilen görseň has owadan görünýär».

* * *

Kabusyň golýazmasy barada şeýle diýipdirler: «Bu tawusyň ganatymy ýa-da Kabusyň haty». Sebäbi onuň haty örän owadan eken.

* * *

Düýeguş gyzgyn demiri agzyna alýar. Soň ony gyzgynlygy bilen owurdynda suwuklandyrýar, soň bolsa göýä sowuk suw ýaly içýär. Bu ýerde iki sany geň zat bardyr: Iýilmeýän zady iýmegi we eger gazanda gaýnatsaň hem hiç haçan eremejek zady özüne lezzetli hasaplamagydyr.

* * *

Düýeguş «bahana tapmakda» nakyl bolup galypdyr. «Ýük çek» diýenlerinde ol: «Men – guş» diýer eken. «Uç» diýenlerinde bolsa: «Men – düýe» diýer eken.

* * *

Ýahýa ibn Nowfyl şeýle diýipdir:

Diýilende düýeguşa «Ýük göter»,
Diýipdir «Çykdym-a men höwürtgeden».

* * *

Düýeguşuň geň taraplarynyň biri hem özüniň süňküniň äpetdigine we duşmanynyň öňünde güýçlüdigine garamazdan onuň beýnisi ýokdur.

* * *

Düýeguş – hiç bir guş ýa-da düýe bilen bile ýaşamaýar.

* * *

Möjek ene-atasy ýanyndaka düýeguşuň çagasyna we ýumurtgasyna hüjüm edip bilmeýär. Eger ony görseler erkek düýeguş ony kowýar, urkaçy düýeguş hem çaltlyk bilen ony kowalap başlaýar, çagasyny hem erkegine tabşyrýar. Olar bu

hadysany tä möjegi öldürýänçäler ýa-da ejizledip kowýançalar dowam edýärler.

* * *

Aýdypdyrlar: «Haýwanlardan iki görnüşi kerdir. Düýeguş we kepjebaş ýylan».

* * *

Ibn Araby şeýle diýipdir: «Çarwa arap dosty bilen gürleşip oturan, görse ol onuň sözlerini eşitmeýär we näme diýýänine düşünmeýär eken. Çarwa oňa: «Bu asyl düýeguş ýaly ker eken» diýipdir».

* * *

Abu Amr Şeýbany araplaryň birinden düýeguş barada sorapdyr:

— Ol eşidýärmi?

Arap oňa:

— Ol gözi we burny bilen duýýar. Olaryň ikisi gulaga mätäç däl — diýipdir.

* * *

Ähli iki aýakly haýwanlar, bir aýagy döwülse, hereketlerinde we ýerinden turan ýagdaýlarynda beýleki aýagyndan peýdalanýarlar. Emma, düýeguş beýdip bilmeýär. Ol gorkýar we şonuň üçin beýle halatda ýöremeýär.

* * *

Bürgüdiň bagry agyrsa, ol towşany ýa-da tilkini tutup, olaryň bagryny iýýär we sagalýar.

* * *

Bişr dogany Beşşar ibn Burde:

— Eger Alla saňa haýwanlardan birine öwrülmegi öz islegiňe goýsa, haýsyna öwrülerdiň? — diýipdir.

Onda ol:

— Bürgüde. Sebäbi ol ýyrtyjylaryň we iki ganatlylaryň ýetip bilmejek ýerinde ýaşaýar. Ol köp ýaşaýar. Islese ähli zadyň üstünde bolýar, islese ähli zada ýakynlaşyp bilýär. Ol öýlän Ýemende bolsa, agşam Yrakda bolýar. Ýelekleri oňa gyşda deri, tomusda lybas bolýar. Ol Allanyň ýaradan zatlarynyň iň ýiti gözlüsi — diýipdir.

* * *

Ýarganatdan sorapdyrlar:

— Seniň näme üçin ganatyň ýok?

Ol:

— Sebäbi meniň suratym haýwanlara meňzeýär — diýipdir.

Oňa:

— Onda näme üçin gündiz çykmaýarsyň? — diýipdirler.

Ol:

— Guşlardan utanýandygym üçin — diýipdir.

* * *

Serçeler adamyň dostudyr we ülpetidir. Adam ýaşamaýan jaýda serçeler hem ýaşamaýarlar. Eger onuň ýaşaýan ýerinde adam bolmasa, serçe ol ýerden gidýär.

* * *

Basrada bossanlyga çykmaly wagty gelende ýekeje serçe hem galmaýar, olar hem çykýarlar. Diňe ýumurtgasy we jüýjesi bar bolan serçeler galýarlar.

* * *

Abu Ýakup Harymy şeýle diýipdir:

Bagdatlylar edip wagşylyk zulum,
Serçe-de öýünde ýaşamaz, biliň!.

* * *

Serçeler ýaşaýan ýerine öwrenişýärler, olar daş ýerlere gidip, iýmit gözleýärler.

* * *

Ýer ýüzünde ýylanyň kellesine diňe serçäniň kellesi meňzeýär.

* * *

Serçäniň erkeginiň gurluşynyň tapawudy, göýä horazyň towuga bolan tapawudy ýalydyr. Serçäniň gara sakgaly bar. Serçe ýaly öz çagasyna has mähirli başga zat ýokdur. Eger oňa bir howp abansa jürküldeýär we beýleki serçeleri kömege çagyrýar. Serçeden has güýçli jynsy gatnaşyk edýän zat ýokdur. Serçäniň erkegi bir ýyl ýaşaýar. Ýylanlar olaryň höwürtgelerine çykyp, ýumurtgalaryny we jüýjelerini iýýärler.

* * *

Jahyz şeýle diýipdir: «Käbir aýdylmagy kyn bolan keseki dildäki harplary totyguş ýeňillik bilen aýdyp bilýär».

* * *

Sagyt ibn Halyt Kuraýşynyň «Kesra» atly guşy we ol guşuň hem «Sasan» atly jüýjesi bar eken. Ol jüýjäni Enes atly goňşusynyň pişigi iýipdir. Sagyt Kufanyň ýasawul başlygy we

Kesranyň özüne iberen hyzmatkäri bolan Ysa ibn Manzura hat ýazyp şeýle diýipdir:

Eý, Ibn Manzur ibn Kaýs, diňle!
Gördüm nurly kapasany.
Tutdy Enesiň pişigi,
Kesra ogly Sasanyny.

* * *

Urkaçy guş ýumurtgany erkeginden has köp basýar. Emma düýeguşuň erkegi ýumurtgany köp basýar.

* * *

Guşlaryň içinde şeýle bir guş bar, ol hiç ýere gonmaýar, diňe ýumurtgalanda ýumurtgasyny topraga goýýar we üstüni örtýär. Soň ýene howa uçup gidýär. Ýumurtgadan bolsa, wagty gelende, ýarylyp jüýje çykýar. Jüýje gyzyletenelikden saýlananda, ol hem howa göterilip gidýär.

* * *

Nahgy şeýle diýipdir: «Araplar çaganyň eline oýnamak üçin guşuň berilmegini halamaýarlar».

* * *

Tebipleriň aýtmaklaryna görä, olar adamyň içini ýuwmaklygy (klizma edilişini), içi gatan deňiz guşundan öwrenipdirler. Deňiz guşy içi gatanda deňze gelýär, çünki bilen deňziň suwundan alýar, soň ony içine goýberýär we guýruk tarapyndan daşary çykarýar. Oňa munuň boýnunyň we çüňküniň uzynlygy kömek berýär. Soň meýdan edýär we rahatlanýar.

* * *

Ibn Apbas şeýle diýipdir: «Allatagala Musa alaýhyssalamyň döwründe Anka atly bir guş ýaratdy. Onuň her tarapynda dört sany ganaty bar. Ýüzi ynsanyň ýüzi ýaly. Oňa nesibi hökmünde ähli zadyň gowusyny berdi. Oňa özüne meňzeş taý ýaratdy. Soň Musa alaýhyssalama şeýle diýdi: «Men iki sany örän geň-täsin guş ýaratdym. Olaryň rysgaly hökmünde Beýtil-Mukaddesiň töweregindäki ýyrtyjy jandarlary berdim. Olary saňa dost etdim. Olary Beni Ysraýyla beren hormat-sylagymdan hem ýokarda goýdum». Netijede olar örňediler we olaryň nesilleri köpeldi».

* * *

Musa alaýhyssalam wepat bolanda, Anka guşy ol ýerden göçdi we Nejt bilen Hyjaza[1] gitdi. Soň ol ýyrtyjylary iýmegini goýdy we çagalary ogurlap başlady. Şol wagt Isa pygamber bilen Muhammet alaýhyssalamyň arasyndaky döwürde ýaşap geçen Halat ibn Sinanyň[2] döwrüdi. Halk bu ýagdaýy Halatnebi alaýhyssalama habar berip, arz-şikaýat etdiler. Halatnebi alaýhyssalam hem Alladan doga-dileg etdi. Alla onuň neslini kesdi we ol ýok bolup gitdi.

* * *

Üç zat altyn-kümüşleri gizleýär we olara begenip-buýsanýar: «Alahekek, alaka we syçan».

---

[1] Saut Arabystanynda ýer atlary.

[2] Halatnebi alaýhyssalam. Käbirleri ony Isa alaýhyssalam bilen Muhammet alaýhyssalamyň arasynda ýaşap geçen pygamber hasaplaýarlar. Käbirleri bolsa ony Allanyň keramatly bendesi we Isa alaýhyssalamyň dinine we Injil kitabyna uýup ýaşan hasaplaýarlar. Onuň gubury şu mahal Eýrandaky Türkmen sähranda Kümmethowuzyň demirgazyk gündogarynda Etrek we Gürgen derýalarynyň aralygynda ýerleşýän onçakly uly bolmadyk bir dagda ýerleşýär.

* * *

Alahekek çagyrylsa jogap berýär. Eger ol özi üçin saýralsa ses çykarmaýar. Ol gymmatbaha zatlary gizläp goýýar, soň ýoldaşyna seslenýär. Soň onuň bilen gymmatbaha daşlary gizläp goýan ýerine gidýär we ol ýerde durýar. Ony tä tapýança gözleýär.

* * *

Ýalpyldawuk guş örän kiçi guşdur. Eger ol gündiz uçsa, beýleki guşlara meňzeşdir. Eger gijesine uçsa, ol göýä süýnen ýyldyz ýaly ýa-da ýanyp duran çyra ýaly bolup görünýär.

* * *

Abdylla ibn Japaryň ýanyna bir çarwa aýal gelipdir. Onuň elinde hem towuk bar eken. Ol aýal:

— Alla işiňi oňuna etsin. Men bu towugymy öýümde saklaýaryn. Onuň bilen bir düşekde ýataryn. Ony göýä gyzym ýaly gije gujagymda ýatyrýaryn. Men ony iň hormatlanýan ýere ýerlemek niýeti bilen beýik we gudratly Allanyň ýoluna sadaka aýtdym. Eý, möminleriň emiri! Men oňa seniň garnyňdan başga has mynasyp ýer tapmadym — diýipdir. Abdylla onuň sözüne gülüpdir we oňa peşgeş bermegi emr edipdir. Ol aýal bolsa:

— Alla işiňi oňuna etsin. «Alla isrip edenleri söýýän däldir»[1] — diýipdir.

---

[1] Gurhanyň «Engam» süresiniň 141-nji aýaty.

# TOGSAN ÝEDINJI BAP

## ÇYBYN-ÇIRKEÝLER, SIŇEKLER, KEBELEKLER, ARYLAR, ÇEKIRTGELER WE ŞUŇA MEŇZEŞLER HAKYNDA

Pygamber alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Allatagala müň görnüş jandar ýaratdy. Olaryň alty ýüzi gury ýerde, dört ýüzi deňizde ýaşaýar. Kyýamat golaý gelende, çekirtgeler ilki heläk bolar, soň beýleki jandarlar ýok bolarlar».

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Eger isleseň çekirtge barada gürrüň bereýin. Onuň iki sany gyzyl aý ýaly nurly gözi bar. Onuň gözi ýanýar, gulaklary gizlin, agzyny dogry açýar, güýçli duýgusy bar».

* * *

Çekirtgäniň gyllygy zäherdir, oňa näme degse ýakar.

* * *

Halypa Mamun şeýle diýipdir:

— «Eger arynyň çakan ýerinden gögeýin hem çaksa köşeşýär» diýdiler. Meni ary çakdy, men oňa ýigrimi gögeýiniň iňňesini sokdum, emma köşeşmedi — diýipdir.

Onda oňa:
— Seni çakan ol ary tarpa-taýyn öldürýän zäherli arydyr. Eger sen şeýle etmedik bolsaň, seni öldürerdi — diýipdirler.

* * *

Aýdylşyna görä, Resulallanyň süýt enesi Halymanyň perzentlerinden bir adam Allanyň ýaradan jandarlarynyň ählisini awlar eken. Olary ussatlyk bilen eldekileşdirer eken. Onuň bu meselede ussatlygynyň biri hem ol möjegi eldekileşdirip, onuň bilen keýikleri we tilkileri awlar eken. Ol ondan otuz parsah uzaklaşyp, ýene yzyna gaýdyp geler eken. Ol ýolbarsy hem eldekileşdirip, bu işiň ussady bolupdyr. Ol onuň bilen eşekleri, sygyrlary we uly ýabany haýwanlary awlar eken. Hatda ol siňekleri tutmak üçin arylara hem tälim öwredipdir.

* * *

Bal ary erbet ysly ýere barmaýar we atyryň üstüne gonmaýar.

* * *

Halypa Mamun hutba aýdyp durka gözüne siňek gonupdyr we ol ony kowupdyr. Soň siňek ýene gelip gonupdyr we ol hutbasyny kesipdir. Haçanda namaz okap bolansoňlar, ol Abu Huzeými ýanyna çagyryp:
— Allatagala siňegi näme üçin ýaratdy? — diýip sorapdyr.
Onda ol:
— Onuň bilen tekepbirleri peseltmek üçin — diýip jogap beripdir.
Mamun:

— Sen dogry aýdýaň — diýipdir we oňa sylag-serpaý beripdir.

* * *

Aýdypdyrlar: «Allatagala siňek bilen ynsana ýagşylyk etdi. Sebäbi siňekler ganatlary bilen howada uçup ýören tozanlary ýatyrýarlar. Eger olar şeýle etmeseler, yssy zerarly porsan zatlaryň ysyndan ýaňa ynsanlaryň ýaşaýşy erbet bolardy. Gyşda bolsa sowuk howa yslaryň ýaýramagyna böwet bolýar».

* * *

Jahyz şeýle diýipdir: «Siňekleriň peýdalarynyň biri hem ol sürme bilen bile ýakylýar we sürme bilen bile göze çalynýar. Haçanda aýallar ony gözlerine sürme hökmünde çalanlarynda gözleri has owadan bolýar. Biz dellekçiniň siňegi ulanýandygyny we gelenlere ony maslahat berýändiklerini gördük».

* * *

Kim özüne berlen zada kanagat edip, oňa razy bolmasa, gözleri has ýokardaky zatlara tamakin bolsa we öňünde duran howpa seretmese, ol kişi göýä agaçdyr otlar bilen kanagatlanman, ýaş piliň gulagyndan akýan suwa meýil eden siňek ýalydyr. Pil gulagyny bir bulaýlaýar welin, ol heläk bolýar.

* * *

Ýolbarsyň siňeginiň öňünde hiç zat durup bilmeýär. Ol arydan hem, içýandan hem erbet çakýar. Ol göýä it siňeginiň iti dişleýşi ýaly, ýolbarsy dişleýär. Ol ýolbarsy görse, endamyna gonup, ýolbars tä ony öldürýänçä, ondan dişini aýyrmaýar.

* * *

Siňekler çarwa arabyň ýüz-gözüne gonup, oňa azar baryny beripdirler. Ol: «Bular tomus siňegi däl, bular söweş siňegi» diýipdir.

* * *

Bal arylary bir ýere jemlenýärler we edilmeli işleri öz aralarynda paýlaşýarlar. Käbirleri bal ýasaýar, käbirleri mum ýasaýar, käbirleri öý gurýar, käbirleri suw çekýär.

* * *

Jahyz şeýle diýipdir: «Çybyn gäwmişiň derisiniň aňyrsynda ganyň bardygyny bilýär. Bu ganyň özüne iýmitdigini hem bilýär. Şonuň üçinem ol özüniň ejizdigine garamazdan, hiç hili güýç sarp etmezden bu galyň, berk, gaty derini deşip, oňa neşderini sançýar. Eger sen ony berk, galyň, ujy ýiti ýarag bilen deşjek bolsaň, ýaragyň ötmez, döwüler».

* * *

Jahyz şeýle diýipdir: «Gäminiň serkerdesi bir deňizçä gaharlanypdyr we Basra tokaýynda ony daňyp çybynlaryň arasynda goýupdyr. Deňizçi serkerdä ýüzlenip:

— Meni islendik ölüm bilen öldür we meni rahatlandyr — diýip gygyrypdyr. Serkerde onuň aýdanyny etmändir. Ol bir sagatlap gygyryp durupdyr. Soň onuň gygyrmagy iňňildä öwrülipdir, soň bolsa sesi ýitipdir. Serkerde baryp görse ol eýýäm ölüpdir. Özi hem garaýagyz adamdan hem has garalypdyr we çişirilen meşikden hem has erbet çişipdir. Bularyň hemmesi hem iki agşamyň (ilkiagşam we giç agşam) arasynda bolup geçipdir.

* * *

Men bu hekaýaty bir çarwa araba gürrüň berdim. Onda ol çybynlaryň bir sagadyň içinde ýük atyny öldürýändiklerini aýtdy.

* * *

Şahyr şeýle diýipdir:

Nähili bir oňat öý — öýi Abu Dessaryň,
Gorkuzmaýan bolsady çybyn il-günüň baryn.

Abu Dessar – ýykyljak bolup duran külbäniň lakamydyr.

* * *

Çöl tagtabiti göýä Ahwazyň sary içýanlary we Şährizoryň içýanlary ýaly meşhurdyr. Käwagt çölde serhoş bolup uklap galan adamda diňe arassa süňkünden başga hiç zady galmaýar.

* * *

Çybyna «wyzzyldaýan rehimdar» we «şygyr aýdyjy» diýýärler.

* * *

Ýemenli bir garry şeýle gürrüň beripdir: «Men ýylanyň bir düýäni çakandygyny we düýäniň hem ölendigini gördüm. Şol wagt onuň töwereginde bolan guşlar we ýyrtyjylar ony iýdiler. Haýsy jandar ondan iýse ol hem şol ýerde ölýärdi. Diňe üstünde bar bolan çybynlara hiç zat bolmady. Ondan baryp dadan haýwanlar hem öldüler. Has geň tarapy hem bu kiçijik ejizje jandar ondan iýse-de, oňa hiç zat bolmaýar. Şol wagt çybynlaryň biri meniň ýüzüme gelip gondy we çakdy. Meniň

kelläm çişdi. Meni öýüme zeňňä salyp getirdiler. Soň meniň ýüzümiň we kellämiň saçy düşdi. Men muňa garşy ähli emleri ulanyp bejerjek boldum. Hiç haýsy peýda bermedi. Şeýdip men kel bolup galdym».

* * *

Eger kebelek gije uçsa, onda «şer uçýar» diýip ynanýarlar.

* * *

Eger eşek aňňyrsa, çybyn doňup galýar.

## TOGSAN SEKIZINJI BAP

## MÖR-MÖJEKLER, ÝER JANDARLARY WE ŞUŇA MEŇZEŞLER HAKYNDA

Halyt ibn Welit Seýfylla[1] şeýle diýipdir: «Men Resulalla bilen pygamberimiziň aýaly Meýmunanyň öýüne bardyk. Onuň ýanynda Nejdden gelen aýal dogany Hafyda binti Harysyň getiren guradylan hažžyk eti bardy. Hažžyk Resulallanyň öňüne getirildi. Resulallanyň öňüne bir zat getirilende ol barada gürrüň berýärdi ýa-da onuň adyny aýdýardy. Resulalla elini hažžyga uzatdy. Şol wagt myhman bolup gelen aýallaryň biri:

— Resulallanyň öňüne näme getirendigiňizi aýdyň — diýdi.

Onda aýallar:

— Eý, Allanyň ilçisi ol hažžykdyr,— diýdiler. Resulalla hem elini galdyrdy.

Men oňa:

— Eý, Allanyň resuly hažžyk harammy? — diýdim.

Ol:

---

[1] Halyt ibn Welit – sahaba we serkerde. Köp ýerleri basyp alyp, musulman edýär. Onuň lakamy «Seýfulla» (Allanyň gylyjy) bolupdyr.

— Ýok — diýdi. Men hem onuň etinden çeýnedim we iýdim. Resulalla hem seredip durdy we maňa hem gadagan etmedi.

* * *

Jabyr şeýle diýipdir: «Resulallanyň öňüne hažžyk getirdiler. Ol ondan iýmedi».

* * *

Hezreti Omar (goý, Alla ondan razy bolsun!) şeýle diýipdir: «Resulalla şeýle diýdi: «Allatagala hažžykdan birnäçe kişilere peýda berýär. Hažžyk ähli çopanlaryň iýmitidir. Eger ýanymda bolsady menem iýerdim. Ýöne Resulalla ondan iýmedi we daş durdy».

* * *

Fykh alymlarynyň biri hažžyk iýip ýören bir adama: «Bilip goý. Sen Beni Ysraýylyň garrylarynyndan bir garryny iýdiň» diýipdir.

* * *

Hažžygyň guýrugy güýçlüdir. Ol onuň ýaragydyr. Onuň guýrugynda edil bürgüdiň penjesindäki ýaly güýç bar. Käwagt ol guýrugy bilen urup ýylany çapýar ýa-da bölek-bölek edýär.

* * *

Hažžygyň tezegi gözüň agynyň uçganaklamagynda emdir. Araplar ony arkalary sanjana-da em hökmünde ulanýarlar.

* * *

Ibn Aşgas hutbada:

— Eý, adamlar! Siziň guýrugy bilen saga we çepe urnup, soň bolsa ölüp galýan zemzenden başga hiç hili duşmanyňyz galmady – diýipdir. Şol wagt kuraýyş taýpasyndan bir adam geçip barýar eken. Ol:

— Şu adam aýdýan pikirleri üçin Alladan utansyn. Ol dostlaryna hüşgärsizligi we taýýarlykly bolmaklygy terk etmegi öwredýär — diýipdir.

* * *

Eger alaka biçilse, ähli alakalary iýýär. Aýdylypdyr: «Biçilmek ähli erkek jandarlary ejizledýär, diňe alaka ejizlemeýär. Gaýtam, tersine, biçilme oňa güýç-gaýrat we batyrgaýlyk berýär. Hatda uly alakalar pişikleri we samyrlary hem ýeňýärler ýa-da olary öldürýärler».

* * *

Syçanyň tezegi saç düşmä peýdadyr.

* * *

Ynsanlaryň içinde käbir adamlar ýolbarsyň üstüne münýär, ýylany eline alýar, emma alakanyň ýüzüne-de seredip bilenok. Haçanda alakany görende, titräp-sandyrap özüni ýitirýär. Emma gylyjyň öňünde durup, kelle bermeli bolsa-da titremeýärler.

* * *

Pişik özüniň tezegini syçanlaryň ysyny alyp, özünden gaçmaz ýaly we ysy gelmezligi üçin gömýär. Mundan hem olaryň edýän işine seredip aýplary gizlemekligi öwrenipdirler. Olar käbir haýwandan hem has beter bolan ynsanlar ýaly özleriniň aýyplaryny açyk taşlamaýarlar.

* * *

Käwagt pişik ýerde bolýar, syçan bolsa üçekde. Pişik syçana däl-de başga zat üçin mawlaýar. Emma syçan gorkujyna ýere düşýär, pişik hem ony iýýär.

* * *

Abu Zeýt Ensary şeýle diýipdir: «Bir gezek Rubäniň ýanyna bardym. Görsem ol alaka tutup, iýip oturan eken. Ol maňa: «Ol hažžykdan we atýalmandan has gowudyr. Sebäbi ol hurma bilen çörek iýýär» diýdi».

* * *

Kyssaçynyň şeýle diýýändigini eşidipdirler: «Eý, Allam! Biz üçin alakalary köpelt, hajjyklary azalt».

* * *

Ýylan alakalary ýuwudýar. Aýdylyşyna görä, ýylan ony ýuwutmak bilen derisini we bedenini berkleşdirýär. Emma kepjebaş ýylany syçany iýýär. Käwagt başam barmak ýaly galyňlykda bolan ýylanlar bir zirag ýaly bolan alakalary ýuwudýarlar.

* * *

Çaganyň içi gatasa, syçanyň tezegi ýumşadylyp içirilse şypa tapar.

* * *

Şamly bir adam bir alaka duş gelipdir. Ol alaka hininden birnäçe dinar çykaryp, olary üýşüripdir we oýnamaga başlapdyr. Soň ýene hinine girip-çykypdyr we dinarlaryny ýygnapdyr. Şeýle hem ol bir alakanyň bökjekleýändigini we özüni ýere urup öldürendigini görüpdir.

* * *

Körsyçan kör we kerdir. Ol hininden çykýar, onuň agzynda durýar we agzyny açýar. Siňek gelip onuň eňegine gonýar ýa-da eneginiň töweregine aýlanýar. Ol ony demi bilen özüne çekýär. Ol munuň özüniň rysgalydygyny we nesibidigini bilýär. Ol hinindäki gumlary çykarýar we hininiň daşyna üýşürýär. Bu gum bogun agyry keseline şypadyr. Ony suw bilen garyşdyryp, agyrýan ýere ýapmaly.

* * *

Kirpi haçanda derisini düşürende, aýak we ýag bolup galýar. Araplar kirpiniň etini lezzetli hasaplaýarlar. Kirpiniň eti iç ýellenmesine peýdalydyr. Onuň daşyna çybynlar we bitler üýşýärler, sebäbi ol diňe gije görünýär.

* * *

Ubda ibn Taýýyp şeýle diýipdir:

Garaňkylyk düşende, gelende gözel gije,
Kirpiler biti bilen çykdylar gezelenje.

* * *

Kirpileriň içinde adaty kirpilerden has uly bolan kirpiler bar. Ýagny oklukirpiler. Olaryň uzyn tikenleri bar. Ol bu tikenlerini dikeldýär. Bu tikenler hem göýä ok ýaly bolup galýarlar.

* * *

Siňekler ýük atynyň üstüne gonup, ony hümer bolup üýşüp dişleýärler. Allatagala ata guýrugyny hereketlendirmek arkaly, oňa siňekden goranmak mümkinçiligini beripdir.

* * *

Ynsanlardan hem käbirleri iki gulagyny gymyldadpýar. Käwagt hem diňe birini gymyldadýar. Hatda käbiri diňe ýeke gözi bilen aglaýar. Ýemenli biri şeýle gürrüň berýär: «Ýük atlarynyň biriniň kellesinde şah çykdy. Ol şahyny dikeldip bilýärdi».

* * *

Bir adam Abdylla ibn Zubeýre hutba aýdyp durka, bir söz bilen garşy çykypdyr, soň bolsa aşak egilipdir. Abdylla oňa: «Oňa näme bolýar, Alla belasyny bersin. Ol öňürti tilki ýaly uwlady, soň bolsa kirpi ýaly togalandy» diýipdir.

* * *

Biri şeýle gürrüň beripdir: «Men bir ýylanyň iki şahly uly tekäni ýuwdandygyny gördüm. Emma onuň şahyny ýuwdup bilmedi. Ol tekäniň şahlaryny iki baka urup, ahyry döwdi, soň olary ýuwutdy».

* * *

Aýtmaklaryna görä, Hebeşistanda üstüne münüp uçulýan ýylanlar bar. Şeýle hem eger domalan çüýrese, ondan ýylan emele gelýärmiş. Geň tarapy hem ol ýylan asla suw içmeýärmiş. Eger şerap tapsa welin, tä serhoş bolýança ondan ganmazmyş.

* * *

Abu Haýýan (diri zatlaryň atasy) we Abu Ýahýa (dirileriň atasy) lakamlary ýylanlaryň lakamydyr. Sebäbi olar müň ýyl ýaşaýarlar.

* * *

Ýylanyň aýagy ýokdur, ol garny bilen süýrenip ýöreýär.

* * *

Ýylanlaryň derileri hiç aýrylmaýarlar. Aýrylýan onuň derisiniň daşyndaky gowudyr. Onuň gowy ýylda täzelenýär. Şeýle hem ol içindäki çagasyny hem atýar (düşürýär).

* * *

Guşuň täzelenmegi – ýeleginiň täzelenmegidir. Düýäniňki – köşek atmagydyr. Keýigiňki – şahyny düşürmegidir. Agajyňky – ýapragyny dökmegidir.

* * *

Hažžyk käwagt ynsany görende çişýär we haýbat atyp üstüne sürünýär. Ynsan hem onuň bu häsiýetini bilmeýändigi üçin ondan gorkýar. Ýogsam, ondan peýda hem ýok, zyýan hem.

* * *

Majin Medinede gezip ýörkä, içýan çakan bir kişini görüpdir we oňa:

— Saňa onuň dermanyny salgy bereýinmi? — diýipdir.

Ol:

— Hawa — diýipdir.

Majin oňa:

— Sen ertire çenli gygyr — diýipdir.

* * *

Biri şeýle gürrüň beripdir: «Çölde ýylanlaryň bir düýäni çakandygyny we köşeginiň hem ony emýändigini gördüm. Düýe bolsa titräp ýatyrdy. Köşek ýere öli ýykyldy. Men

zäheriň süýde şeýle çalt geçendigine haýran galdym. Ýagny köşegi enesini emendigi üçin enesinden öňürti öldi».

* * *

«Katul içýanlary» diňe biri-birlerini çakanlarynda ölýärler. Emma beýleki içýanlar çaksalar ölmeýärler.

* * *

Humusyň topragynda içýan ýaşamaýar. Humusyň ýaşaýjylary munuň jadylanma sebäplidigini aýdýarlar. Eger ol ýere içýan gelse, şol sagadyn özünde ölýär.

* * *

Pygamber alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Allatagala içýana lagnat etdi, ondan erbet zat ýokdur! Ol möminem, kapyram, pygamberem, zimminem[1] çakýar».

* * *

Içýan bir gezek ysmaz bir adamy çakypdyr. Ol ysmazlykdan açylypdyr. Göwreli aýaly içýan çaksa göwresindäki çaga käwagt ölýär, käwagt bolsa oňa zyýan ýetmeýär. Içýanyň iň zäherli çakyşy hininden ýaňy çykan mahalyndadyr».

* * *

Araplaryň garrylary zemzeni we kirpini öldürmeýärler. Olary awlamagy maslahat bermeýärler. Sebäbi olar ýylanlary öldürýärler we peýda berýärler diýip ynanýarlar.

---

[1] Zimmi – gaýry musulmanlar.

* * *

Bir adam uçýan garynja sögünipdir. Bekr ibn Abdylla Muzeni oňa: «Näme üçin beýle edýärsiň. Ol müşrükleriň Resulalla garşy şertnamasynyň kagyzyny iýdi ahyry[1]. Jynlar olar arkaly habarlaryny aýdýarlar. Eger jynlar gaýypdaky zatlary bilsediler, pes bolan azabyň içinde galmazdylar» diýipdir.

* * *

Abu Hureýra eşiklerindäki büreleri aýryp, bitlere degmeýär eken. Enes ondan sebäbini sorapdyr. Ol: «Öňürti atlylardan başlaýaryn, soň pyýada goşuny ýok edýärin» diýdi.

* * *

Gazawada giden bir goşuna Damask we Antakyýa büreleri düşüpdir. Olar ondan diňe Hytaý ýüpek köýnegi bilen halas bolupdyrlar. Olar bu ýüpekden uzyn ýeňli we uzyn bedenli edip lybas tikinipdirler. Şeýdip rahat ýatypdyrlar.

* * *

Bitler eşige, gyllara we saça ýaýran dere we kire barmaýarlar. Olar diňe bular aýdylan ýerlerde porsap yslananson barýarlar.

* * *

Ýahýa ibn Halyt Barmaky şeýle diýipdir: «Iki zat bitiň aýrylmagyna sebäpdir: gury injiri köp iýmek we süýdüň bugy. Ynsanlaryň köpüsiniň eşigi bitleýär, diňe bolluk içinde ýaşaýan hyzmatkärleriňki bitlemeýär. Käwagt ynsan tämiz bolup,

[1] Müşrikler özaralarynda Resulallnyň garşysyna bir şertnama baglaşyp ony Käbäniň diwarynda asyp goýýarlar, ýöne garynjalar ony iýip, diňe Allanyň ady ýazylan ýeri goýýarlar.

eşiklerini çalşyrynyp we atyr sepinip gezse-de, ol tebigy taýdan bitleýär».

* * *

Şeýle hem Abdyrahman ibn Awf Zubeýr ibn Awwan dagylara hem bit düşüpdir, Resulalla olara ýüpek eşik geýmegi maslahat beripdir.

* * *

Eger ketekleri arassa bolmasa bit towuga we kepderä hem düşýär. Şeýle-de maýmyn hem bitleýär. Ýöne ol tutan bitlerini, agzyna salýar.

* * *

Muhammet ibn Zebide Halypa Mamunyň söweşýän günlerinde syýahata çykypdyr. Ol aýlanyp ýörkä meýhanada mes bolup oturan akmaklary görüpdir. Olaryň ýanyna baryp, gürrüňlerini eşidesi gelipdir. Onuň donunynyň üstüne bir bit gaçypdyr, hyzmatkärleriniň biri hem ony alyp iýipdir. Ol oňa:

— Sen näme iýdiň? — diýip sorapdyr. Hyzmatkär hem oňa bolan zady aýdypdyr.

Ol:

— Ony maňa görkeziň, men onuň adyny eşidýän, emma göremok — diýipdir.

Hyzmatkär:

— Allanyň nähili işleri bar eken. Käbirlerini asmana galdyrýar, käbirlerini bolsa toprakdan hem peseldýär — diýipdir.

* * *

Bitiň reňki ýaşaýan ýerlerine görädir. Eger saçy ak bolsa, bit hem ak bolýar. Gara bolsa, gara bolýar. Boýalan saçda

gyzyl, agaran saçlarda ýalpyldawuk, reňkleriň dürli bolan ýagdaýynda dürli reňkde bolýar. Eger agarsa agarýar.

Şeýle hem ekin gurçugy, çekirtgesi we siňegi ýaşyl bolýar.

* * *

Lukman Hekim şeýle diýipdir: «Eý, oglum! Garynja senden akylly däl, emma ol tomusda gyşy üçin azyk ýygnaýar».

* * *

Omar ibn Abdyleziz şeýle diýipdir: «Alla Zyýadyň belasyny bersin! Olary göýä garynjaň ýygnaýşy ýaly ýygnady, soň göýä rehimli enäniň gujaklaýşy ýaly gujaklady».

* * *

Eger myşýakly ýa-da kükürtli suw bilen garynjalaryň hini öllense olar göçýärler we gaçýarlar. Şeýle hem olar gara sakyzyň we keýigiň şahynyň tüssesinden hem gaçýarlar.

* * *

«Afrin ýolbarsy» atly möý alty gözli möýdür. Ol siňekleri geçigaplaňlaryň duzagy bilen awlaýar. Ol siňegi görende ýerde tor gurýar we onuň töwereginde oturýar. Siňek oňa gelende onuň üstüne topulýar we sypdyrmaýar.

* * *

«Ýer domalany» – gyzyl tegmilli jandarjykdyr. Ol göýä ak balyk ýalydyr. Ol aýalaryň owuçlaryna meňzeýär.

* * *

Öldüriji içýanlar Şährizorda we Ahwazyň obalarynda bar. Nusaýbiniň içýanlary hem Şährizordan gelendir. Sebäbi içýanlardan gorkandyklary üçin olaryň hemmesi ýygnanyp, Keýsana zyňylypdyr. Şol ýerde hem olar köpelipdirler.

* * *

Içýan çekirtgäni arka tarapyndan ýaralaýar we onuň hinine girip, oňa ýapyşýar. Oňa iňňesini birnäçe gezek sokýar. Içýan ol ýerde galmaýar we çekirtgäni hem alyp çykýar.

* * *

Ine-de, kitap soňlandy. Welhamdu lillähi rabbil-alemin we sallallahu alä seýýidinä Muhammedin we älihi we selleme teslimen kesira[1].

Bu kitap 534-nji hijri ýylynda[2] tamam boldy. Alla bu kitabyň peýdasyny artdyrsyn, özüniň jomartlygy we rehmeti bilen ony haýyrly etsin!

---

[1] Salawatyň manysy: «Älemleriň Rebbi bolan Alla öwgi bolsun, pygamberimiz Muhammet alaýhyssalama, onuň neberelerine köp salawatlar bolsun!».

[2] Bu sene 1140-njy milady ýylyna gabat gelýär.

MAHMYT ZAMAHŞARY

# ALTYN HALKALAR

أبو القاسم محمود بن عمر جارالله الزمخشرى

# أطواق الذهب

**Arap dilinden terjime eden**
**we çapa taýýarlan**
**Rahman Ilmämmedow**

*XI-XII asyrlarda ýaşap geçen meşhur türkmen alymy Mahmyt Zamahşarynyň «Altyn halkalar» atly edebi kitaby Türkmenistanyň Ömürlik Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň howandarlygynda ilkinji gezek neşir edilýär. Kitabyň türkmen diline terjimesi eseriň Stambulda saklanýan golýazma nusgasy esasynda taýýarlandy.*

*Adamzat nesliniň ruhy gymmatlyklary bolan pähim-paýhaslary, pendi-nesihatlary we öwüt-ündewleri özünde jemleýän bu kitap türkmen genji-hazynasynyň bir bölegidir.*

# GIRIŞ

## BISMILLÄHI-R-RAHMANY-R-RAHYM

Bizi özüniň soňsuz nygmatlaryna gowuşdyryp, her dürli belalardan goraýan Allam! Saňa soňsuz şükürler bolsun. Eger fazl-y[1] keremiň gazabyňdan üstün bolmasady, men rehmetiňe däl-de, gazabyňa duçar bolmaga laýykdym. Hiç bir bendäň hamd-y[2] senasy Seniň nygmatyň öwezini tutup bilmez. Kim saňa hernäçe hamd-y sena aýdyp, munuň üçin bar güýjüni sarp etse-de, aýagy duşakly at ýaly Seniň nygmatlaryňa şükür bilen ýetmekde nogsana galar. Seniň keremiň belent başly miwe agajyna meňzeýär. Diňe şükür ganaty bilen uçanlar onuň şahalarynyň aşagyndan geçip bilerler. Ol kerem agajynyň asmana tarap uzalan şahalarynyň aşagynda uçýanlaryň ganatlary, göýä ýere degip durandyr.

Eý, Allam! Saňa öwran-öwran hamd-u sena aýdyp, gullaryňy başgasyna mätäç etmeýän goltgyňy özüme dost we ýardamçy kabul edýärin. Hiç bir janyň oý-pikirine hem gelmeýän, ýekeje gün hem şek-şübhäme sezewar bolmadyk Ylahy ýazgydyň we gudratyň bilen öňki halymdan alyp, öz lutfuň[3] we mähir-keremiň bilen elimden tutup, soňsuz güýç-

[1] Fazyl – mähirlilik, mylaýymlylyk.
[2] Hamd – öwgi aýtmak, taryp etmek.
[3] Lutuf – rehimlilik, merhemetlilik, ýagşylyk.

kuwwatyň bilen biygtyýar özüňe çekip, bu ugurdaky mesemälim bolan her hili aladalary we güýç ýetirip bolmajak kynçylyklary rehmet we mähir nazaryň bilen ýeňilleşdirip, Saňa dönüşimi aňsatlaşdyryp, nebsiň elinden we ýesirliginden halas edip, boýnumy onuň bendilik zynjyryndan gorap, mertebeleriň iň belendi bolan kanagat mertebesine ýetirip, dünýä we onuň zynatyna bolan meýlimi aýyryp, nebsimi dünýäniň süýtsüz göwsünden kesip, ummasyz baýlykdan we mal-mülkden soň terkidünýälik we takwa emlägi bilen baý etdiň.

Eý, Allam! Bir wagtlar günälerimiň öwezi hökmünde ýurdumdan aýra düşmegimiň sebäplerini ýazgaryp diýen ýaly pikirlenmän, ýalbaryp bilmek isledim. Emma Sen meni sypalap diýen ýaly ebedilige barýan bir lutf-y kerem bilen emaýlap, iň mübärek diýar we iň mübärek ynsanyň doglan ýeri bolan Mekgeýi Mukerrem[1] şäherine kabul etdiň. Bu ýerde hem Beýtil-Muazzama[2] bolan Käbäni togap we hajyň dessurlaryny berjaý etmegi nesip etdiň. Şeýle bir ýerde myhman bolmagy nesip etmek şerefi[3] bilen şereflendirip, abraýlaryň iň beýigine ýetirdiň.

Eý, Allam! Senden pygamberleriň soňkusy, umuman, seniň dostlaryň jenaby bolan Hezreti Muhammet Mustafa (sallallahy alaýhy we sellem) we onuň her biri hidaýat ýyldyzy[4] bolan takwa we ýagşyzada sahabalaryna, onuň ähl-i beýtine[5] rehmet we salamat nazary bilen bakmagyňy nyýaz edýärin. Imanymyň, hal-hereketlerimiň, bilip we görüp eden ähli hyzmatlarymyň, galamymyň ýazanlarynyň we indi

---

[1] Mukerrem - hormatly, hormatlanýan.
[2] Beýtil-Muazzama - Belent öý.
[3] Şeref – at-abraý, mertebe.
[4] Hidaýat ýyldyzy - dogry ýoly görkezýän ýyldyz.
[5] Ähl-i beýt - pygamberiň nesil-neberesi.

ýazjaklarynyň, kalbymda dörejek ýagşy niýetleriň, şu mahal emele gelen makalalarymyň Kerim bolan sypatyň hormatyna okajaklaryň bagtlylygyna sebäp bolmagyny isleýärin.

Bu ýazanlaryma hemme ýerde — demirgazykda we günbatarda, peýdalanylýan we gözlenilýän ýazgylar bolmak bereketini nesip et.

Bu makalalaryň Seniň mübärek we mukaddes ýerleriň bolan Käbede ýazylandygy we emele gelendigi üçin Ylahy razylygyňa laýyk makalalar bolup, gorag-penaňda bolmagyny, muny okanyň, ýazanyň, öwredeniň we öwreneniň peýdalanmaklaryny çyn ýürekden arzuw we nyýaz edýärin.

Eý, Allam! Sen bütin haýyrlaryň eýesi we hormatlanýanysyň, goraýany we beýgeldýänisiň.

Seniň peseldeniňi beýgeltjegiň bolmaýşy ýaly, gazabyňa sezewar bolany hem halas edip biljek hiç hili güýç-kuwwat ýokdur.

## 1. *Bilim we takwaçylyk hakda*

Biliminiň we dindarlygynyň saýasynda beýgelen bir adamy garyplyk we ýoksullyk kiçeltmez. Eger bir adam erbet ahlagy we nadanlygy sebäpli abraýdan düşse, baýlygy we dogan-garyndaşlarynyň köplügi ony beýgeltmez.

Ylym adamy erbetliklerden iň gowy goraýan bir atadyr. Takwa bolsa özüne sygynany bagryna basyp saklaýan enedir.

Eý, ynsan ogly! Ylma we takwa sygyn, iki eliň bilen olaryň üzeňňisine ýapyş, megerem, Alla seni nygmatyna gark eder we ömrüňi gowy günler bilen geçirer.

## 2. Men-menlik hakda

Eý, ynsan ogly! Ýaradylyşyň gury palçykdandyr. Içiň bolsa men-menlik, tekepbirlik we ulumsylyk bilen doly. Saňa bakýaryn. Käwagt geçmişiň bilen öwünýärsiň, käwagt hem baýlygyň, emlägiň, aslyň bilen öwünýärsiň. Men-menlik, tekepbirlik we ulumsylyk bilen başgalara pes bakmak, olary kiçi görmek, olardan ýüz öwürmek, heý-de saňa ýaraşarmy? Ata-babalaryň ululygy bilen hem öwünme! Seresap we hüşgär bol!

Dostum! Nämä münjegiň we nähili ýagdaýda boljagyň hakda pikir et! Gel, şu ýaramaz pişeleriňi azalt, ynsanlyga gelişmeýän men-menligi, tekepbirligi we ulumsylygy terk et!

## 3. Gaflatdan oýanmak hakda

Eý, ynsan ogly! Ömrüň harasat ýaly geçip barýandyr. Sen bolsaň gysyr garaýyşlaryňdan emele gelen gaflat we haýranlyk bilen bu pany älemde asyrlar boýy baky galmaklyga umyt edýärsiň.

Seniň ömrüň hemmesi gündiziň ýagtysy we gijäniň garaňkylygy derejesindedir. Wagtyňy gaflat ukulary bilen geçirme. Yhlaslylyk we gaýratlylyk atyny eýerläp, salamatlyk menziline ulaşan atlylardan birine boýun bol!

## *4. Gopbamsyramak hakda*

Boýy uzyn bir pürse meňzeýän, burny ulumsylyk we tekepbirlik howasy bilen dolan, şalyk lybaslarynyň içinde öz-özünden göwni hoş gopbamsy bir ynsanyň bu ýagdaýy ol ynsana sogap gazandyrarmy ýa günä? Bu ahwalat ol ynsanyň bütinleý gaflatdadygyny görkezýär. Uly günäleriň biri hem etegi ýerde süýrenýän, ulumsylyga we tekepbirlige sebäp bolýan lybasdyr.[1]

Eý, akmak adam! Eý, Allanyň rehmetinden daş düşen! Aýt maňa, haçana çenli bu geýýän lybasларyň bilen gopbamsyrap, lybaslaryňy ýerde süýremegiňi dowam etdirjek?! Üstünde ulumsylyk we tekepbirlik bilen gezen ýerleriň, biraz möhlet geçensoň daşyny, topragyny seniň üstüňe mündürip, seni her hili azap bilen aşagynda bükreldip, seniň agramyň birnäçe essesi bilen bagryňy para-para eder.

---

[1] Myhammet alaýhyssalamyň hadyslarynyň birinde «Lybaslary welileriňki, ahlaklary biabraýlaryňky ýaly bolanlaryň waý halyna» diýýär.

## 5. Ölümden gapyl bolmazlyk hakda

Doganjygym, nirede atalaryňyz we eneleriňiz?! Düşündirip bilersiňizmi? Nirede dost-ýar, dogan-gardaş?! Daş we ýakyn goňşular?! Bir-biriniň derdini deň paýlaşan dostlar we ýaranlar?!

Allatagala olaryň hemmesiniň ýokdan bar bolmaklaryny takdyr edişi ýaly, ýok bolup gitmeklerini hem takdyr etdi. Ynha, olar araňyzdan hem aýryldylar. Göýä hiç ýaşamadyk ýaly, ýerleri çolaryp galdy. Bir wagtlar öňküleriň ýaşap, galdyryp giden boş diýarlary nesihat aljak zyýaratçylara nesihat bermäge, duýduryş berilmeli gapyllara hem duýduryş bermäge ýeterlikdir.

## 6. Doga-dileg etmek hakda

Seniň gulluk edýän Allatagalaň seniň hemme edýän işleriňi heniz etmänkäň bilýändir. Seniň doga-dileg edýän Allatagalaň seniň üçin nämäniň haýyrlydygyny senden has gowy bilýändir.

Eger beýle bolýan bolsa, doga-dileg edýärin diýip, düýäniň bögürşi ýaly sesler, kere ýüzlenýän ýaly gykylyklar nämä derkar?!

Eger sen bitgata[1] däl-de, sünnete[2] meýilli bolsaň, göz üçin we ýalandan däl-de, bendesiniň kalbyndakylary hem has gowy bilýän, nebsiň waswasylaryndan we gizlin duzaklaryndan elmydam habarly bolan Allanyň razylygyny isleýän bolsaň, onda şuny gowy bilmelisiň. Göz üçin, görünmek üçin edilen amallar, nebsiň haý-u höweslerinden we arzuwlaryndandyr. Allatagala edýän doga-dilegiňi gizlin et. Gowy edip ýaşyr. Hemmelere görkezip, gykylyklap edilen doga-dilegler nebsiň islegidir. Nebsiň ähli isleglerini kes! Ony arzuwlaryndan mahrum et!

Düýäniň gowusy ýuwaş bolanydyr, ýaýyň gowusy bolsa sessiz giden ýaýdyr. Hatyň we şerbetleriň gowusy bolsa, agzy mäkäm ýapylgysydyr.

---

[1] Bitgat – dine girizilen täzelik, dinde ýok zat.

[2] Sünnet – pygamberiň ýoly.

## *7. Şan-şöhrat hakda*

Bir ynsany adamlaryň arasynda hetden aşa öwüp, hormatlamak we ulaltmak hakykatda ony peseltmekdir. Ony şöhratlandyryp, hemmelere tanatmak bolsa, hakykatda onuň at-abraýyny bütinleý pese gaçyrmakdyr.

Eger şeýle bolýan bolsa, pespälligi şan-şöhrat bilen, ýaşyrynlygy we öz ýagdaýyňa görä gymyldamagy bolsa, mal-mülk bilen çalyş. Şeýtseň, mähnet penjesinden halas bolup, gizlin öýke-kineden, bahylçylykdan daşda bolup,[1] bagtly ýaşarsyň.

Dünýäde mally-mülkli, şan-şöhratly bolan adam ýa biriniň öýke-kine we bahylçylyk okuna nyşandyr, ýa-da özi birine öýke-kine we bahylçylyk edip, erbet ýagdaýa düşer.

Öýke-kine we bahylçylyk adamyň köňlüni ynjydan iň erbet keseldir. Bular gaýgy-gussa, tolgunma elter. Allatagala bolsa öz islänini ýerine ýetirmäge ygtyýarlydyr.

---

[1] Gurhanyň «Felak» süresiniň 5-nji aýatynda: «Aýt: «Bahylyň bahylçylygyndan Alla sygynýaryn» diýilýär.

## *8. Kalby tämizlemek hakda*

Wah, eger sen köňül salamatlygynda dury suw ýaly arassa, ony şek-şübheden saplamakda kesekä gelin bolup gitjek gyzyň aýnasy ýaly päk, päliňi dürs tutmakda ok we naýza ýaly nyşana dogry urýan, ahyret azygynyň gamyny iýýän adam bolsadyň, nähili gowy, nähili bagtyýar adam bolardyň.

Emma sen tersine, batgalyk suwy ýaly gymyldy-hereketsiz we aýbaşyly zenanyň esgisi ýaly hapaçylyklara bulaşypsyň. Elini gyzgyndan sowuga urmaýan näzenin gözeller ýaly ejizlik görkezmegi özüne endik edinip, ölenden soň diriljeklerine şeki-şübhesi bolanlar ýaly, ahyretiň gamyny iýmegi unudypsyň.

## *9. Abraýsyz we abraýly ynsan hakda*

Meni gowy diňle! Malyna buýsanyp, ony jan-teni bilen söýüp, namysyny bolsa aýak astynda depeleýän binamys pes adamy beýan edeýin.

Bu hili adam mal-mülküne, rahatlygyna zeper ýetmesin diýip, at-abraýynyň pese düşmegine göz ýuman, öz garny doýsa bolýar, çaga-çugasynyň aladasyny hem etmeýän ynsandyr.

Saňa hormatly, abraýly adamy hem beýan edeýin. Meni üns bilen diňle! Bu hili ynsan, ýokarkynyň tersine, baýlygyny namysyna galkan eden, golastyndakylara oňardygyndan ýagşylyk eden, gaharlanan wagty gaharyny ýuwdan, öýke-kinesini ýeňen, «Salyhatly bol, öwülersiň» diýip, öz-özüne nesihat beren, bir işde bisabyr bolsa, «Sabyrly bol, hemmeleriň gözleýäni we gereklisi bolarsyň» diýip, agraslygy we tutanýerliligi wesýet edýän ynsandyr.

## *10. Ýagşy we ýaman dost hakda*

Dostluk guran adamyň saňa dogan ýaly garamagyny dowam etdirdigiçe, sen hem onuň dostluk ýüpüne mäkäm ýapyş. Dostlukdan aýrylmak hakynda pikir hem etme. Ol Hakyň tarapdary boldugyça, onuň bilen hemme ýerde dostlugy dowam et.

Emma, eger tutunan dostuň munuň ýaly däl-de, Allanyň gadagan eden zatlaryna baş goşup, köňlündäki ähli bet pygyllaryny ýüze çykaryp başlasa, onuň dostlugyny bir «aýakgap bagjygyna» sat. Araňyzy baglaýan muhabbet ýüpüniň deregine bir atyň çekisini berse-de, çekisini alyp, ýüpüni ber.

Wepaly dost zähere garşy dermandan hem haýyrlydyr. Biwepa dost bolsa zäherden hem has zyýanlydyr.

## *11. Görelde almak hakda*

Akylly, düşünjeli ynsanlar we ýiti ruhly ärler öňlerinden çykan ähli zada döz gelip, kynçylyklaryň öňünde uklamag-a beýle-de dursun, hatda irkilmezlerem. Olar elmydam hüşgär bolup, iň ownuk bir mysaldan hem uly manylary çykaryp, aýdylan her bir sözden nesihat alyp, görelde dersini alarlar.

Sen hem başyňy ýyldyzlara galdyran wagtyň: «Rabbenä mä halakte häzä batylen»[1] diýip, edep gözüň bilen seret. Bir jynaza göreniňde hem: «Innä lillähi we innä ileýhi rajigun»[2] diýip agla!

Bilip goý! Seni hem ertirki gün tabyda salarlar. Ertire sag-aman çykmazlygyň bolup bilmejek zat däldir.

---

[1] Gurhanyň «Al-i Imran» süresiniň 191-nji aýatynda: «Eý, Rebbimiz! Sen bulary biderek ýere ýaratmadyň» diýilýär.

[2] Gurhanyň «Bakara» süresiniň 156-njy aýatynda: «Biz Allanyň gullarydyrys we oňa gaýdyp bararys» diýilýär.

## *12. Ýagşylyk etmek hakda*

Ölüm habaryň seniň kömegiňe mätäç bolanlary gynandyrýança, olardan kömegiňi we hemaýatyňy gysganma! Garyplykdan ýaňa haly pese gaçan bir din doganyňa kömek berip, ony gaýgy-gamdan halas edip, onuň dilegçilik etmeginiň öňüni almagyň, ýakyp-gowrup barýan yssy howada suwy bol bir çeşme ýaly ynsana şypa we aram berýän zat mysalydyr. Hawa, bu ýagdaýyň seniň haýyrlydygyňa we bagtlydygyňa kepil geçýändir, seniň hormatlanmagyňa we öwülmegiňe bir sebäpdir.

## *13. Gedaýçylyk hakda*

Eý, oňa-muňa el serip ýören dilegçi, eý, jerrar-y[1] betkär, besdir indi! Nähili erbet bir gazanjyň yzyna düşüpsiň. Dünýäde hajatyňy adamlardan dilemek ýaly mertebe we abraý lybasyny köneldýän başga zat ýokdur. Bir döwüm çöregiň agzyňa petik, kanagat hem üýtgemez häsiýetiň bolsun!

Kerim sypatly Allanyň fazl-y keremi elmydam seniň bilen bolar ýaly halkyň malyna göz gyzdyrmagyňy we tamakinçiligiňi bes et!

---

[1] Jerrar - gedaýçylyk edýän.

## *14. Ýaltalyk hakda*

Ýaltalygy, lellimligi taşla! Mesele seniň pikir edişiň ýaly ýeňil däldir. Ölüm habarçysy elmydam gygyryp dur, diriler bolsa yzly-yzyna ölüp durandyr. Ölenler ýene direler. Hemmeler magşar meýdanyna ýygnanarlar. Edilen işleriň hasap-hesibi geçirilip, amallar mizan terezisinde çekiler. Her kimiň sogabyny we günäsini hut Allanyň özi berer. Amal depderçesi hiç bir amaly unutman, öňümize serer. Hemmeler sogaba höwes eder. Emma azapdan halas bolanlar az bolar.

## *15. Zähmet çekmek hakda*

Kynçylyga sezewar bolmazdan aňsat ýollar bilen gazanylan baýlyga we bagtlylyga zähmet çekip, maňlaý deri bilen gazanmak mümkinçiligi bolanyň gözi gitmez. Baýlyk we bagtlylyk göwüsleri her hili pes işleri edýän we bikanun ýollar arkaly gazanýan garadan gaýtmazlaryň agyzlary bilen emilýändir.

At-abraýly we sylag-hormatly adam Allanyň razyçylygyny gazanmak üçin her hili kynçylyklary we muşakgatlyklary hoş garşylar. Düşünjeli, edepli adamlaryň düşünjesinde pully, wezipeli, mal-mülkli bolmak bilen ejiz, çäresiz, garyp bolmagyň arasynda hiç hili tapawut ýokdur. Ýagny, sowatly, edepli ynsan durmuş taýdan nähili ýagdaýda bolsa bolsun, sylag-hormatlydyr. At-abraýsyz ynsan hem durmuş taýdan nähili ýagdaýda bolsa-da at-abraýsyzdyr.

Gara garnynyň we şöhwetiniň[1] guly bolan ynsan bu isleglerini kanagatlandyrýan mahaly ar-namysy basalansa-da ähmiýet bermez. Abraýly bilen abraýsyzyň arasyndaky tapawut mese-mälimdir.

---

[1] Şöhwet – jynsy isleg.

## *16. Ýagşy ynsanyň häsiýeti hakda*

At-abraýly, namysly ynsana zulum etmek teklip edilse, muňa derrew garşy çykar. Asylzada ynsana hem birini kemsitmek ýa-da ynjytmak buýruk berilse, bu wezipeden derrew boýun gaçyrar. Hakyky ynsanlyk kemerini biline guşanan ynsan adamkärçilige sygmaýan ähli işlerden gaça durar. Ol özüne ynanylan ynsan-a däl, hatda haýwan hem bolsa, dyrnagy döwläýmesin, gaňňa ýagyrnysyny ýagyr edäýmesin gorkusy bilen saňňyldar durar. Emma bu häsiýet, diňe gowy ahlakly, päk ynsanlara mahsusdyr. Bu häsiýetler süýdi zaýalananlarda bolmaz. Itiň guýrugynda ýagyň we güýjüň bolmaýşy ýaly, hoşniýetsiz ynsanda hem haýyr-sahawat ýokdur.

### *17. Uýatsyzlyk we haýasyzlyk hakda*

Uýatsyzlyk baý bolmagyň şertlerindendir. Ol eýesine niçeme mal-u mülk, pul gazandyryp, arzuwlarynyň öňündäki gulply gapylary açar we iň seýrek miwelere el ýetirder. Oňa iň dilewar adamlaryň ýanynda hem gürlemek batyrlygyny berer.

Emma ýüzünde haýa bolan adam utanjyndan ýaňa dilindäki düwünlerini çözüp bilmez, hatda öz ýagdaýyny hem düşündirip bilmez. Elmydam aljyraňňy we çäresizdir. Gün-güzeran we gazanç ýollaryny gowy bilmeýänligi üçin gam-gussa laýyna batar galar.

Beýlekiler dünýä nygmatlaryna gark bolup, keýpi-sapa çekýän mahaly bu neresse ýoksullyk içinde ýanyp-bişer.

Emma, ömrümden ant içýärin, älemdäki beýle rahatlygyň, beýle söwdanyň, beýle edepsizligiň, bihaýanyň we uýatsyzyň gazananlarynyň hiç hili bereketi ýokdur. Walla, Belent Allanyň keremli adyndan ant içýärin, maňlaýyň derlemegi ulumsylyk we tekepbirlik etmekden has gowudyr.

Seniň bir ýuwdum suwa hem eýe bolman ar-namysyňy goramagyň, derýalara eýe bolup, uýatsyzlyk edip, ýüzüňde utanç-haýa suwundan bir damja galmazlygyndan has gowudyr.

## *18. Öz-özüňe hormat goýmak hakda*

Öz-özüňe hormat goýmak we belent hümmet[1] kynçylyklara sabyr edip, nähili elhenç bolsa bolsun, zulma döz gelmekdir. Abraýdan düşen we masgaraçylyk suwundan ürken adama, elbetde, yzzat-hormatyň şor we ajy suwy şerbet ýaly süýji bolar. Sebäbi söweşiň aldym-berdiminden synasy gowrulmaýanlar ‒ olja salkynlygyna, söweşijileriň ýykyp-ýumrup barýan penjeleriniň öňünde sabyrly, mert durup bilmedikler ‒ näzik elli gyrnaklara gowşup bilmezler. Raýaty bolan hökümdaryň baýdagynyň astynda kesgir gylyçlar, jellat düşekçesi we çapgy ýassygy hem bardyr. Kynçylyklaryň we muşakgatlaryň zarbasyny iýmeýänler bagtlylyga ýetip bilmezler.

Ylahy hikmet, ine, şu deňagramlylykdan ybaratdyr. Bende üçin goýlan «emr we nehiý»[2] zatlaryň düýp manysy hem şundan ybaratdyr. Bu gün muşakgatlyklara we buýruklara sabyr edilse, ertirki gün hem mertebe we derejelere görä sylag berler.

[1] Hümmet – gujur, gaýrat, mertlik.
[2] Emr we nehiý – Allatagalanyň buýruklary we gadagan eden zatlary.

## *19. Dostluk hakda*

Ynsanlaryň içinde muşakgat ýüküni iň köp çekenler dostlarynyň çekip bolmajak külpetlerine mylaýymlyk we sabyrlylyk bilen jogap berenlerdir we duşmanyny taşlap, ähli muhabbeti bilen dostlaryna öwrülenlerdir. Beýle adamlar ýumşak gylyk-häsiýetli bolandyklary üçin hiç kime gaharlanmazlar, sütem etmezler. Dostlaryndan ýalňyş bir hereket ýüze çyksa, oňa jogap berjek bolup durman, görmedikden, bilmedikden bolarlar. Bular şeýle ruhubelent adamlar bolup, Allatagala olaryň ýüreklerini öýke-kinä we bahylçylyga ýesir etmändir. Olara yhlasly we sap arassa köňül bagyş edendir.

Allatagala şer bilen dolan, ýagly kagyzyň ýüzünde syýanyň durmaýşy ýaly haýyr-sahawat we ýagşylyk durmaýan kalbyň jan damarlaryny ýolsun.

## *20. Ýagşy ynsanlar bilen ýoldaş bolmak hakda*

Ýagşylyk we adamkärçilik Allanyň razyçylygyny gazandyryp biljek iň gowy gylyk-häsiýetdir. Mertlik we jomartlyk hem gowulyklaryň arasynda sanalmaga laýyk bir gylyk-häsiýetdir. Men haramzadalykdan başga duşmançylyk edere laýyk zat görmedim.

Bu dünýäde dogan bolup biljek ynsanlar diňe mert we jomart ynsanlardyr. Bular ýaly doganlaryň dostlugy bilen hassa köňüller şypa tapar, döwlen süňkler bitişer, bükülen biller göneler. Güýjüň ýetmedik işini bular saňa oňaryp berer. Üýşüp giden dert we muşakgatlaryňy senden uzaklaşdyrar.

## *21. Ölümi ýatlamak we ahyrete taýýarlanmak hakda*

Dünýä üçin gurduran gat-gat belent binalaryň, zümerret[1] ýaly gögerden bag-bakjalaryň bilen ahyretde ýakaňy halas edip bilmersiň. Sen häzirem saňa peýdasy degmejek işleriň zähmetini çekýärsiň.

Hany, akylyňa hem bir maslahat salyp gör! Gowja pikirlen! Her bir zähmetiň netijesine ybrat-görelde bilen bak!

Indi maňa düşündir. Ölüm düşeginde iň soňky demiňde ýatyrkaň, ebedi ýaşaýyşdaky ornuňy görüp, gözleriň süzülip büzülmäge, diliň tutulmaga başlan mahaly, ölümi gözleriň bilen görüp, dünýä bilen hoşlaşyp, salyh-amal etmekdäki ýaltalygyň we biperwaýlygyň seni howpuň we gorkyň içine taşlap, geçmişdäki peýdasyz hemme zada puşman bolan wagtyň, gurduran gat-gat binalaryň, baýlygyň, mal-mülküň seni ol soňky demiňdäki elhençliklerden gorap biljekmikä?! Sen olaryň peýdasyny görüp biljekmikäň?!...

Gülüstanlyga öwüren bag-bossanlygyň senden ölümiň ol wagtky pursadyny aýryp biljeklermi?!... Arman!... Heý-hat!

---

[1] Zümerret – gymmatbahaly daş.

### *22. Nebsiňe uýmakdan saklanmak hakda*

Peýdasyz işden we peýdasyz göreşden el çek! Hakykatyň we topragyň boýnuna ýapyş. Agraslykdan we pespällikden aýrylma. Allatagala seni hökman bir hikmete görä ýaradandyr. Boş ýere ýaradan däldir. Ýaradylyşyň aslyýetiňde päkdir. Aslyýetiňde näpäklik ýokdur.

Wah, nähili ýagşy bolardy, eger erbet gylyk-häsiýetleriň sebäpli nebsiň seni hapalamasa, erbetlikleri saňa süýkemese. Nebsiň arzuwlaryna uýmagyň haramlygyny bilseň-de, nebis atynyň jylawyny goýberip, onuň islän tarapyna gidýärsiň.

Gitmegiň zerur bolan tarapdan we seniň üçin haýyrly bolan Allatagala gulluk etmek wezipesinden welin ýüz öwürýärsiň. Gulluk wezipesinden galan ýollar seniň üçin howpludyr. Magnawy[1] (ruhy) nesibäňi iň howply ýer bolan nebsiň goýnunda ýitirýärsiň.

[1] Magnawy – ruhy, içki dünýä degişli.

## *23. Palçylar we tebigatçylar hakda*

Husuf[1] we kusuf[2] hadysalaryndan many çykarýan müneçjimlerden daş dur we tebigatçylaryň sözlerini diňleme. Olar bu meseledäki akmaklygyna düşünmeýärler. Çenden aşýandyklaryny we örän çuňluklara çümendiklerini bilmeýärler. Olaryň şan-şöhratlary ýalan-ýaşryk sözlere esaslanýar. Ol ýalan-ýaşryk sözler hem ýalňyş pikirleri beýan etmeklige sebäp bolýar. Olar her dürli pal, ykbal we ýyldyz oýunlary bilen habar berýärler. Bu nädogry bilimleri bilen hem müneçjimçilikden gürrüň gozgaýarlar. Aslyetinde bütinleý ýalançy bolan bu palçysumaklar özlerine uly alym diýdirjek bolýarlar. Emma müneçjimler hakyky alymlaryň ýanynda ýalançydan başga zat däldirler. Olar Allanyň gazabyna laýykdyr.

Tebigatçy müneçjim pelsepeçiler özlerini iň akylly adamlar hasaplaýarlar. Ýöne olardan geçiler hem has akyllydyr. Dinsiz, pelsepe bilen meşgullanýan, tebigata gulluk edýän adamdan toslama we ýalan-ýaşryk sözlerden başga

---

[1] Husuf - Gün tutulmagy.

[2] Kusuf - Aý tutulmagy. Pygamberimiziň ogly Ybraýym ýogalanda gün tutulypdyr. Halk muny onuň ölümü sebäpli tutulandyr öýdüpdirler. Şonda pygamberimiz: «Gün we aý Allanyň aýatlarydyr (barlygynyň delilidir). Olar hiç kimiň durmuşy ýa-da ýogalmagy sebäpli tutulmazlar» diýipdir. Başga bir hadysda bolsa: «Ähli müneçjimler ýalançydyr» diýilýär.

nämä garaşjak?! Munuň ýaly adamlaryň pikirlerine we sözlerine nädip ynam edip bolar? Olar tebigaty Taňry hökmünde kabul edip, ýoldan azaşanlardyr. Küpür olary:

— Hoş geldiň, eý, küpürde täze gögeren ýaş pudak! — diýip garşy alar. Şeýtan hem olary:

— Eý, söýgüli balajygym, hakyky bagty indi tapdyň. Indi sen meniň söýgüli dostum bolduň! — diýip bagryna basar.

## *24. Puşmanlyk hakda*

Gaňňadan ýaňa eşegiň ýagyr bolan arkasy ýaly ýaraly-yzaly amalymyza kim eýe çykar?! Dertden saplap, em edip bolmajak görnüşde ýaralanan bir kalba kim eýe bolar?! Ol kalp şeýle bir ýaralanypdyr welin, oňa edilen ähli emler peýdasyz. Bir tarapyny birazajyk sagaltsaň, beýleki tarapy oýulmaga, parçalanmaga başlaýar. Bir yza deşigini ýapsaň, başga ýerden birnäçe ýeri deşilýär. Bu ýaralara, em etmäge adamlaryň bilimleri we güýçleri ýetmeýär. Iň ussat tebipler hem bu derdi bejermekden ejiz gelýärler. Ah, bu kalp derdinden, ah!

Ah, dermany bolmaýan bu derdiň elinden! Müňlerçe ah! Meniň ýaly kalby bejerilmediklere «Ýewme lä ýenfeu mälun welä benun. Illä men etallahe bikalbin selim»[1] aýaty okalan mahaly, ýylan çakyp, agyrysyna çydaman uzyn gijeläp urnup ýatanyň urnuşy ýaly çabalanmak galýar.

---

[1] Aýatyň manysy: «Kyýamat güni ne baýlyk, ne-de perzent peýda berer. Diňe Alla tämiz bir kalp bilen gelenler peýda tapar» (Gurhanyň «Şugara» süresiniň 89-njy aýaty).

## *25. Alladan gorkmaklyk hakda*

Bütin ömrüňde Alladan gorkýan ynsan bolmaga gaýrat et. Alladan gorkmaýan ynsanyň ahyret bagtlylygyna gowuşmagy mümkin däldir. Munuň ýaly ynsanlar betbagtdyr.

Garrylygyň üstün çykyp, biliň ýaý ýaly bükülip, endamyň ýygrylyp, kelläň çaşyp, aýaklaryň göwräňi göterip bilmän ejizläp, ädim ätmäge ýaraman, bogunlaryňa sanjy dolup, barmaklaryň titräp, gymyldap bilmejek ýagdaýlaryny görmezden öňürti, özüňi Alladan gorkmaga öwrenişdir. Soň ýerine ýetirip bilmejek birnäçe işleriňi şu wagt güýjüň ýetýärkä ýerine ýetir. Ertirki gün pursatyň elden gitjekdigi üçin şu wagt nebsiň hökmürowanlygyndan saplanmalysyň we ynanjyňy hem garaşsyzlyga gowşurmalysyň.

## *26. Haramdan saklanmak hakda*

Allanyň haram eden zatlaryndan daş duran ynsan iň soňky deminde imanly gitmeginiň gamyny iýer, ölüm perişdesi bilen dost bolar. Soňky deminde iman salamaty bilen geçen ynsany Allatagala jennetdäki ornunyň buşlukçylary hökmünde birnäçe perişdeler bilen garşyladar. Ol perişdeler bu bagt ýolagçysynyň gelmegine garaşyp durarlar.

Gowy işleri etmekden lezzet alan we rahatlyk duýan ynsana buşluk bolsun. Munuň ýaly ynsanlar erbet işleri hiç söýmezler. Ýalňyşyp ýa-da säwlik bilen bir nädogry iş etseler, gaty gynanyp, puşman ederler. Olar Allanyň buýruklaryny berjaý etmek we adalatyny ornaşdyrmak üçin zalymlara hiç boýun bolmazlar. Erbetligiň ganatyny, goluny ýolarlar. Gowy ynsanlara hem kömek edip, olaryň arzuwlaryny berjaý etmäge synanyşarlar.

## *27. Erbet ýolbaşçynyň haly hakda*

Derejesi we wezipesi bilen öwünen ynsan düýeguşdan hem samsykdyr. Men zalym ýolbaşçydan has erbet we fewz-u nejatdan[1] mahrum bolan ynsan görmedim. Zalym we merhemetsiz ýolbaşçy nädip halas bolsun, ol zulumdan, adalatsyzlykdan, adalaty nähak ýere ulanmakdan başga iş etmeýär ahyryn. Ol zalymlykda hem hiç bir pursady sypdyrmaýar. Elmydam zalymlar toparyna meýil edip, olaryň buýruklaryna taýýarlygyny bütün durky bilen äşgär edýär. Beýle häsiýetli ýolbaşçy howp-hataryň içindedir. Ol özüniň oýlanyşyksyz hereketi we erbet päli sebäpli haýranlar garaňkylygynda galyp, biçäre naçarlaryň «ah» oklaryna nyşan bolandyr.

[1] Fewz-u nejat - halas bolmak.

## *28. Ryýa[1] we dileg-doga hakda*

Ryýagär ynsan Allanyň gazabyny özüne çeker. Gygyryp, gaty ses bilen göz üçin edilen dileg akylsyzlaryň edýän dilegidir. Dilegini gizlin we gorky bilen umyt arasynda etmeýän ynsan akylsyz dileg edýändir.

Dileg edilýän wagty yslamyň kadalaryna uýmaýan ynsan akylsyz we pikirsizdir. Gizlinlikde, hormat goýup we gorkynyň içinde dileg edýän ynsan akyly bilen dileg edýändir. Onuň dilegini Allatagala hem kabul eder.

Dilegiň gizlin edilmegi, dileg edýäni ryýadan halas eder, akyldarlaryň gapysyndan içeri ätleder. Görüp-bilip dursalar hem, ynsanlar köplenç hakykatdan gapyldyrlar. Dogry pikirler elmydam gapyl ynsanlaryň arasynda ýitip gidýär.

---

[1] Ryýa - göz üçin edilen iş.

## *29. Bagtly bolmagyň ýoly hakda*

Metjide gidýän wagtyňdaky ýöreýşiň ýöreýişleriň iň gowusy, iň pespäli, iň agrasy bolsun. Namaz wagtyndaky Alladan gorkyň bolsa, has köp bolsun.

Älemleriň ýaradany bolan Halyk-y Azymyň[1] belentligini ýadyňdan çykarma. Ony elmydam ýatla. Şeýtanyň saňa gadym duşmanlygyny we seni dogry ýoluňdan taýdyrjak bolýanlygyny unutma. Öňüňe gowja seret. Hüşgär bol. Nähili bir duşman bilen söweş ýagdaýyndalygyňy we onuň akylyňa gelmejek hileleri bilen her wagt penjeleşýänligiňi ýadyňdan çykarma.

Kasam edýärin, bu dünýäde hiç kim bagtly we baky bolan däldir. Bolup hem bilmez...

Diňe, tämiz ýaradylyşly, kelimeý-i towhydy[2] dilinde zikir eden, Allanyň azaby hakda oýlanyp «ah» çeken, sogabyny köpeltmek, günäsinden saplanmak üçin toba eden, ybadata jany-teni bilen ýapyşan, atyny ybadat meýdanynda dos-dogry çapdyran, janyny Allatagala gulluk etmek üçin öwrenişdiren ynsanlar çägiň daşyndadyr. Beýle häsiýetli ynsanlar bagta laýykdyr.

---

[1] Halyk-y Azym - Beýik Ýaradan.

[2] Kelimeý-i towhyd - Lä ilähe illalla (Alladan başga Hudaý ýokdur) diýmek.

### *30. Döwür üýtgese-de, dogry ýoldan aýrylmazlyk hakda*

Dünýä döwürden-döwre, ynsanlar hem haldan-hala geçýändirler. Sen her günki hal-hereketleriňde dogry ýoluňy tut. Her bir gatlak bilen pikir çaprazlyklaryny hasaba alyp ylalaşmagy başar. Olar bilen dostluk gurmaga synanyş. Sebäbi zamananyň gidişi we ynsanlaryň zamana görä garaýşy her wagt arzuw edişiň ýaly bolmaz. Dünýä we dünýädäkiler seniň islegiňe laýyk gelmän biler. Erbet niýetli adam, käwagt seniň pikiriň bilen ylalaşýan ýaly görünse-de, munuň wagtlaýynlygyny unutma. Oňa bütinleý ynanma, sebäbi onuň dowamy ýokdur.

Zamananyň hadysalarynyň aşagynda galma. Nädogry hadysalardan üstün çykmak üçin hem göreşden yza galma. Dogry ýolda mäkäm dur we ýoluňy dowam et.

## *31. Dünýä gyzygyp, ahyreti unutmazlyk hakda*

Eý, ynsan ogly!

Kalbyň Alla gorkusyndan habarsyz, nebsiň arzuwlaryna gowşan ýagdaýda, gaýratyň bolsa diňe şöhwetiňe hyzmat edýär. Saňa seredýärin. Belent Allanyň berjek ahyret bagtlylygyna kän bir höwesli hem dälsiň. Nebsiň bütin arzuwlaryny berjaý etmek üçin her hili reňke boýanýarsyň. Munuň üçin nebsiň bütin isleglerine gowşan ýagdaýdasyň.

Sen bu dünýäniň dürli nygmatlaryndan göwün isleýşiň ýaly peýdalanyp, dünýewi rahatlygyňy we asudalygyňy üpjün etmäge synanyşýarsyň, ahyret jogapkärçiliginden bolsa haýwanlar ýaly gapylsyň. Bu ýagdaý Allatagala imany bolup, ahyreti kabul eden adamyň etjek işi däldir. Hakyky mömin Alladan gorkar, sogap gazanjak bolar. Bütin kynçylyklara we gaýgy-aladalara çydap sabyr eder. Sada geýner we orta ýagdaýda iýip-içer. Nebsi tarapyndan bir erbetlik çykjak bolsa, derrew oňa agyzdyryk geýdirer. Ol arzuwyna garşy çykar. Eger nebsi dünýä we dünýälige tarap meýil etse, onuň bu päliniň hem agzyny daşdan doldurar.

### *32. Adalatsyz döwlet hakda*

Eý, ynsan ogly!

Üns ber, saňa betbagt döwleti habar bereýin. Ol döwlet zalym bir patyşanyň golastynda bolan döwletdir. Ol patyşanyň raýatyna edýän zulumy atyň toýnaklaryndan-da gaty hem yzalydyr, sillerden hem has beter weýran edijidir, sörtük şemal ýaly guradyjydyr, gyrgyn keseli ýaly köpçülikleýin gyryjydyr.

Zulum – edilýän dilegleriň Allanyň huzuryna ulaşmagyna perde, rehmetiň we bereketiň inmegine hem böwetdir. Hiç haçan zalym patyşanyň höküm sürýän ýurdunda mal-mülk, çaga-çuga edinip ýerleşeýin diýme!

Beýle döwletiň bir gün dargajaklygyny, halkynyň hem perişan boljaklygyny hiç wagt ýadyňdan çykarma!

### *33. Harsydünýälik we tamakinçilik hakda*

Eý, puluň guly bolan ynsan! Haçan pula gul bolmakdan halas boljak? Eý, harsydünýäligiň we tamakinçiligiň ýesiri! Bu ýesirlik ýüpüni haçan çözjek?

Haýp, bu gidişiň bilen ne pula gul bolmakdan halas bolarsyň, ne-de açgözlük we tamakinçilik ýüpüni çözersiň. Ýöne welin sen pula, mala ýesir edip çökeren diniňi haýyr-sahawat bilen halas edip bilersiň. Halas hem etmelisiň!

Eý, bir döwüm çörek bilen garny doýýan biçäre! Bu açgözlügiň we harsydünýäligiň näme? Eý, bir käse suw bilen ganýan ynsan! Bu urnuşyň näme? Ertirki gün biderek geçen günleriňe gynanyp, hemme zada düşünersiň. Bütin ömrüň boýunça eden ýagşy işleriňden başga işleriň peýda bermeýänligini, gadyrynyň ýoklugyny öz gözüň bilen görersiň. Ölüm perişdesi ýanyňa gelen wagty ne baýlygyň peýdasy bolar, ne-de perzendiň. Geçilmegi mejbur bolan bu pany dünýäniň durmuş köprüsinden geçýän wagtyň saňa dünýäligiňe degişli hiç bir zadyň peýdasy degmez. Beýle bolýan bolsa hümmetsiz bir teňňe boljak bu ýüki nämä ýaratjak!

Wagtlaýyn saýa bolan bu dünýäde myhman bolan ynsan ogly, pany gözelliklere we dünýäliklere näme üçin höwes edýärkä?!

## *34. Abraý gazanmak hakda*

Atańdan galan at-abraýa kanagat etme. Ol şöhrat we at-abraý seniň geçmişiňe degişlidir. Eždadyňdan miras galan at-abraýa we şöhrata sen täze abraý goş. Şeýtseň hakyky abraýly bolarsyň. Öz gazanan abraýyňa we onuň dogrulygyna doly ynamyň bolmasa, atań abraýy bilen at-abraý talabynda bolma. Sebäbi özüňe degişli abraýyň bolmasa, başgalaryň abraýyndan peýdalanyp bilmersiň.

Geçmişiňe degişli bolan abraý bilen özüňe degişli abraýyň arasyndaky tapawut bu gün bilen düýnki günüň arasyndaky tapawut ýalydyr. Düýne degişli bolan rysgalyň bu güne peýdasy bolmaýşy ýaly, düýnki doklugyň hem bu günki açlygyňa peýdasy ýokdur.

Saňa we şahsyetiňe gerek bolan bu günki hormatdyr.

### *35. Hakyky möminiň waspy hakda*

Ybadata özüni baglan bendäniň sylagy hut Allanyň özüne degişlidir (ýagny, onuň sylagyny hut Allanyň özi berer). Abyt[1] guluň Allatagala bolan töwekgeli birkemsizdir. Her hili ýagdaýda hem ondan başgasyna ýüzlenmez we onuň rehmet gapysyndan başga ýerde arzy-hajatyny dilemez. Ondan başga hiç kimiň gapysyny kakmaz. Onuň rehmet gapysynyň işiginden aýagyny çekmez.

Bir ýalňyşlyk ederin-de, oňa Allanyň gahary geler diýip gorkup, elmydam onuň pikirini eder. Hemme wagt onuň buýruklaryna ylgar. Onuň buýruklaryny ýerine ýetirmek üçin her hili kynçylyklara döz geler.

---

[1] Abyt – ybadat edýän, ybadathon.

## *36. Asylzadalyk we öňe saýlanmak hakda*

Geçmişi we şahsy bähbitleri bilen öwünip, özüni sap görkezmek ugrunda bolanlary Allatagala burny bilen ýere süründirsin[1]. Käbir gülkünç we masgara zatlary gapyl ynsanlar öwünmäge laýyk diýip hasaplaýarlar. Mysal üçin: «Meniň eždadym pylandyr. Men pylan ýolbaşçy tarapyndan sylaglanan we hormatlanan adamdyryn» diýip aýdarlar. Onuň eždady belki-de azan döwlet adamlarynyň ýa-da adalatsyz garakçylaryň guly bolandyr. Muny özüne öwünmek üçin araçy eder. Bir döwlet emeldarynyň sylagyna mynasyp boldum diýýän adam ol döwlet emeldaryna ýaranjaňlyk edip, özüni Allanyň ýazgarmagyna goýan adamdyr.

Asylzada — eždady ybadat topragynda belent derejelere ýeten adamdyr. Öňe saýlanan bolsa — haýyr-sahawat süýdüni sagmak ýaryşynda baýrak alandyr.

---

[1] Araplaryň arasynda ulanylýan gargyş.

## *37. Tahkyky[1] iman we taklydy[2] iman hakda*

Din we ynanç-ygtykat meselesinde ylym we ykan[3] baýdagynyň astynda ýöre. Her tötänden duşanyň gürrüňi we rowaýaty bilen çäklenme. Tahkyky imanyňy gazan, taklytda galma. Ýatan arslandan gezen tilki ýegdir. Hakykata göz ýetiren alymlaryň ýanynda imanynda mukallid[4] bolan, çisňäp duran ýagyşda demirgazyk şemalynda galan gotur geçiden hem has biçäredir.

Ygtykat, ynanç meselelerinde taklyda uýan kişi ýapyk gapynyň aňyrsynda açaryny ýitirene we birnäçe taklydy rowaýat bilip-de, hakykata ýetirjek delilleri bilmeýän kişi hem ep-esli odun ýygnap, ýakmaga çakmagy bolman, sährada galana meňzär. Eger ygtykady bozuklygyň enesi bar bolsa, ol hem taklytdyr. Taklyda baglanyp, ony özüne ýolbelet edineniň Allatagala boýnuna nogta daksyn.

---

[1] Tahkyk - hakyky, delillendirilen, anyk göz ýetirilen.

[2] Taklyt - biriniň yzyna düşme, biriniň edenini gaýtalama, öýkünme (ynanç meselesinde).

[3] Ykan - anyk göz ýetirilip, gürrüňsiz öwrenilen, dogrulygyna şübhe bolmadyk ylym.

[4] Mukallid - öýkünen, ynanç meselesinde biriniň pikirine uýýan.

## *38. Hak we delil hakda*

Men «hak» we «delil» ýaly biri-biri bilen ýaryşan başga iki ýaryş atyny görmedim. Bular omuz omuza beren wagty (ýagny, biri-biri bilen tassyklanan wagty) haklaryny ödäp bolmajak bir nygmatdyr. Bu iki dostdan birazajyk hem bolsa, aýra düşmejek bol! Olar Ebaneýn[1] daglary ýaly biri-birinden aýrylmaz iki mynasyp dost bolup, olaryň üzeňňilerine ýapyşan yzzat-hormat gazanar. Olardan aýrylan bolsa pese gaçyp, biabraý bolar, hiçden hem hiç bolar.

---

[1] Ebaneýn - bir dag ady.

## *39. Gapyl garrylar hakda*

Eý, saçy-sakgaly agaran garry! Seniň bütin erbetliklerden uzak durmagyňy ýatladyp duran garrylyk alamatlary görnüp durka, näme üçin seni henizem erbetlikleriň gyrasynda hem-de saňa gelişmeýän ýerlerde görýärin?

Rehim et, özüňe rehim et! Sen ömrüň dördünji basgançagynda dursuň. Bu basgançak seniň ömrüň çagalyk, ýaşlyk we «men» diýen wagtlaryndan soň gelen iň soňky döwürdir. Ömrüniň bu döwrüne gelen adam durmuş derýasynyň kenaryna geldi diýmekdir.

Bu ýer hiç kime yza dönmäge mümkinçilik bermeýän, hemmeleriň hökman geläýmeli bir kenarydyr. Alladan ant içýärin, bu kenardan soňky agyr ýolagçylyk üçin iň köp gorkmaly we ýol azygyny taýýarlamaly bolanlar garrylardyr. Olara gelişýän zat hem şudur.

## *40. Parahorluk hakda*

Adalaty taşlan adama para içgi içýäne içginiň edýän täsirinden has güýçli täsir eder, serhoş eder. Para öwrenişen adam para gelen wagty içgi içen ýaly keýpi kök, gelmedik wagty hem ýalta, tukat, öýkeli bolar.

Parahorlar paranyň haramlygyny, haramyň bolsa Allanyň gazabyna duçar bolýanlygyny, parany bereniň hem alanyň hem Allanyň azabyna sezewar boljakdyklaryny, şan-şöhratynyň dünýäde we ahyretde aýaklaryň astynda depelenjekligini eşitmedik bolara çemeli.

Zalym parahoryň biriniň hakyny iýmekde ýa-da hukugyny depelemekde paranyň serhoşlygy sebäpli adalatsyzlyk etmegi, ýagny haksyza hak bermegi öz oduny öz eli bilen taýýarladygydyr. Parany alan hem, beren hem jemgyet üçin zäherden hem has zyýanlydyr.

## *41. Pygamberiň ýolundan ýöremek hakda*

Allanyň saňa parz we wajyp eden ybadatlaryny berjaý etmekde güýç sarp edýärkäň, Muhammet alaýhyssalamyň sünnetinden we ýolundan aýrylma.

Hiç haçan parzlaryň fazyleti[1] we hormaty bilen deňeşdirip, sünnetlere we mustahaplara[2] boýun bolmakda we hormatda kemçilik etme. Olary terk etmekden we äsgermezlikden daş dur. Sünnete baglylyk ahyret azabyna garşy galkandyr we parzlaryň laýyk suratda kämilligine sebäp bolýandyr. Ol ybadatyň zynaty we bezegidir. Onuň kabul bolmagyna sebäpdir, ret edilmeginiň bolsa öňüni alar.

Aýagy toýnagyna çenli ak bolan ata meňzeýän sünnet-i seniýýe[3], maňlaýy ak at ýaly bolan parzlardan soň gelse-de, şerigat tarapyndan ähmiýetli hasaplanýandyr. Şonuň üçinem elmydam sylag-hormata, şan-şöhrata mynasypdyr.

Yslamy düzgüne biperwaý göz bilen seredeniň, sünnet-i seniýýä hormat goýmadygy hasabyndadyr. Sünnete hormat goýmadyk bolsa, parzlaryň gadyryny bilmez.

---

[1] Fazylet – artykmaçlyk, belentlik.
[2] Mustahap – sogaply işler.
[3] Sünnet-i seniýýe - pygamberiň sünneti, ýoly.

### *42. Ylmy bilen amal eden alymlar hakda*

Allatagaladan gorkup, ahyretde berjek hasabyndan çekinen, Resulallanyň we sahabalarynyň ýolundan giden, biri-birlerine haky we sabry wesýet eden din alymlaryndan Allatagala razy bolsun!

Olar mümkin boldugyça Muhammet alaýhyssalamyň şerigatyna ters, egri, dar we çarkandakly ýollary terk edip, dos-dogry we giň ýoldan ─ yslam ýolundan giderler.

Hakyky möminleriň agyzlarynda münkirleriň boýunlaryndan geçiriljek kesgir pikir gylyçlary, ellerinde galp pikirdäkileriň boýunlaryny deşik-deşik etjek galamdan naýzalary bardyr. Olar dos-dogry din bolan we dogrularyň dini bolan yslam dinine ylymlary bilen, ýumşak häsiýetleri bilen hyzmat ederler.

Olar keremli daglardyr we kalplary hem ylym magdanydyr. Allatagala olaryň kalplaryny gorasyn! Her kim ol daglarda bir magdan gözlese, elleri boş çykmaz.

Kasam edýärin! Ýer ýüzüni saklap, ýaşadyp duranlar — diňe we diňe parzy hem sünneti berjaý edýänlerdir. Alym diýilmäge laýyk bolanlar hem bular bolup, beýlekiler bolsa suwuň ýüzünde ýüzüp ýören çöp-çör ýalydyrlar. Olary diňe «Kitap we syýa galamy hammalyndan» başga bir at bilen agzama.

### *43.Din adamlarynyň nebisjeňligi hakda*

Ruhy dünýäsi pes dini adamlara näme bolýar? Olar şerigat esaslaryny düzýärler-de, soň olary ahlaksyz hökümdarlara ýaranmak üçin olaryň isleglerine görä düşündirýärler we boýun bolýarlar. Käşge, düzgünlerine boýun bolmadyk şerigat ylmyny öwrenmeselerdi. Käşge, bolşy ýaly halka eşitdirmedik hakykatlaryny özleri hem bilmeselerdi. Olar aňsatlyk bilen baýlyk gazanmak we ýetimleri garyp goýup, özleri baý bolmak üçin pitiwa berip, kitaplar we eserler ýazýarlar.

Bu maksat üçin pitiwa beren din adamlary pul gazanmak maksady bilen bir zada dyrnak goýsalar, ony olaryň ellerinden hiç kim halas edip bilmez. Pul bilen ediljek bir iş üçin:

— Muny diňe şunça pula edip bileris — diýip, agyzlaryndan bir söz çykaýsa, soň ol möçberi hiç kim gaçyryp bilmez. Hökman we hökman alarlar. Munuň ýaly ylym adamlary, daşy zerli, emma içini güýe harap eden mata meňzeýändir. Olaryň lybaslarynyň giň ýeňleriniň içinde zäherli ýylanlar bardyr.

Ahlaksyz alymyň galamy zäherli ok ýalydyr. Pitiwalary bilen amal edeni heläk ederler. Munuň ýalylary ýasawullar we esgerler bilen deňeşdirip görseň, hiç bolmanda pitiwa we pitne tüweleýini turuzmaýandyklary üçin hakykaty we adalaty depelemekde ýasawullary olardan has az zyýanly görersiň.

## *44. Kiçi günälerden daş durmak hakda*

Goý, seni uly günälerden daş durup, özüni goran «Biz hem batyla çümenler bilen bile çümerdik»[1] diýen mynapyklar[2] ýaly batyl işlere we howaýy nebse aldanman, nebsini terbiýe edenlerden diýip kabul edeli. Emma geleňsizlik we gapyllyk ýagdaýlary sebäpli eden kiçi günäleriňe näme diýersiň?

Meniň pikirime görä, sen kiçijik gurtlar tarapyndan gemrilip, derbi-dagyn edilen jeset ýalysyň. Ol eden kiçi günäleriň sebäpli, Ylahy hasaba çekilersiň.

Seniň bu halyň bir ýolbarsa meňzeýär. Ol ýolbars öz çagalaryny ýiti gözli awçylardan gorar, hatda bir bölek esgerleri hem dargadar. Emma irden turup seretse, çagalaryny olaryň burunlaryndan, gulaklaryndan giren garynjalar öldürendir. Ýolbarsyň bolsa, hemme eden işleri biderek bolandyr.[3]

---

[1] Gurhanyň «Muddessir» süresiniň 45-nji aýaty.
[2] Mynapyklar - ikiýüzlüler.
[3] Garynjalar ýolbarslaryň çagalarynyň gulagyna girip, ölümine sebäp bolýarmyş. Mundan goranmak üçin ýolbarslar gamyşlyklarda ýatýarmyşlar.

### *45. Diliňe eýe bolmak hakda*

Dilini saklamaýan adam agzyndan çykan sözler üçin gündiz puşman edip ellerini owkalar. Gije bolsa gaýgy-gamdan ukusy tutman, düşeginde urnup ýatar. Diline buýrup bilýäniň kalby gussaly bolmaz. Dili uzyn bolanyň ömri gysga bolar. Hiç kime syr berme. Diňe hemme taraplaýyn ynamdar we amanady goramaga laýyklara, syr saklap bilýänlere syr berip bilersiň.

### *46. Möminleriň dogandygy hakda*

Bir mömin başga bir mömin dogany üçin çyn ýürekden gaýybana doga-dileg etse, Allatagala ol doga-dilegiň hormaty üçin Jebraýyl perişdäniň we hemme perişdeleriň belent ses bilen «ämin»[1] diýmeklerine buýruk we perman berer.

Allatagala üçin bolan doganlykda ýanynda bolmak we gaýybana bolmak ikisi deňdir. Hukukda we hemaýatda uzagyň we ýakynyň tapawudy ýokdur. Maksat Allatagalanyň razylygyny gazanmakdyr. Onuň razylygy üçin ýamanlardan ýüz öwürmek we ýene onuň razylygy üçin mömin doganyň nähili ýagdaýda, nirede bolsa bolsun, hukuklaryny goramak we ýetmezçiliklerine hemaýat etmek gerekdir.

---

[1] «Kabul bolsun» diýmek.

## *47. Ýaňsydan we degişmeden ägä bolmak hakda*

Men şeýle adamy akyly ýerinde we seresaply hasaplaýaryn. Ol elmydam salykatly bolar, hiç kimi ýaňsylamaga, hiç kim bilen degişmäge meýil etmez.

Wakgylygy we warsakylygy özüne hüý-häsiýet edinen adamda agraslyk galarmy?! Heý-de, ýaňsy bilen agraslyk bir ýerde ýaşap bilermi?! Heý-de salykatly, agras adam bilen warsaky adam deň bolup bilermi?!

Ýaňsylamakda, degişmekde agzyňdan şeýlekin sözler çykyp biler, ol sözler saňa günä gazandyrar. Ýanyňdaky dostuň bolsa, kalbyna öýke-kine tohumyny seper. Eger ol seniň golastyňda bolsa, onuň ýanynda sylag-hormatyň we muhabbetiň azalar. Bu aýdanlaryma garamazdan, henizem «ýaňsy» diýýän bolsaň, saňa haýplar bolsun!

Ah, ýaňra! Eger degişmede bolan zyýanlary bilsediň, onda ony bütinleý terk edip, saňa mundan daş dur diýýänlere gulak asardyň we hiç haçan ýaňsylaýjy sözleri agzyňa hem almazdyň. Hahahaýlaşyp, oýun edýärkäň, ýanyňdaky ýoknasyzyň, şermendäniň gülmegi seniň şähdiňi açýarmy? Bilmeýärmiň, ol bu gülküsi bilen seni ryswa, masgara edýär. Seniň nähili gülkünçligiňi kesekilere yglan edýär. Bu ýagdaý bolsa diňe akyly gysga ahlaksyzlara gelişýär.

### *48. Watansöýüjilik hakda*

Iş oňarmak, işi ýerine ýetirmekde güýç-gaýrat sarp etmek, karara geleniňde hüşgär bolmak, dogry we hemmetaraplaýyn pikirlenmek, ýaltalygy, başarnyksyzlygy terk edip, her işde, her ýagdaýda bar bolan çydamlylygyňy, berkligiňi görkezmek, möhüm bir iş orta çykanda, ony tizden-tiz çözmek üçin gaýratyňy görkezmek we öňüňden çykan päsgelçilikleri ussatlyk bilen geçmek — bular watansöýüjilik meýdanynda gurlan bir ýaryşdyr. Diňe bu meýdanyň mertleri bu ýaryşy soňuna çenli alyp gidip bilerler.

Bu meýdanda dogruçyl, kynçylyklara döz gelip bilýän ynsanlar hadysalaryň we apatlaryň içine çümüp, deň-duşlarynyň, özi ýalylaryň arasynda tapawutlanýarka, kellesiz akmaklar iş oňarmaýandyklaryny gizlemek üçin bir topar bahanadyr sebäp tapýarlar. Ýolsuzlar we haýyrsyzlar hem ol ýerden duýdansyz bütinleý aýrylyp gidýändir.

## *49. Biderek geçen ömür hakda*

Gündizlerine baýlyk-malyň, gazanjyň ugrunda muşakgatlyk çekýän, gijelerine ýarawsyz ýagdaýda düşegine ýüzin ýykylyp galar. Ömür agajy günleriň geçmegi bilen guraýança gijelerini we gündizlerini şeýle geçirer. Onuň bütin gaýgy-gamy, gussasy şu bolup, oňa durmuşda başga-da maksatlaryň bolmalydygyny ýatlatjak bolsaň, seni hiç diňlemezem.

Bu hili geçip giden ömür bimany ömürdir. Ol adam hem özüni her hili belalara sezewar etjek bir ganhor ýalydyr. Ertirki gün ahyretiň agyrlygyny we kyýamat gününiň eýmençligini görende, gör, nähili aglar we perýat edip, ah-u pygan eder.

### *50. Mekgäniň emiriniň öwgüsi hakda*

Allatagala Mekge şäherini we Mekgäniň emirini gorasyn! Ol emir hezretleri Süheýl[1] ýyldyzy dogan wagty, gijäniň gara çadyry bir tarapa ýykylmaga başlamazdan öňürti turar. Ýeke özi Allatagala hamd-u sena aýdyp, doga-dileg eder. Hezreti Pygamberimize salawat we salam aýdar. Käbäni togap eder we Hajar-y eswedi[2] öper. Käbäni we onuň töweregindäki zemzem suwuny, hemme mukaddes ýerleri zyýarat eder. Soň Altyn ternawyň[3] aşagynda doga-dileg eder. Bularyň hemmesinden soňra, jemagata tarap öwrüler, Hijr-i Ysmaýylyň[4] sagynda, tä daň atýança, Käbä bakyp sap bolup namaza durar.

---

[1] Süheýl – Ýaldyrak ýyldyzy.
[2] Hajar-y eswed – Käbedäki gara daş.
[3] Altyn Ternaw - Käbäniň üstünde duran mukaddes ternaw.
[4] Hijr-i Ysmaýyl - Käbede mukaddes ýer ady (Makamy Ybraýym hem diýilýär).

## *51. Ryýagärler hakda*

Niçe doga-dileg we gözýaşlar bardyr, diňe görünmek üçin we göz üçindir. Seresap bol, her bir gözýaş döküp doga-dileg eden we «Demirçiniň gije gitjekligini»[1] eşitmegiň seni aldamasyn.

Dindarlygyna ynanyp boljak kämil mömin, Alladan doly manyda gorkýan takwa indi näçe kişi galdyka? Görýän, eşidýän zatlaryň köpüsiniň daşy zerli, bezelen, içi bolsa garaňky we betgelşikdir. Görýän zatlaryň şerinden Allatagala sygyn. Sebäbi dünýä her gün birazajyk yza gidýär, gowy we hormatly adamlar bolsa, gün-günden has azalýandyr.

---

[1] «Demirçiniň gije gitmegi» arap atalar sözi. Bir demirçi ussa ýerli halkyň çalt we köp iş getirmegi üçin «bu gije gidýärin» diýýärmiş, ertesi gün hem gitmeýärmiş. Şeýdip halk demirçiniň ýalançylygyny äşgär edipdir. Ýalança mysal hökmünde «Demirçiniň gije gitmegi» aňlatmasy nakyl bolup galypdyr.

## *52. Serkerdä nesihat*

Eý, uly goşuna buýruk berýän serkerde! Goşunyň beýik ýeňişleri seni ulumsy etmesin! Olaryň seniň buýrugyňa garaşyp durmaklary, öňüňden we yzyňdan tertip-nyzamly lybasly atlylaryň çaltlyk bilen geçmekleri, ýanlaryna baran wagtyň golastyňdakylaryň gorkudan ýaňa titremekleri, buýrugyňa boýun bolmalary we bir işiň derrew berjaý edilmegini isläniňde, ol işiň iň gysga wagtyň içinde, hökman ýerine ýetirilmegi seni tekepbirlige we ulumsylyga getirmesin. Seniň uly işleri ýerine ýetirmekdäki özbaşdak hereketiň, beýik ýeňişleri kiçi saýmagyň hem seni ulumsy etmesin.

Unutma! Senden ýokarda şeýle belent bolan bir soltanlyk eýesi bardyr. Seniň bar bolan güýç-kuwwatyň we ululygyň onuň güýç-kuwwatynyň, ululygynyň ýanynda hiç zatdyr. Buýruklaryň we gadaganlyklaryň hakyky eýesi bardyr. Seniň buýruklaryň we gadaganlyklaryň onuňkynyň ýanynda hiç zat bolup galar.

Sen hem hiç bolmanda golastyňdakylaryň özüňden çekinişi ýaly, onuň gazabyndan çekinmelisiň. Onuň belent dergähinde ýüzüňi ýere salmalysyň, boýnusunujylyk we pespällik görkezmelisiň.

Allanyň belentliginiň ýanynda ulumsylygyňy taşlap, öz ygtyýaryň örän arryklygyny, onuň külli eradasynyň (ýazgydynyň) ýanynda hiç bir zada ýaramaýandygyny, diňe onuň isleýän zadynyň bolup bilýändigini bilmelisiň!

## *53. Hassalara nesihat*

Şypany Allatagaladan däl-de, tebipden diýip hasaplamaklygyň saňa degen bu keselden hem has erbet bir hassalykdyr. Seni saglygyňa gowşurjak iň uzyn ýoldur.

Üstesine syrkawlan wagtyň ilki sabyr et, soň ýagşy-ýaman hemme halyňa şükür et. Eger syrkawlygyň beterläp, gaýgy-gussaň saňa rahatlyk bermese, derman we şypa beriji bolan Allatagala üçin elleriňi galdyr. Saňa derdi beren dermanyny hem berer. Şypa berjek zat diňe ol belent we mukaddes dergähe gorky-umyt bilen egilmekdir. Ýogsa şypa berjek Ýuhanna[1] we Buhtişu[2] däldir. Tebip tejribesine

---

[1] Meşhur hristian tebip. Apbasy halypasy Mutewekkil Alallahyň ogly Muwaffagyň ýörite hekimi Ýuhanna (Ýahýa).

[2] Meşhur hristian tebip. Bu at bilen iki sany hekim bar. Biri apbasy halypasy Mätiniň ogly Musa Hadynyň hekimi Buhtişu II (Buhtişu ibn Jirjis 801-nji (hijri 185-nji) ýylda ýogalan) we 828-nji ýylda halypa Mamun tarapyndan çagyrylan Buhtişu III ibn Jebraýyl.

Buhtişu neberesi – Abbasylar döwründe hekim bolan meşhur Nestury hristian maşgala neberesi. Buhtişu neberesinden ýetişen ilkinji hekimler Anuşirwan Hysrow I (531-579-njy ýyllar) döwründe gurulan Jundişapur lukmançylyk mekdebinde okapdyrlar. Ol ýerdäki keselhanalarda hyzmat edip üstünlik gazanýarlar we atlary meşhur bolup başlaýar. 765-nji ýylda Bagdat halypalygyň merkezi bolansoň, olar 250 ýyllap apbasylaryň köşgünde hekim hökmünde işleýärler. Olar hem gadymy ýunan lukmançylyk ylmy baradaky kitaplary terjime edýärler hem-de özleriniň täze eserleri bilen yslam lukmançylygynyň ösmegine goşant goşupdyrlar. Bu maşgaladan ýetişen meşhur

esaslanyp, torbasynda näme bar bolsa ony berer. Käwagt hem sagaltjak bolup, syrkawçylygy has hem agyrlaşdyrar, kökden ýasap beren däri-dermanlary endamyňa zeper ýetirer, ýara döreder.

Şonuň üçin tebiplere kän meýil etme, sebäbi olaryň köpüsi peýdasyna, tebigata, ýa buthanada haça gulluk edýändir.

hekimler şulardyr. Buhtişu I, Jebraýyl I, Şurjis, Buhtişu II, Jebraýyl II, Buhtişu III, Ubeýdylla I, Ýuhanna, Buhtişu VI, Jebraýyl III, Ubeýdylla II.

### *54. Öte geçmeklik we aşa pes bolmakdan saklanmak hakda*

Adalata we hak-hukuklara doly boýun bolup, zulumdan, ynsapsyzlykdan daş dur. Her işde orta ýoly tut. Sebäbi haýyr orta ýoldadyr. Elmydam öte geçmekligiň we aşa pes bolmazlygyň alajyny, aralygy tap. Dawut pygamber halkalary ýekeme-ýeke sabyr we üns bilen biri-birine geýdirip nähili mäkäm sowut tiken bolsa, sen hem amallaryňa güýjüň ýetdigiçe sabyr et we janypkeşlik görkez. Tagat-ybadatyňy güýjüň ýetişi we eliňden gelişi ýaly ýerine ýetir. Şonuň bilen hem çäklen. Çendenaşa gidip, bar güýjüňi ybadata sarp etmek tukatlyk döreder. Janyňy bizar etmez ýaly derejede ybadata çagyr. Nebsiň (janyň) atynda birazajyk güýç-kuwwat goýmaklygyň, ony bütinleý nepessiz, demsiz taşlamagyňdan gowudyr. Janyň rahatlykdan alan lezzetini, nesibiňi hem unutma. Ybadatyň salamatlygy, kämilligi rahatlyk we saglyk bilendir.

## *55. Güýç-kuwwat we ussatlyk hakda*

Güýç-kuwwatly, başarnykly ynsanlaryň köpüsi ertir ýýamat güni özlerine, käşgä, güýç-kuwwatly we ussat ynsanlardan bolmasadyk, gürrüň bermekde ussat bolanlar hem, käşgä, beýle ökde bolmasadyk diýip arzuw ederler.

Ýerlikli söz sözläp bilmeýän, sesi-üýni çykmaýanlar geçer-de, owadan gepleýän dilewarlar jähennem oduna ýykylar. Kim bilýär, belki-de, samsyklygy bilen meşhur bolan Bakyl[1] halas bolup, akyly, söz ussatlygy bilen dillere dessan bolan Sahban Waýyl[2] aşak düşüp, pes bolar.

Onuň ýaly bolýan bolsa, harplary ýaryp, ussatlyk bilen gepleýän dilewara gözüň gitmesin.

Harplary ýaryp gürrüň bermeginiň deregine odun çapsa, belki, onuň üçin peýdaly bolardy. Şygrynda iň kämillik mertebesine ulaşan ol taýsyz şahyra hem höwes etme. Diliň apatlary hakynda aýdylan hadyslaryň we akyldarlaryň sözleri mälimdir.

---

[1] Bakyl  - jahylyýet döwründe araplaryň arasynda samsyklygy bilen tymsala öwrülip galan şahsyýet.

[2] Sahban – Sahban Waýyl. Jahylyýet döwründe dilewarlygy, suhangöýlügi, çeper dilliligi bilen meşhur bolan wagyzçy we hutbaçy şahsyýet. Muhammet alaýhyssalamyň döwründe yslamy kabul edip, musulman bolýar. 674-nji (hijri 54-nji) ýylda ýogalýar.

## *56. Ylym öwrenmek hakda*

Her dürli dälilik bardyr. Hemme ylymlary öwrenmegi islemek hem däliligiň bir görnüşidir. Saňa ybadatlaryň kämilligine we mäkämligine mydar bolup biljek eke-täk ylym ýeter. Nähili hem bolsa, bu ylymdan beýleki ylymlar, özüne görä gyzykly we peýdaly bolup, kalp olara meýil etse-de, bu ylymlar seniň ahyret sagadatyňa päsgel bolup biler. Bir ylmyň alymy bolup, tagat-ybadatdan gapyl bolanyňdan, şol ylymdan bihabar bolup, nadan bolmagyň, elbetde, haýyrlydyr.

Niçeme ylymlar bardyr, eýesini bu dünýäde baýlyga we şan-şöhrata eýe eder, ahyretde bolsa, zerre ýaly hem peýdasy ýokdur.

## *57.Dünýä we ahyret hakda*

Eger saňa:

— Surat ýaly gözelleri, pamyk ýaly elleri, inçejik billeri, hünji kimin dişleri, gül kimin bedenleri, sürmeli gözleri, süýji dilleri, çaga we agtyk götermek bilen guramajak gollary, menek-menek altynlary, miweli bakjalary, arassa tohum atlary, uzyn boýunly, gyzyl ýüňli düýeleri we şuňa meňzeş zatlary gowy görýärsiňmi, isleýärsiňmi diýilse, derrew ähli gyzgynyň bilen «elbetde» diýip, guraklykdan bagry ýanan adamyň ýagyşy gören wagtyndaky begenji ýaly şatlanarsyň.

Emma, eger saňa haýyr ýa-da ýagşylyk ýoluna girmek, sahawat gapylaryndan bir gapy açmak teklip edilse, derrew ýüz öwrüp, utanan bolup, edil malyň-mülküň göýä bir apata duçar bolan ýaly hile we bahanalar oýlap taparsyň.

Ýanyňda Allanyň aýatlary okalyp, beýan edilende, ol beýik Subhanyň[1] çäksiz nygmatlaryna şükür edilende, keçjallyk we kesirlik bilen gaçyp, nygmatyna näşükür bolarsyň.

Seniň tebigat binaň dünýäniň höweslerine görä gurlupdyr. Gylyk-häsiýet we höwes agajyň bolsa, ony görkli görkezjek bir ýere dikilipdir. Şonuň üçinem dünýä degişli bir söz agzalsa, köňlüň açylýar, gözüň gülýär we elmydam bu hakda gürrüň edilmegi üçin içiňde bir güýçli arzuw döreýär.

---

[1] Subhan – Allatagalanyň 99 adynyň biri. manysy ähli kemçiliklerden päk diýmek.

Emma ahyrete degişli bir söz agzalsa welin, ol sözleri özüňe görä pes we hormata nämynasyp hasaplaýanlygyň üçin gulaklaryň gapylaryny derhal ol sözlere ýapyp, kowup goýberýärsiň. Göýä, synaňda duran bir naýza kalbyňa gelýän ol sözleri şol wagt dyr-pytrak edýär.

### *58. Gysganç baý bilen ar-namyssyz gedaý hakda*

Haýyr-sahawatda, jomartlykda husyt baý bilen dilegçilikde keçjal, kesir, arsyz-namyssyz gedaýyň garşylaşmagy biri-biri bilen çaknyşyp uçgun çykarýan iki daşy we biri-birine duşman bolan iki tireden alnan iki günini ýadyňa salýar.

Başgalara kömek etmek we peýdaly bolmak nesibinden mahrum bolan ol husyt baý şeýle bir eli baglanan namyssyzdyr, hatda garyp we mätäçleri kemsindiren bakyşy, hyssyldaýan alahöwren ýylanyň seredişi ýaly endamyňy dygladyjy we gorkuzyjydyr.

Ol arsyz gedaý bolsa, islegini goparyp alýança, ynsanyň daş-töwereginde aýlanyp durar. Özüne rehim etdirjek bolup edýän ýüz-göz hereketleri, garşysynda duranyň göýä kellesine gassap tokmak bilen uran ýaly janyndan elli bizar eder. Islegi berilse welin, keýpinden ýaňa dürler seçip ýaranmaga başlar. Kowulaýsa welin, jan duşmany ýaly bolup, bogazyna ýapyşyp, manjanyga goýup atmaga synanyşar.

## *59. Ýaltaçylyk hakda*

Eý, Selma bilen Sugadyň[1] goýnundan çykmaýan heleýbaz! Dünýä we ahyret işleriniň çäresini gör. Rahatlygy endik edinip, peýdanyň, gazanjyň niredediginі gözleýän, güýmenjä we şadyhorramlyga öwrenişen bilen muşakgatlyga, kynçylyga döz gelmegi saýlap alan deň bolmaz.

Akylly adam sabyrly, çydamly we berk bolup, elmydam özüne peýdaly işler bilen meşgullanar. Akylsyzlar bolsa işlerinde tutanýerliksiz we gowşakdyrlar. Hüşgärlik we öňdengörüjilik gerek bolan ýerinde uklar durarlar.

Eý, ýalta! Sen indi dünýä we ahyret işlerinde akyllyja hereket edip, iki dünýädäki nesibiňi gazanmakda ejizligiňi we işýakmazlygyňy taşla! Seni dünýäde bagtly etjek, gowy bir durmuşda ýaşadyp biljek, ahyretde hem halas bolmagyňa sebäp bolup biljek işlerden başga hiç bir zada meýil etme!

---

[1] Selma we Sugad - araplarda aýal atlary.

### *60. Adamzadyň häsiýeti hakda*

Adamzat howlukmaç, bisabyr, ýeňilkelle, ikiýana howsalaly ylgaman durup bilmeýän bir ýaradylyşdyr. Şeýdip ikiýana howsalaly urnup durmasa, aç galaryn we şeýdip howluksa ajalyň wagtyny gijikdirerin diýip pikir eder. Howlukmaç we howsalaly bolup, aýlanyp-dolanyp durmak bilen has gowy bir durmuşa gowuşjagyna, dargap ýatan işlerini birýüzli etjegine, perişan ýagdaýyny düzeltjegine ynanar.

Oňa her näçe: «Dur how, giň bol!» diýilse-de, ol öz howlukmaçlyk we bisabyrlyk ýolunda dag diýmän, daş diýmän, depe-dere diýmän dikdüşdilik we keçjallyk bilen ylgar ýörer.

Bu ýeňilkellelik we bisabyrlyk adamzadyň entek ene garnyndaka edinen bir häsiýeti bolup, ondan aňsat-aňsat halas bolup bilmez. Gylyk-häsiýetleriň köpüsi doguşdan we ýaradylyşdandyr. Salykatlylyk we ýeňilkellelik hem bu hili gylyk häsiýetlerdendir.

### *61. Adam hukuklary hakda*

Bar bolan hemme bergileriňi üz we bütin dogan-garyndaşlaryňy özüňden razy et. Haçan Allatagala gowşaryn diýme, örän gysga zamanda oňa gowşup, eden işleriň hasabyny berersiň. Ant içýärin, Allatagala hiç wagt ýakaňdan elini aýryp bilmejek garşydaşyňdyr. Kuwwatyň we gudratyň kemaly oňa mahsusdyr.

Unutma! Erbetlikleriň üçin duşman hökmünde Allatagala ýeterlikdir. Ondan başga duşman gazanyp, garşydaşyňy köpeltme. Onuň öňünde eden etmişleriň seniň üçin ýeterlik günädir. Ol günäleriň üstüne ýene birnäçe günäler goşma.

Mysal üçin sen:

— «Meniň Rebbimiň rehmeti soňsuz we keremi çäksizdir» diýjek bolýarsyň. Bolýar, ol hakyny iýen adamlaryň ynjan göwünlerine näme diýjek?! (Olaryň saňa dawagär bomajaklaryna güwä geçýärsiňmi?!)

### *62. Ene-ata we dogan-garyndaş hakda*

Ene-atasyny söýüp, olaryň diýenini edip, olara boýun bolana Allatagala rehmetini nesip eder. Adyna kasam eden Allasyndan gorkan, ondan rehmet dileýän, dogan-garyndaşy bilen ýagşy gatnaşykda bolan, özüne ýamanlyk eden garyndaşyny hem söýen, olary goraýan, olar öýke-kinäni, duşmançylyklaryny terk edýänçä, olar bilen ýagşy gatnaşygy dowam eden ynsan Allanyň rehmetine hak-hukuk gazanar. Olaryň erbet niýetlere ýönelmegine we olary amala aşyrmaklaryna böwet bolar.

Şu gowy bilinmelidir. Dogan-garyndaş bilen gowy güzerançylykda gatnaşmak örän kyn bir işdir. Emma şeýle-de bolsa, erkin ynsan dogan-garyndaşlaryna hökman hemaýat etmeli. Ýokanç kesellerden gaçýan ýaly olardan gaçmaly däldir.

Ynsanyň sap hoşniýetliligine laýyk bolan hem bu işdir. Başgalara peýdaly bolup, olaryň dogry ýoly tapmaklaryna sebäp bolmak hem ynsana mynasyp bolan zatdyr.

## *63. Adalatlylyk we dogruçyllyk hakda*

Kalbynda adalat we ynsap ornaşansoň, zulum we ynsapsyzlyk çukuryna düşen adam arassa suwuň üstünden palçykly suw içen ýalydyr.

Adalat çeşmesi ýalpyldap duran aýnadan, owadan we dogry sözler saçýan akyldan hem üstündir. Zulum deresi bolsa düýä çalynan şepbikden, ýalan wadadan hem has garaňky we hapadyr.

Ynsaply ynsan başgalaryň hakyny iýmegi ýigrener we hemmeleriň hakyny berer. Zalym bolsa başgalaryň hakyny hile bilen almakdan lezzet alar we pursady elden gidermezlik üçin elde baryny eder.

## *64. Nebsine boýun bolan garrylar hakda*

Saçyň-sakgalyň agarypdyr. Emma biderek işleriň ýaňagy henizem ýygrylmandyr. Bolsa-da garrapsyň. Ýöne arzuwlaryň we höwesleriň lybaslary henizem könelmändir. Näme üçin entegem men seni günäkär we dikdüşdi halda görýärin? Göýä garrylyk habarçylary saňa böwet bolmaýar we ýaşyň ulalmagy seni ynjalykdan gaçyrmaýar!

Garrylyk garrylara nurana bir keşp we gowy gylyk-häsiýet berýändir. Seniň bütin gazanjyň bolsa nogsanlyk we gapyllyk bilen geçen ömürdir. Eger çekgeleriňe gonan garrylyk habarçysynyň nähili ilçiligini, nähili wezipe bilen gelenligini bilsediň, utanyp haýa perdesiniň aşagyna girerdiň. Emma seniň ýüzüň haýa sapagyny okamandyr. Hatda «ha» we «ýa» (ýagny «haýa» sözüni) harplaryny bogna hem bölmändir.

Ýyndam keýikler ýaly böküp, zowk-y sapa suwsanlaryň dillerini sallaýşy ýaly, agzyňy açýarsyň. Batyl bir söz agzalsa, «Simg[1] ýaly gulagy bar» sözi hut seniň üçin aýdylan ýaly, derrew eşidersiň. Emma hak sözi welin, piliň gygyryşy ýaly gümmürdeseler-de, gulagyň ýok ýaly, eşitmersiň. Nebsiň şeýle tejribesiz, ýabany bolsa-da ondan haýyr gözleýärsiň. Tokaýdaky ýolbarsdan kim süýt sagyp biler?

---

[1] Simg - urkaçy syrtlan bilen erkek möjegiň birleşmeginden dogan bir haýwan. Gulaklary örän gowy eşidýärmiş. «Simg ýaly eşidýär» söz araplarda atalar sözüne öwrülipdir.

## *65. Bilim we sowatsyzlyk hakda*

Bilim kyndyr, sowatsyzlyk bolsa ondanam kyndyr. Takwalyk zähmetlidir, günä bolsa ondanam zähmetlidir. Sebäbi nadanlygyň we günäkärligiň soňy pajygalykdyr, betbagtlylykdyr. Takwalaryň bolsa duş gelen kynçylyklary ýeňilleşdirmäge, müşgillerini ýeňledip, azaltmaga kepil geçýän käbir hemaýatçylary bardyr. Takwalar bu dünýäde gözel öwgülere mynasyp boluşlary ýaly, ahyretde hem soňsuz nygmatlara gowşarlar. Sebäbi takwalar hemme işiň hakykatyny agtaran we hemme meseläniň içine çenli girip habarly bolup, akyl ýetirenlerdir.

Haka çagyrana gulak asyp, ol çagyryşa gulaklaryny ýapmaýan adam, gör, nähili bagtlydyr.

## *66. Dinde takwalyk we şübheli zatlardan gaça durmak hakda*

Eserdeň we akyldar ynsanlar gözlerini az salym hem hidaýat ýolundan aýyrmazlar. Ýagşylar we takwalar elmydam iň üstün bolan zatlary saýlarlar. Her reňkiň iň gowusyny saýlarlar we tüsseli otda ýylynmazlar. Elmydam: «Iň uly körlük, gadagan edilen ýere ýakynlaşmakdyr. Meniň pikirimçe, bu zat heläk edijidir we bagtlylyga böwetdir hem-de dinime zyýandyr. Bu şeýledir, şu-da beýledir» diýip, tikenli ýolda aýak ýalaňaç ýöreýän ýaly ädimlerini seresaplyk bilen äderler. Şübheli we erbet niýeti gazandyrjak zatlardan daş we gaça durarlar.

## *67. Aýraçylyk hakda*

Eý, öýünden-ilinden aýrylan! Garalykdan meşhurlyk gazanan garganyň çüňkümi ýa-da seniň bu hor-homsy aýraçylyk halyň, haýsy has garadyr? Ol adamyň haly nähili garalmasyn, çünki, ol dogan-garyndaşdan, dost-ýardan uzakdyr. Ene-atasyndan aýra düşeniň saçy-sakgaly nähili agarmasyn. Ol hor-homsulygy hiç ýeňip bilmez. Sebäbi hiç kim oňa goldaw bermez. Aýraçylykda bolan adam hiç wagt yzzat görmez we rahatlyk ýassygyny ýassanmaz. Ýüzi-gözi elmydam horluk we kösenç tot-tozanynyň içindedir.

Diňe özüne «aýlanyp-gezip ýören, köpi gören, tejribeli, edermen adam» diýdirmek üçin watanyndan jyda düşüp, öý-işiginden, çagalaryndan, maşgalasyndan daş düşüp, ýurtma-ýurt gezip, daglarda, çöllerde özüni mähnetden-mähnede atmaga razy bolan adama akylly we parasatly diýip bolmaz.

Hawa, gam-gussasy, ýadawlygy bolmasa aýraçylyk beden maşkyna, syýahata we gazanja sebäpdir. Ýöne ynsany mähnedine çolaşdyrýandyr.

Emma Allatagalanuň ýolunda gazawat etmek, Allanyň öýüni, Muhammet pygamberiň guburyny zyýarat etmek we haj etmek üçin Alla ýolunda sapara çykanlaryň maňlaýynda yzzat we sagadat nury parlap durandyr. Olar, gör, nähili bagtly ýolagçylardyr.

## *68. Geplemek hakda*

Diliň haýyrlysy syr saklap bilýäni, sözüň haýyrlysy bolsa çuň manylysydyr. Şonuň üçinem geplejek sözüň haýra degişli sözlerden bolsun. Söhbet we muhabbetiňi agraslyk bilen zynatlandyr, edebe laýyk alyp bar. Pikirleriň naýzaň bogunlary ýaly mäkäm we düzüw bolsun. Sözleriňi ýerli-ýerinde, tertibinde goýup sözle, howlukma. Sözdäki biperwaýlyk seniň nogsanyňy we pikirsizligiňi görkezýändir. Bulardan başga-da ýumşaklygyň we süýji dilliligiň hemme zady bezeýşi ýaly, sözüň hem zynatydygyny unutma. Söz gepleýäne diňe agraslyk, salyhatlylyk, mertebe we hormat getirer.

## *69. Arkalaşmak hakda*

Eý, ýokary wezipelerde gezip, wezipe eýesi bolup, özüniň derejeleri, mertebeleri bilen öwünen gopbam! Ulagyňa münüp arkaýyn bolan mahalyň, şahyr Hatymyň[1] «Dostuňy pyýada taşlama!»[2] diýen wesýetini ýadyňdan çykarma. Ylahy jezadan gork we ulagyňy nobatlaşyp münmegi ýadyňdan çykarma!

Şuny hem gowy bil, ulagly üçin iň uly bela pyýadanyň kömegine mätäç bolmagydyr.

---

[1] Hatym Esam – Hatym Esam (Abu Abdyrahman Hatym bin Unwan Esam Balhy Horasany. 852-nji (hijri 237-nji) ýylda ýogalan. Ilkinji döwür Horasanly sopulardan. Ol Şakyk Balhydan sopuçylyk sapaklaryny öwrenipdir. Oňa «ymmatyň lukmany» diýip lakam goýupdyrlar. Ömrüniň köp bölegini Horasanda we Mawerannahrda geçiripdir. Çeşmelerde Hatymyň hadys ylmy bilen meşgullanandygy we käbir alymlardan hadys rowaýat edendigi aýdylýar. Ol Şakyk bin Ybraýym Balhydan, Şetdat bin Hekim Balhydan, Mawerannahrly Abdylla we Reja bin Mikdam Sagany doganlardan, Merwli Sagyt bin Abdylla Mahyýanydan hadys okapdyr. Onuň talyplary bolsa şulardyr: Ahmet bin Hadraweýh Balhy, Hamdan bin Zunnul Balhy, Muhammet bin Farys Balhy, Abu Abdylla Hawwas, Abu Japar Herewi, Abdylla bin Sehl Razy, Abu Turan Nehşebi, Abu Soltan Sagyt bin Abbas Sufy, Abu Aly Hasan bin Sagyt Sekka. Hatyn Esamynyň piri Şakyk Balhydan soran sekiz sany meselesi we onuň jogabyny içine alýan bir golýazma nusgasy Türkiýe Respublikasynyň Süleýmanyýe kitaphanasynda (Fatyh 4492/2 warak 54b-56a) belgili bukjada saklanýar.

[2] Hatym Esam bir şygrynda: «Seniň gowy ýöreýän düýäň bolup, dostuň hem ulagy bolmasa, ony pyýada ýöretme. Düýäňi çöker. Dostuňy hem arkaňa al. Ýok, eger bir kişilik ulag bolsa, dostuň bilen nobatlaşmagy unutma» diýýär.

## *70. Kanagatyň gözelligi hakda*

Harsydünýälik şeýle bir erbet zat bolup, ol eýesiniň derisini ýüzüp, ar-namys matasyny gaýçy bilen kesýändir. Allanyň adyndan kasam edýärin. Kanagatyň adamzady iň belent derejä beýgeldişi ýaly, harsydünýälik hem iň erbet tamakinçilik batgalygyna batyrýandyr.

Kanagat garyby baý ýaly görkezer. Harsydünýä baýyň mala, pula topulmagy bolsa ony garyp bir gedaý diýip hasapladar.

Beýle bolýan bolsa, harsydünýäler açgözlüge we tamakinçilige näçe meýil we höwes etseler edibersinler. Sen bolsa sabyn bilen öz eşikleriňi ýuwmagy dowam et. Harsydünýälikden we tamakinçilikden saplanmak bütin hapaçylyklardan arassalanmak diýmekdir.

## *71. Akylly we akmak ynsan hakda*

Akylly ynsan akyly we pikiri nämäni dogry diýip hasaplaýan bolsa, onuň ugrunda hiç gürrüňsiz «lepbeý» diýip ylgar.

Akmak bolsa, bir gezek şowsuzlyga uçrasa, soň hiç bir işe ymtylmaz we ysmazlar ýaly doňup galar.

## *72. Dünýäniň panylygy hakda*

Dünýä ýalançy, ynsanlar hem ynamsyz. Ölümden bolsa iň ýyndam keýikler hem gaçyp, gutulyp bilmezler. Şonuň üçin dünýäni isle al, isle-de taşla!

## *73. Amal we iman hakda*

Ynsan dil we ýürek ýaly iki kiçijik et parçasy bilen dälde, amal we iman ýaly iki beýik üstün zady bilen ynsandyr. Bu iki beýik üstün zat oňa ýaran bolmýança, beýleki iki kiçiniň hiç bir peýdasyny görmez.

Akyly, parasady we zehininiň ýitiligi bilen meşhur bolan Iýasyň[1] kalbyndan[2] gören ýagşylygy sähel zehin we parasatdyr. Özüniň çeper sözlüligi bilen meşhur bolan Kus bin Sagydanyň[3] dilinden tapan lezzeti bolsa sähelçe sap-arassa geplemegidir.

---

[1] Abu Wasyla Iýas bin Mugawyýa bin Kurre bin Yýas - emewileriň döwründe ýaşap geçen kazy. 666-njy (hijri 46-njy) ýylda dünýä inýär. Yýas köp alymlardan tefsir fykyh, hadys ylymlaryny öwrenýär. Omar bin Abdyleziz Basra häkimi Ady bin Ertata hat ýazyp Iýasy kazy bellemegini haýyş edýär. Ol hem ony kazy edip belleýär. Ýöne soň häkim bilen arasy bozulýar we kazylykdan boşadylýar. Basradan Wasyla giden Iýasy Häkim Omar bin Hubeýra Muhbeşit hökmünde işe belleýär. Ol 740-njy (hijri 122-nji) ýylda ýogalýar.Iýas örän akylly bolupdyr. Şonuň üçinem «Iýasyň öňdengörüjiligi, parasaty», «Iýas ýaly akylly» lakamlar bilen atalar sözüne öwrülýär. Ol kazy mahaly hem örän adalatly çözüp, şaýatlaryň ynamdar bolmagyna üns berer eken, dawalary uzaga çekdirmezden çözer eken.

[2] Öňler kalp düşünjäniň we oý-pikiriň merkezi hasaplanar eken.

[3] Kus bin Sagyda - yslamdan öň ýaşap geçen «Araplaryň akyldary we emini» lakamy bilen tanalýan meşhur wagyzçy. Onuň aýdan çeper sözleri atalar sözlerine öwrülipdir. Ol butparaz bolmandyr. Onuň Muhammet pygamberiň ýanynda geljekdigini habar berendigi hem aýdylýar. Hatda onuň pygamberi görendigi hem rowaýat edilýär. Onuň aýtmagyna görä pygamber ony ol Ukaz bazarynda wagyz edýärkä diňlänmiş.

Iman we amallary bolmasady, bular olara ýetermidi?!

## *74. Ulumsylyk hakda*

Eý, pese we aşaga düşen gul! Üstüňdäki bu ulumsylyk we tekepbirlik lybasy, ynsanlary kemsiden bu alarylyp seredişiň we kese bakyşyň näme?! Hany, şu ulumsylyk we göwnüýetmezçilik bilen bakyşyňy bir düzet. Belki-de mata dokaýan şu wagt seniň kepeniňi dokaýandyr.

## *75. Dil ýarasyndan saklanmak hakda*

Şeýle bir ýarag bardyr, özüni göterýäne (öz haly-dili bilen) «meni ele alma» diýer. Niçeme söz bardyr, gepleýäne (öz haly-dili bilen) «meni dile alma» diýer.

Hakykatdan hem diliň ýiti ujy naýzanyň böwsüp bilmedik ýerlerini böwsüp geçer we naýzanyň täsir edip bilmedigine hem täsir eder.

Ant içip aýdýaryn, bir kişiniň söz bilen namysyna we abraýyna degip, ýüzüni ýere salmak, onuň ganyny dökmekden hem has beterdir.

Onuň ýaly bolsa, agzyňa gelen her sözi aýtmakdan saklan. Şonda «Näme üçin?» we «Nämä gerek?» diýip, öňüni-soňuny gowuja pikirlendigiň bolar.

### *76. Allanyň razyçylygyny gazanmak hakda*

Ikiýüzli bolup ybadat eden beden Allanyň razyçylygyny gazanyp bilmez. Ryzaý-y Baryny (Allanyň razyçylygyny) diňe dowzah odunyň eýmençliginden çekinip ýanyp-bişen, jennete bolan arzuwyndan ýaňa para-para bolan ýürek bilen her dürli şek-şübheden bütinleý saplanan we arassa niýet bilen edilen amallar gazanyp biler.

### *77. Ylym we amal hakda*

Amal edýän adam üçin ylym jaý gurýan ussanyň ölçeg ýüpi ýalydyr. Alym üçin amal bolsa, guýudan suw çekýäniň gowa ýüpi ýalydyr. Ölçeg ýüpi bolmadyk ussanyň jaýy dogry örüp bilmeýşi ýaly, ýüpi bolmadyk hem gowasy bolsa-da guýudan suw çekip, suwsuzlygyny gandyryp bilmez.

Kim kämil adam boljak bolsa, hem alym, hem-de amal edýän bolmalydyr.

### *78. Din alymynyň häsiýeti hakda*

Şerigat kada-kanunlary ylmyny öwrenip, agşama ýetdiňiz-de, soňra bolsa kär we gazanç arzuwlary bilen ertire çykdyňyz. Beýdip dünýä çümeniňiz sebäpli, Ylahy üstünlik bilen ýoldaşlykdan aýrylansyňyz we ýol kynlaşyp uzaklaşandyr. Haýp, size haýp!

Siziň dogry ýoly tutmak nukdaýnazaryndan iň alymyňyz, şerigat ylymlarynda iň ökdäňiz günä işlerden gaça durup, Alladan kämil suratda gorkanyňyzdyr.

### *79. Mert we ýaranjaň adam hakda*

Bu dinde käbirleri mäkäm we berk durup, kämil söz goşunlaryny taýýarlap, kesgir dil gylyçlaryny gynyndan çykarandyrlar. Şonuň üçinem hatda güýçli hökümdarlaryň özleri hem olara baş egip, hormat goýýandyr.

Käbir alymlar hem biperwaý bolup, ýaranjaňlyk ýoluny tutandyklary üçin üstlerine itler musallat bolup, gorkak şagallar hem üstlerine buşugandyrlar. Ahyrynda hem gahar-gazap dişleriniň, kemsitme we ryswalyk penjeleriniň arasynda ýok bolup gidendirler.

## *80. Pikirlenmek hakda*

Ýazgyt seni ahyrete ýolagçy etmezden we seniň bilen gönüden-göni arañyza girmezden öňürti, asmany bezeýän şu ýyldyzlaryň zynaty bilen gözleriňi nurlandyr we olary ýaradyp, ýöredýän Halyk Tagalanyň soňsuz güýç-kuwwaty, çäksiz hikmetleri barada pikirlen![1]

## *81. Dünýäniň dynç ýeri däldigi hakda*

Seniň bu pany dünýäde hoşal bolup biljek eklenjiňe kim kepil geçip biler? Kim arz-y şikaýatsyz geçirip boljak durmuşy saňa berip biler?

Arman, bu dünýäde aňsat gazanylýan lezzetli bir nygmat we bu pany durmuşda sönmeýän yşyk ýokdur.

Müdimi bagtlylygy, bagtyýarlygy diňe erbetligi we bet päli bolmadyklar isleýändir.

[1] Bu makala Zamahşarynyň «Keşşaf» atly Gurhanyň tefsiri kitabynyň «Al-i Imran» süresiniň 190-njy aýatynyň düşündirişinde bolşy ýaly bardyr.

### *82. Namyslylyk we kanagatlylyk hakda*

Kalbyňa namysyň lezzetini dadyr we oňa kanagat lybasyny geýdir! Ýogsam, seni haramlara we şübheli zatlara meýil etdirer. Hiç bolmasa, biderek we boş işler bilen meşgul eder. Ertir kynçylyga we muşakgata duçar boljak adam üçin bu günki bolelinlikden, baýlykdan hiç hili peýda we haýyr ýokdur.

### *83. Zalym döwlet işgärleri hakda*

Eger «emri bil-magruf»[1] etmejek bolsalar, bu wezipäni boýun almasalardy. Eger «nehýi anil-munker»[2] etmejek bolsalar, özlerine beýle wezipe edinmeselerdi! Ir bilen aç wagşy haýwanlar ýaly nebisjeňlik bilen dünýä topulýarlar. Baran ýerleri başbozarlyk, edýän işleri hem zulum we adalatsyzlyk.

Munuň ýalylary görmezden owwal ölüm buşlukçysy gelip, dünýäden alyp gidilen adam nähili bagtlydyr.

---

[1] Emri bil-magruf - ýagşylyklary emr etmek.

[2] Nehýi anil-munker - erbetlikleri gadagan etmek.

### *84. Akmak hakda*

Eý, haýyrly işden we amaldan boş galyp aldanan akmak! Eý, sap ýüreksiz günäkär we oýnatgy! Elmydam bulançak hapa suw ýaly, ähli haýyrly işleriň duşmanysyň. Seniň ýalylardan hiç kim razy we hoşal bolmaz. Nädip Allanyň huzurynda kabul bolup bilersiň?!..

### *85. Nirä çenli?*

Hüşgärlikden gapyllyga nädip basym öwrüldiň we pitne odunda ýylanmagyňy nähili uzaltdyň? Aýagyň birnäçe gezek taýsa-da, entegem puşmançylyk alamaty görünmeýär. Bilmeýärin, bu gaflat ukusyndan haçan oýanyp, ýykylan ýeriňden haçan turarsyň?

### *86. Peýdasyz ylym we peýdasyz amal hakda*

Köp ylymlaryň kelle çaşyrmakdan başga bitirýän käri ýokdur. Käbir amallar hem Allanyň huzuryna ýetmän, diňe beden ýadatmakdan başga edýän işi ýokdur.

Din ylymlaryny öwrenip, amallaryny hem niýetleri bilen tämizlänlere gözüm gidýär.

### *87. Gadyr bilmezlik hakda*

Köp adamlar ahlakly, hemaýatkär bolsalar-da, tersine olar ahlaksyz, hemaýatsyz diýip hasaplanýarlar.

Agraslykda dag, ylymda derýa ýaly bolan bolup, meşhurlyk gazananlaryň birnäçesi bolsa, ol agraslykdan, ylymdan diýseň uzakdyr.

Bu gapma-garşylyk we gadyr bilmezlik bolsa, Allanyň gazabyny getirmäge ýeterlikdir.

### *88. Nebisjeňlik hakda*

Mazar ene-ataňy çüýredip, bütin geçen ata-babalaryňy hem ýok edip ýitirendir. Çaga-çugalaryň hem ahyrsoňy bu ahwala düşjekligi ikuçsyzdyr.

Beýle bolýan bolsa, seniň bu wagtlaýyn kölegä we peýdasyz düşelgä ymtylýan nebisjeňligiň we tamakinçiligiň nämä esaslanýar?!

### *89. Allatagalanyň öwgä we şüküre mynasypdygy hakda*

Şuny gowy bil! Öwgä we şükür edilmäge iň mynasyp, iň laýyk bolmak belentlige we üstünlige kämil derejede eýe bolanyňkydyr. Arşyň eýesi bolan Beýik Allatagaladan iň beýik we onuň gözel atlaryndan has gözel hiç zat ýokdur. Onuň ýaly bolýan bolsa, oňa hamd-u sena aýtmak bilen bar bolan gujur-gaýratyňy sarp et. Bu meselede hemmeleriň öňüne geçmäge synanyş! Ony iň köp zikir we sena edeniň özüň bolmagyňa üns ber!

### *90. Islegleri köpeldip, amallary azaltmazlyk hakda*

Ömrüň şeýle gysgalygyna garamazdan islegleri köpeldip, amallary bolsa azaltmak nähili erbet zatdyr!..

Dünýä işleriniň tukatlygy ynsanyň kalbyny garaldýandyr. Ynsanlar gapyl ukuly gözlerini süzüp oturyşlaryna, dünýä bakyp ybrat-görelde almakdan galyp, Allatagaladan pähimlilik islemek akyllaryna hem gelmeýär!

### *91. Dünýä aşyklary hakda*

Eý, dünýä! Başlaryna gelen aýralyk belasyna gynanýandyklary sebäpli seniň üçin bagyrlary girýan, gözleri gan aglaýan näçe sany dertli aşygyň bar?

Seniň jepalaryň sanap bolmaz ýaly derejede has köp, olaryň arzy-şikaýatlary bolsa daşlaryň sany ýalydyr.

## *92. Dünýäniň birehimdigi hakda*

Bu menzil özünde düşleýänlere birehimdir. Şonuň üçin bu ýerden gaç, gaçsaň, salamatda bolarsyň.

Talaňçylykdan gorkýan bolsaň, düýäňi bu ýerde çökerme. Ondan haýra garaşma, haýyr ondan başga ýerdedir.

## *93. Rysgal hakda*

Rysgalyň bir bölegi giň we bol, beýleki bir bölegi bolsa dar we kemdir. Içilýän zatlardan nesip hem şunuň ýalydyr. Käbirleri suw bilen teşneligini gandyrýan bolsalar, käbirleri suwuň deregine düýeleriň bol süýtlerini içýärler.

Ne duçar bolan darlygy we gaýgysy onuň ejizliginden we akmaklygyndandyr, ne-de gowşan bollugy we bereketi özüniň fazyletinden we akylyndandyr.

Bu bir çaprazlyk däldir. Bu mal-mülk we baýlyk gudrat elinde bolan, hökümleri we ýazgytlary beren Allatagalanyň ýazgydy, takdyry, eradasy we islegidir.

## *94. Halal we haram gazanç hakda*

Halal mal dama-dama hasyl bolar. Haram bolsa çabgaly ýagyş ýaly iner. Emma az bolup tämiz bolan, köp bolup hapa bolandan, elbetde, haýyrlydyr. Niçeme kiçijik guzujyklary iýenlere «zaryg»[1] diýilýän ajy jähennem iýmiti beriljekdir. Niçeme gyzyl şerap bilen lezzetlenenler bolsa, jähennem azaby bilen jezalandyryljakdyr.

---

[1] Gurhanyň «Gaşiýe» süresiniň 6-7-nji aýatlarynda: «Olar üçin zarygdan başga iýere zat ýokdur. Ol ne doýurar, ne-de ajykdyrar» diýilýär.

### *95. Öz-özüňe duşman bolmazlyk hakda*

Saňa öwüt-nesihatlar berip, seni we saňa degişli zatlary gorap saklaýan seniň wepaly dostuňdyr. Onda, eger sen hem nebsiň wepaly dosty bolýan bolsaň, näme üçin nesihatlaryň oňa täsir etmeýär. Näme sebäpli seniň hemaýatyň we ony goramagyň oňa peýda bermeýär? Sebäbi seniň oňa eden nesihatyň, oýundyr-güýmenjeler bilen ony güýmemegiň, ony goramagyň, hemaýat etmegiň hem kynçylyklary we näsazlyklary çözmekde başa barmaýar. Ömrümiň haky üçin ant içip aýdýaryn, bu senden oňa bir zulum we duşmanlykdyr. Seniň nesihatyň bolsa «Beni Udwan gyrnagynyň nesihaty»[1] ýalydyr.

---

[1] Ýalňyş öwüt manysynda araplaryň atalar sözi. Udwan ogullary taýpasy işlerinde garry bir gyrnaga maslahat salyp, her sapar hem perişan bolar ekenler.

### *96. Paýhassyzlyk hakda*

Azyk azalypdyr, meşikde suw galmandyr, ýol bolsa uzak, ýolbelet hem aňkasy aşana dönüpdir. Nämä paýhassyzlyk edýäniňden habaryň barmy? Aýaklaryň seni göterip biljekmikä ýa-da taýyp gitjekmikä?

### *97. Aýal hakda*

Aýala gözelligi üçin däl-de, namysy we wyždany üçin öýlen. Eger namysy we wyždany bilen bilelikde gözelligi hem bolsa, nur üstüne nurdur. Emma iň gowusy asyrlar boýy ýaşasaň-da, «hasur»[1] bolup ýaşamakdyr.

---

[1] Hasur - Ýahýa pygamber Gurhanda «Al-i Imran» süresiniň 39-njy aýatynda bu söz bilen öwülýär. Manysy «nebsine häkim bolan» diýmekdir.

## 98. Ölüme taýýar bolmak hakda

Eý, aglamagy unudan! Sen aýralyk gargasyny[1] gördüňmi?! Oturyp gynanç gözýaşlaryny dökmegiň gerek. Emma hany seniň gözýaşlaryň?! Aslynda seniň saçlaryň agaryp, ölüm guşy ak saçlaryň ösen ýerlerine höwürtge ýasap ýumurtgalapdyr. Indi seniň üçin tabyda ýüklenmekden we daş-topragyň aşagyna gömülmekden başga bir iş galmandyr.

## 99. Ähde wepalylyk hakda

Halas bolanlar diňe Allatagala beren ähtlerine we sözlerine wepaly bolup, dinini mäkäm tutan yhlasly we wepadar kişilerdir.

Sözünde durmazlygy günbe-günden artan we bir sagady beýleki sagadyndan has hem bulançak bolan kişi, nädip özüni halas bolanlardan hasap edýärkä?! Haýran galýaryn!

---

[1] Alagarga - araplar bu guşy bagtsyzlyk hasaplaýarlar we aýraçylyk getirýär diýip ynanýarlar. Şeýle hem ala reňki üçin «saçlaryňa ak düşdi» diýmek islenýär.

### *100. Sen nähili möminsiň?!*

Saňa bakýaryn. Sen suwuň süzülenini, arassa bolanyny söýýärsiň we içýärsiň. Eger çägeli ýa-da bulançak bolsa welin, agzyňa alanyňy hem tüýkürýärsiň. Içen gabyňy bolsa ýere urup, döwmäge dyrjaşýarsyň.

Bolýar. Din çeşmesini hapalan çöp-çöre nädip razy bolýarsyň. Mömin kişi dininiň beýle ýagdaýyna hiç bir suratda razy bolmaz!..

**MAHMYT ZAMAHŞARY**

# PAÝHASLY SÖZLER

**أبو القاسم محمود بن عمر جارالله الزمخشرى**

# نوابع الكليم

**Arap dilinden terjime eden**
**we çapa taýýarlan**
**Rahman Ilmämmedow**

*XI-XII asyrlarda ýaşap geçen meşhur türkmen alymy Mahmyt Zamahşarynyň «Paýhasly sözler» atly edebi kitaby Türkmenistanyň Ömürlik Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň howandarlygynda ilkinji gezek neşir edilýär. Kitabyň türkmen diline terjimesi eseriň Stambulda saklanýan golýazma nusgasy esasynda taýýarlandy.*

*Adamzat nesliniň ruhy gymmatlyklary bolan pähim-paýhaslary, pendi-nesihatlary we öwüt-ündewleri özünde jemleýän bu kitap türkmen genji-hazynasynyň bir bölegidir.*

# GIRIŞ

Eý, Perwerdigär! Ähli görnüş emir-buýruklary, wagyz-nesihatlary, ýagny täsir ediji öwütleri we paýhasly ündewleri özünde jemleýän, gaflat ukusyndan oýandyrýan we ähli haýyr-sogaply işlere höweslendirýän bu kitaby ýazmagym üçin beren ylhamyň, maňa eçilen uly we tükeniksiz nygmatyňdyr. Men bu paýhasly sözler bilen Lukmanyň[1] nesihatlaryny öwredýärin we Süleýmanyň weziri Asafyň[2] hikmetlerini düşündirýärin. Ýöne käbir gulaklar hakykaty eşitmekden, käbir akyllar hem hakykat barada pikir etmekden mahrumdyr. Käbirleri bolsa gaflat düşeklerinde ýatandyr. Olar barslar ýaly gaty köp ýatýandyklary üçin gözleri çalaja açykdyr.

---

[1] Lukman – Lukman Hekim. Dawut alaýhyssalamyň döwründe ýaşap geçen meşhur hekim. Onuň doly ady Lukman ibn Bagura ibn Uhti Eýýupdyr. Ykryma we Şagby ýaly tabygyn (sahabalary görenler) neslinden bolan tefsir alymlary ony pygamber hasaplapdyrlar. Emma alymlaryň köpüsiniň aýtmagyna görä, ol alym we hekim bolupdyr. Sahaba (pygamberimiz Muhammet alaýhyssalamy görenler) neslinden bolan Ibn Apbas bolsa ol barada: «Lukman pygamber hem däldi, hökümdar hem däldi, ol ýönekeý, garaýagyz çopandy. Allatagala oňa hikmet berdi» diýipdir. Gurhan-y Kerimde Lukman barada şeýle diýilýär: «We biz Lukmana Alla şükür et» diýip hikmet berdik. Şükür eden diňe özi üçin şükür edýändir» (Gurhanyň «Lukman» süresiniň 12-nji aýaty).

[2] A:saf – Süleýman alaýhyssalamyň weziri Asaf ibn Berahýa. Ol örän akylly, parasatly we akyldar bolupdyr. Onuň aýdan birnäçe hikmetli sözleri bar.

Eý, Perwerdigär! Bu paýhasly sözleri öz gursaklaryna guýmaklary üçin «sünnet-i seniýýe»[1] ýoluna we Hasanyň[2] paýhasly öwüt-ündewlerine höwes edýänleri ber. Onuň bezemen dokalan we ýörite ýasalan zynatlary bilen bezenmäge şatlanjaklary we bulary arzuw etjekleri ýarat. Seniň halan we razylygyňy gazanjak zatlaryňy ýerine ýetirýänçäk, bize ýardam et! Hassa bolan kalplary sagaltmak üçin bize üstünlik nesip eýle! Sen öz bendeleriň özlerine iň ýakynysyň, dilegleri kabul edýänleriň we kömek edýänleriň iň beýigi özüňsiň!

---

[1] Sünnet-i seniýýe - Muhammet alaýhyssalamyň sünneti, ýoly. Sünnet üçe bölünýär. Kowly sünnet, pygly sünnet we takryry sünnet. Kowly sünnet – Muhammet alaýhyssalamyň aýdan sözleridir. Pygly sünnet – onuň eden işleridir. Takryry sünnet – onuň kimdir biriniň edýän bir işini görüp, ony tassyklamagydyr.

[2] Hasan – Hasan Basry. Tabygyn neslinden bolan alym, akyldar we ynamdar hadys rowaýatçysy. 643-nji (hijri 21-nji) ýylda Medinede dünýä inýär. Ýaşlygyny Hezreti Alynyň ýanynda geçirýär, soň Basrada ýaşaýar. Şonuň üçinem oňa Basry diýlipdirler. Öz döwründe «ymmatyň syýasy» lakamyna eýe bolup, basralylaryň ymamy hasaplanypdyr. Ol örän takwa, zahyt bolup, hakykaty aýtmakdan çekinmändir. Ýusup ibn Hajjaç bilen onuň arasynda birnäçe hadysa bolup geçipdir. Ymam Gazaly ol barada: «Hasan Basrynyň sözleri ynsanlaryň arasynda pygamberleriň sözlerine meňzeşdir» diýipdir. Ol çeper sözleýişde ussat bolupdyr. Onuň aýdan hikmetli we parasatly sözleri bar. 732-nji (hijri 110-njy) ýylda wepat bolýar.

## BISMILLÄHI-R-RAHMANY-R-RAHYM

1. Sünnet ýoly — meniň ýolumdyr. Sen hem şu ýoldan ýöre (Sünnete uýmak meniň gylyk-häsiýetimdir. Men ondan daşlaşmaryn, sen hem hiç haçan mundan daşlaşma).

* * *

2. Size ýakynlaşdygym saýyn, gözüm[1] siziň bilen şat bolýar (Sünneti berjaý edýän dost-ýarlarymy görenimde, köňlüm heýjana gelýär).

* * *

3. Gök gürläp ýagyş ýagdyran mahaly, dogruçyl adam wada beren mahaly, gör nähili ajaýypdyr!

* * *

4. Niçeler öz erbet işlerinem merdanalyk hasaplar.

* * *

5. Ata güýç-kuwwat taýdan eneden rüstem bolsa-da, ene mähir-mylaýymlylyk babatda atadan rüstemdir.

---

[1] Bu ýerde: «göz» köňül manysynda.

* * *

6. Jomart adam — doly ýagdyrýan bulut iberer, gijä galýan ýyldyrymy ibermez (etjek ýagşylygynyň alamatyny görkezer we wadasyny ýerine ýetirer).

* * *

7. Dinini dinara satan adam, uly zyýan çekmäge razy bolan adamdyr.

* * *

8. Sakgal öz çäginden geçmese zynatdyr[1].

* * *

9. Zekaty berilen malyň bereketi artar.

* * *

10. Eý, oglum! Kelläňi mynjyratjak zatdan diliňi gora! (Diliňe gelen her bir zady aýdyp ýörme, agzyňdan çykýan sözlere üns ber!).

* * *

11. Duşmançylyk eken, muşakgatlyk orar (Ýamanlyk eden ýamanlyk görer).

* * *

12. Köp gürlemek —aýyp hasaplanýan zatdyr.

---

[1] Yslam kanunlaryna görä, sakgalyň bolmaly mukdary el bilen tutulanda bir tutumdyr. Bu mukdar pygamberimiziň sünnetidir. Erkek kişiniň zynaty hem sakgalydyr. Bu mukdardan geçse sünnetiň terk edildigi bolýar.

* * *

13. Emin[1] adam — howpsuzlyk içindedir, haýyn adam — heläkçilik içinde.

* * *

14. Aýallary özüne nusga edinýän erkek kişi — olam bir aýaldyr (Erkek bolsalar-da, hal-hereketleri erkege mahsus bolman aýallaryňky ýaly bolanlar, mert däldir).

* * *

15. Akylyna we dinine tabyn bolan, birzadyň özeni bilen süňňüni bir ýere jemläp bilen hasaplanar.

* * *

16. Jähennemde pasyklar üçin «gassak[2] we hamym[3]» şerbetlerinden başga ýakyn «hamym[4]» ýokdur.

* * *

17. Takwalar[5] ahyret gününde kölegelerde we ýumşak kürsülerde[1], günäkärler bolsa azgynçylyk we bozgakçylyk içindedir[2].

---

[1] Emin – ynamdar, wepadar, dogruçyl.
[2] Gassak – sowuk, hapa we erbet şerbet, iriň.
[3] Hamym – bu ýerde: «gaýnag suw» manysynda. Gurhanyň «Nebe» süresiniň 25-nji aýatynda «Olar (jähennemdäkiler) diňe gaýnag suw we iriň (içerler)» diýilýär.
[4] Hamym – bu ýerde: dost, ýaran, ýoldaş manysynda.
[5] Takwa – Alladan gorkýan, dini dessurlary birkemsiz berjaý edýän, şekli-şübheli zatlardan daş durýan. Hatda halk arasynda «Takwa pitwadan artykdyr» diýen söz hem bar. Munuň manysy hem, mysal üçin, eger bir awçy bir guşy tüpeňlese we ursa, atan mahaly hem «Bismillä» (Allanyň ady bilen) diýen bolsa, emma awçy barýança guş ölen bolsa, din taýdan awçynyň «Bismillä» diýen sözi üçin ol guşyň etini iýmäge pitwa (rugsat) bar. Emma, ýok men onuň damagyny öz elim bilen çalmadym, şonuň üçinem aljak däl diýse, ine bu takwa bolýar we eger awçy ony terk etse, ol isrip hasaplanmaýar.

* * *

18. Açgözlik — hormat goýulýan we ýagşy gylyk-häsiýet hasaplanmaz.

* * *

19. Zamana seniň deň-duşlaryňy goýmady. Sen näme özüňi bu ýerde baky goýar öýdýärsiňmi? (Bir gün geler, ol seni hem ýok eder).

* * *

20. Nebg agajy[3] güýçlülere we ýüreklilere, derek agajy bolsa olardan özgelere tymsaldyr.

* * *

21. Arap çarwalary garalykda garga ýaly, garaýagyzlar bolsa zyýan ýetirmekde gurt (möjek) ýalydyr.

* * *

22. Ýardamlar azalanda, göreçler küteler.

* * *

23. Bedroý ýüzüň aňyrsynda diňe erbet häsiýet bardyr.

---

[1] Gurhanyň «Murselat» süresiniň 41-nji aýatynda munuň bilen baglanyşykly şeýle diýilýär: «Takwa bolanlar (ahyret gününde) kölegelerde we çeşme başlaryndadyr».

[2] Gurhanyň «Kamer» süresiniň 47-nji aýatynda munuň bilen baglanyşykly şeýle diýilýär: «Günäkär bolanlar (ahyret gününde) azgynçylyk we bozgakçylyk içindedir».

[3] Nebg agajy – buk agajy, çalymtyl gabykly uly berk agaç, käbir türki halklarda muňa «akja agaç» ýa-da «gaýyn agajy» hem diýilýär.

* * *

24. Ynsanyň maňlaýyndaky ýygyrtlarda gynanç we begenç alamatlary aglar hem güler (Gynanç we begenç ynsanyň ýüzünden belli bolar, ýüz hiç zady gizlemez).

* * *

25. Ynanjy bozuk adamyň eden amaly, salgyma we küle meňzär (onuň hiç hili peýdasy bolmaz).

* * *

26. Elmydama nygmat içinde bolana tagat-ybadat etmek wajypdyr.

* * *

27. Dil bilen edilen ýagşylyklaryň köpüsi, el bilen berlen sadakadan haýyrlydyr.

* * *

28. Üstüňde Muheýmin[1] bardygyny unutma, ýüregiňi erbet niýete düwme (Päliňi düzüw tut).

* * *

29. Haýyr-sahawatyny minnet edýän bilen öz-ä haýyr-sahawat etmän etjege-de päsgel berýän bu ikisi, bir kökden gögeren iki nahal ýalydyr.

* * *

30. Saňa agyr we täsirli sözler bilen wagyz-nesihat etdiler, emma seni gaflat ukusyndan oýaryp bilmediler.

---

[1] Muheýmin - serediji, üstüňden garaýjy, Allanyň 99 adynyň biri.

* * *

31. Söz täsir etmeýän adama taýak hem täsir etmez.

* * *

32. Eger biderek zat aýdylsa, simg[1] ýaly sen hemme zady eşidýärsiň. Emma hakykat gümmürdäp gelse-de, gulagyň gapyk ýaly hiç eşitmeýärsiň.

* * *

33. Ýetmezçilik bilen bagtyýarlyk bir çadyrda ýaşar, at-abraý nirä gitse kynçylyk hem onuň ýanyndan aýrylmaz (Ýeter-ýetmez bolsaň-da, bagtly bolup bolar, emma at-abraýa kynçylyk bilen ýetip bolar).

* * *

34. Diliňden çykan niçeme sözler seni söweş meýdanyna alyp geler ýa-da ýeňsäň gyzarmagyna getirer.

* * *

35. Aýakgap bagjygy bolsa-da satyn al (hiç kesiň minnetini çekme). Sebäbi niçeme peşgeş berlen zatlar, ynsanyň mürewwetini[2] giderer.

* * *

36. Ilkinji garaýşyň bilen işe girişme, gowuja ölçereniňden soň dörejek garaýyşa garaş.

---

[1] Simg - urkaçy syrtlan bilen erkek möjekden dörän bir jandar. Ol jandaryň gulaklary örän gowy eşidýärmiş. «Simg ýaly eşidýär» aňlatmasy araplarda atalar sözüne öwrülipdir.

[2] Mürewwet – rehim, şepagat, rehimdarlyk; aman-nurbat, «nurbat» sözi «mürewwet» sözüniň gysgaldylan görnüşidir.

* * *

37. Myhman gelmeýän öýe ýagmyryň (rehmetiň) ýagmazlygy ýeg.

* * *

38. Dili dürs gepleýäniň, ýalňyşy az bolar.

* * *

39. Wagtynda berilmän giç berlen haýyr-sahawat, iki eplenen zynjyr ýalydyr.

* * *

40. Dostuň sözüne dymmak bilen hormat goý we äsgerilmezlik biabraýçylygyndan ony gora (Bir zat aýdýarka sözüniň arasyny bölme).

* * *

41. Seniň barýan bu ýoluň aýdyň ýol däl, sendäki bu häsiýetleriň hiç haýsy hem saňa gelişmeýär (Sen nädogry ýoldan barýarsyň, ýoluňy düzet, seniň bu erbet gylyk-häsiýetleriň hiç haýsy hem seniň adamkärçiligiňe gabat gelmeýär, ahlagyňy düzet).

* * *

42. Sarygul-gawany[1] lakamly Müslim[2] ýaly tiz ýigrenýän we bizar bolýan musulman bolma.[3]

---

[1] Sarygul-gawany - manysy: «owadan aýallara meýilli».
[2] Müslim – apbaslylar döwründe ýaşap geçen şahyr Müslim ibn Welit. Ol Kufada dünýä inip, 823-njy (hijri 208-nji) ýylda Gürgende dünýäden ötýär.
[3] «Sarygul-gawany» emewileriň döwründe ýaşap geçen şahyr Kutamynyň lakamy hökmünde hem agzalýar.

* * *

43. Günäkärlik penjesi puşman etmek bilen kesiler, tagat-ybadatyň ganaty onuň dowamlylygy bilen asmana galar.

* * *

44. Ol özüne nesihat berýän dost tapyndy we ony özüni süsjek bolýan şah hasaplady (Nesihaty agyr görüp ony ganym duşmany hasaplap, nesihatyny diňlemedi).

* * *

45. Seniň nesihat berýäniň sözüni kabul etmegiňe haýsy zat päsgel bolýar? Ýogsam, ol özüniň nesihaty bilen seniň ýaramaz taraplaryňy düzedýär ahyry.

* * *

46. Gijä galyp ýerine ýetirilen wadadan haýyr ýokdur.

* * *

47. Eger kimdir birine gazaplanmak isleseň, galama ýapyş, hat bilen gazaplan. Sebäbi dil bilen kimdir birine gazaplanmak akylsyzlykdyr.

* * *

48. Ylym — üstüne çykylmagy kyn, aşak inilmegi aňsat bolan bir dag mysalydyr (Ylym öwrenmek kyn, ýatdan çykarmak bolsa aňsatdyr). Nadan bolmak örän aňsat, dana bolmak bolsa örän kyndyr.

* * *

49. Katranyň[1] reňkiniň üýtgemeginiň mümkin bolmaýşy ýaly, aýyp gözleýän adam hem hiç haçan hormata mynasyp bolup bilmez.

* * *

50. Ýa bir zada esaslan, ýa-da bir zatdan peýdalan (Ýa öwrediji bol ýa-da öwreniji bol!).

* * *

51. Kürtler[2] ýaly gije hüjüm etdi, soň bolsa bagyrtlak[3] ýaly uçdy.

* * *

52. Ýalançy adam ant içende, diňleýäniň onuň ýalançydygyna bolan ynanjy öňküsindenem artar.

* * *

53. Niçeme ahy-nala we arzy-şikaýatlar, sykylyk atmakdan we çapak çalmakdan has erbetdir.

* * *

54. Kynçylyklaryň duýdansyz hüjüm etmegi, ähli görlen çäreleri dyr-pytrak eder.

* * *

55. Agraslyk dogabitdi berilýän gylyk-häsiýetdir, ol hem ynsanlarda seýrek duş gelýändir.

---

[1] Katran – garaýag, gudron.
[2] Bu ýerde garakçylar göz öňünde tutulýar.
[3] Bagyrtlak – guş ady.

* * *

56. Bir adamyň musulman bolup, soň Museýlimetul-Kezzap[1] ýaly ýalança öwrülmegi örän geňdir.

* * *

57. Jomart adam jomartlygy sebäpli kynçylyga-da sezewar bolup biler.

* * *

58. Erkin adam özüni kynçylyga salyp hiç kime aşa köp zat bermez, özi hem kynçylyklara duçar bolsa oňa boýun egmez.

* * *

59. Humarbazyň aýyň ýagtylygyndan peýdalanyşy ýaly, gije söhbet edişmegi söýýän adam hem ukusyny pida eder, ukusyzlykdan çekinmez.

* * *

60. Ene ýolbarsyň çagasy azdyr, ganjygyň çagasy köpdür (Mert adam az, namartlar köpdür).

---

[1] Museýlimetul-Kezzap - Muhammet alaýhyssalamyň döwründe özüni pygamber hasaplan ýalançy jadygöý we bilgiç. Öňler Ubulläniň, Bakkanyň we Hiranyň bazarlarynda aýlanyp jady we gözbagçylyk bilen meşgullanar eken. Ýyldyza seredip, doga-tumar eder eken. Çagalara tilsim edip, olaryň boýnuna jaň dakyp, gijelerine ýeliň öňünden ylgadar eken we olara: «Perişdeler seniň ýanyňa gelýärler, bu perişdeleriň tykyrdysy» diýip, guşlaryň ganatlaryny bir ýüpe daňyp, olaryň üstünde uçurar eken. Ýslam ýüze çykanda, ol öz taýpasynyň arasyna barypdyr. Olar çarwa araplar bolupdyrlar we olaryň arasynda özüni pygamber hasaplap başlapdyr. Ony Uhut söweşinde Muhammet alaýhyssalamyň agasy hezreti Hemzäni öldüren, soň bolsa toba edip musulman bolan sahaba Wagşy 633-nji (hijri 12-nji) ýylda öldüripdir.

* * *

61. Hernäçe ýüwrük bolsa-da, aty gamçylamak gerek (Ynsan hernäçe işeňňir bolsa-da, ony sylag-serpaý bilen höweslendirmek gerek).

* * *

62. Niçeme aýagy agsaklar bardyr, abraý basgançagyna sagdyn aýaklylardan has gowy çykar. Aýaklary sagdyn bolup, hiç hili haýyrly iş galdyrmadyk niçeme kişileri gördük.

* * *

63. Içi arassa adamyň daşy hem arassadyr. Eger şu mahala çenli içi arassa bolmadyk bolsa, daşy hem arassa bolan däldir, mundan soň hem arassa bolmaz.

* * *

64. Nebsini özüniň arzuwlaryna gul eden adam çukurlaryň iň çuňňuryna gaçan hasaplanar (Heläkleýji howp bilen ýüzbe-ýüz bolandyr).

* * *

65. Eger agzyňdan çykýan sözleriň köpüsine eýe bolmasaň (sözleriň manysyz we biderek bolsa), uýýanlaryňy şol durşuna şeýtanyň eline berensiň.

* * *

66. Nebsiňe eýe boljak bolup ondan razy bolujy bolaýma, soň ony ýeňip bilmersiň.

* * *

67. Dostuň aýyplaryny gizlemek, onuň erbetliklerini hem ýagşylyklarynyň hatarynda hasaplamaklyk, erkin adamyň ýagşy gylyk-häsiýetlerindendir.

* * *

68. Özüňe aňsat bolan zyýanly zatlary alma, tersine diniňi we namysyňy berk gorajak zatlary al!

* * *

69. Binamys we husyt adam ähli dillerde ýazgarylýandyr, namysly we jomart adam bolsa hemme ýerde hormatlanýandyr.

* * *

70. Şatlyk we gynanç, ýagşylyk we ýamanlyk biri-birine ýakyndyr.

* * *

71. Zyýapatlara çagyrylsaň, oňarsaň gitme, matam ýerlerine gatnaşmaga tagalla et (Şatlyk-şagalaňly ýerler ahyreti ýadyňa salmaz, emma matam ýerleri ahyreti ýadyňa salar).

* * *

72. Hassalyk we mätäçligiň ikisi hutban[1] agajynyň miwesiniň iň ajysynyň suwa ýatyrylanyndan hem ajydyr.

* * *

73. Emläginden jyda düşeniň haly harap bolar.

---

[1] Hutban – kolokwint agajy.

* * *

74. Tekepbir diňe ulumsylyk siňeginiň kowulmagy we burnundan şeýtanyň çykarylmagy bilen tekepbirlikden halas bolup biler.

* * *

75. Dogrudygyna hiç bir delil bolmadyk ýol egri ýoldur.

* * *

76. Haram zada — «gymmatly zat» diýme, sebäbi ol gusulan gan lagtasy ýalydyr.

* * *

77. Täjiriň abraýy kisesinde, alymyňky — kitaplarynda.

* * *

78. Niçeme musulman adam goragsyz perişan ýagdaýdadyr, niçeme gaýry musulman hem ähli bela-beterden goralýandyr.

* * *

79. At-abraýy, mertebäni özi gazanmadyk adama, ata-babasynyň abraýyndan ne peýda.

* * *

80. Siz tezekleriň içinde togalanyp: «Müşküň ysy nähili oňat!» diýýän tomzaklar ýalysyňyz.

* * *

81. Doganlygyň we dostlugyň ölçegi kynçylyk we mätäçlik wagtlarydyr (asudalyk we rahatlyk wagtlary däldir).

* * *

82. Köne gylyç täsirli sözden kesgir däldir.

* * *

83. Abraýly adamyň abraýy bolmadyk kişiniň gapysyny kakmagy (oňa mätäç bolmagy), öz dişini özi soguran ýalydyr.

* * *

84. Bu belgili paýhasa iki hili many bermek mümkin:

1. «Müşebbihe» mezhebiniň[1] şübheleri bilen muwahhytlaryň[2] delilleri nädogry hasaplanmaz. Ybraýym alaýhyssalamyň guran binasyny[3] Ebrehe[4] nädip ýykyp biler?

---

[1] Muşebbihe - Allany ynsan şeklinde kabul edýän, Jehm ibn Safwan (w. 746-njy (hijri 128-nji) ýyl) tarapyndan Allanyň sypatlaryny inkär edýänlere garşy döredilen we sünni mezhebine görä batyl hasaplanýan kelam mezhebi.

[2] Muwahhyt - Allanyň birligine ynanýanlar, sünni mezhebi.

[3] Ybraýym alaýhyssalamyň gurduran binasy Beýtylla, ýagny Käbe. Ybraýym alaýhyssalam ony ogly Ysmaýyl alaýhyssalam bilen Allanyň emri bilen gurupdyr.

[4] Ebrehe – yslamdan öň Ýemeniň hökümdary. Yslamdan öň araplar butparaz bolandyklary üçin Käbedäki 360 sany buta çokunypdyrlar. Şol wagt Ýemen Hebeş hökümdarynyň tabynlygynda we hristian dinine uýýan eken. Ebrehe Ýemende «Kulleýs» atly uly kaşaň bir buthana saldyrýar. Oňa ýemenli araplardan başga hiç kim kän zyýarata gelmeýär. Üstesine-de araplaryň fukaým taýpasyndan Nufeýl atly bir arap bir gije çola mahaly buthananyň içine nejasat taşlap, hapalap gidýär. Muny eşidip has hem gaharlanan Ebrehe arap ýarym adasyndaky ähli araplary Käbeden dönderip, Kulleýse çekçekdigi barada Hebeş hökümdary Nejaşa habar ýollaýar. Niýetiniň Käbäni ýykmakdygyny beýan edýär we özüne uly bir pil ibermegini haýyş edýär. Netijede 570-571-nji ýyllarda Ebrehe uly goşun bilen Mekgä tarap ýola düşýär. Mekgeliler öňürti duşman bilen söweşmekçi bolýarlar, ýöne duşmanyň güýjüniň uludygyny görüp, Käbäni Alla tabşyryp, Mekgäni taşlap daga çykýarlar. Ebrehäniň goşuny şol günüň ertesi irden Käbäniň üstüne hüjüm etmekçi bolanda birdenkä, Alla deňiz tarapdan garlawaçlara meňzeş «ebäbil» atly guşlary iberýär. Bu guşlaryň her haýsynyň çüňkünde 3 sany nohut ululygynda daş bolupdyr. Zyňylan her bir daş Ebrehäniň esgerlerine degýärdi we degen ýerinde hem jan berýärdi. Daşlaryň biri gelip Ebrehä degýär, onuň endamynyň etleri bölek-bölek bolup gaçýar we ol hem jan berýär. Bu waka pygamberimiz dünýä inmezinden 50 gün öňürti bolup geçýär we ol ýyla «Pil ýyly» we ol waka hem

2. Sünnileriň delilleri güýç we kabul bolmak meselesinde Ybraýym alaýhyssalamyň gurduran Käbesi ýaly, müşebbiheleriň olara garşy bolan delilleri bolsa Ebrehäniň gurduran Kulleýs buthanasy ýalydyr.

* * *

85. Hem husyt, hem garyp bolanyň dat gününe!

* * *

86. Işe howlukmaç başlaýan adam, ähli sebäplere meýil edýän adam ýaly däldir.

* * *

87. Bedeniň sagdyn bolmagy iň uly nygmatlaryň biridir. Ýöne ol günä işlere we pyssy-pyjurlyklara sebäpdir.

* * *

88. Garynlak syrtlan ynsandan zyýanly däldir.

* * *

89. Eý, güljagaz! Seniň bilip-bitiren häsiýetiň unutmakdyr.

---

«Pil wakasy» diýilýär. Muhammet alaýhyssalama pygamberlik inenden soň, Mekgeliler pygamberimize gulak asman oňa garşy bolanlarynda Allatagala Gurhanyň «Pil» süresini iberýär: «Eý, Muhammet! (Käbäni ýykmaga gelen) pil eýelerine Rebbiň näme edendigini görmediňmi? Olaryň pirimlerini boşa çykarmadymy? Olaryň üstlerine gaty daşlary zyňan guş sürülerini iberdi. Soňunda olary orlan ekin ýaly etdi».

* * *

90. Iň akylly we iň hüşgär adam hem ýatdan çykaryp biler. Iň ýukaýürekli we rehimli adam hem kämahal ýowuz we gazaply bolup biler.

* * *

91. Rahman[1] sypatly Allatagalanyň ýanynda mahrum etmek diýen zat ýokdur, Allatagaladan isleýän adam mahrum bolmakdan salamatdyr.

* * *

92. Ynsanlar dürli-dürlüdir, aglabasy hem päk däldir (Haky tanaýan azdyr).

* * *

93. Yslamda iki zat erbet hasaplanýar. Birinjisi, hökümdarlara para bermek, ikinjisi, işlerde şepagat[2] etmekdir.

* * *

94. Söýgini we aýralygy ýaradan hem, däneleri we gallany ýetişdiren hem Allatagaladyr.

* * *

95. Akmaga ýüz bermezlik ýaly ony ýola getirjek zat ýokdur. Oňa ýüz bermek ýaly hem onuň uýanyny erkine goýberýän zat ýokdur.

---

[1] Rahman – mähriban, rehimli, Allatagalanyň 99 adynyň biri.
[2] Şepagat - bu ýerde tanyş-bilişleri işe bellemek, döwlet işlerine ýakynlaryňy çekmek, kesekileriň hak-hukugyny depeläp, nämynasyp kişilere wezipe bermek we ş. m.

* * *

96. Nygmatyň tagamy «menne tagamyndan»[1] hem süýjüdir. Emma minnet edilse zakgum agajyndan[2] hem ajydyr.

* * *

97. Harmanlary gallalar doldurar, gapjyklary — tylla.

* * *

98. Husytdan tagam soralsa öýkençişme keseli, haýyr-sahawat soralsa ysmaz keseli gozgar.

* * *

99. Isrip etmek günäkirçilikdir, aşa köp nesýe bermek zaýalamakdyr (harlamagyň bir görnüşidir).

* * *

100. Kowmuň iň uly zyýan çekeni iň gorkagydyr, iň uly masgarasy iň erbet häsiýetlisidir.

* * *

101. Sahabalaryň we olara dil ýetirýänleriň mysaly, «ashaby kehfiň»[3] we olaryň dördünjisiniň[1] mysaly ýalydyr.

---

[1] Menne tagamy – Töwratda ýazylyşyna görä Beni Ysraýyllylar çöl-beýewanda gezip ýören wagtlary asmandan inen azyk, iýmit.

[2] Zakgum agajy – zakgun agajy. Gurhanda ady agzalýan we günäkärlere beriljek miwesi örän ajy bolan agaç. Gurhanyň «Wakyga» süresiniň 52-nji aýatynda: «Elbetde, olar (günäkärlere) zakgum agajyndan hökman iýerler» diýilýär.

[3] Ashaby kehf – manysy «gowak egindeşleri» diýmek. Türkmen halkynyň arasynda «ýedi weli» ady bilen meşhurlyk gazanan we Gurhanda beýan edilýän bir rowaýat. Bu rowaýata görä, Alla ynanýan ýedi sany kişi we Kytmyr atly bir it yslamdan öň Rimde hökümdarlyk süren zalym patyşa Dakýanusyň zulmundan gaçyp bir gowaga girýärler. Allanyň gudraty bilen olar şol gowakda 309 ýyllap uklap ýatýarlar. Olar ukudan oýanansoňlar az wagt ýaşaýarlar. Gurhanyň «Kehf» süresinde bu barada aýdylyp geçilýär.

* * *

102. Müzdelife[2] gijesiniň[3] Arafa güni[4] kimin sogaply bolmaýşy ýaly, alym bilen sowatsyzyň aralaryndaky tapawudy sorap durmak gerekmi?

* * *

103. Hile hem ýerinde güýç-kuwwatdan rüstemdir, özüni näçe güýçli hasap etse-de, boýny ýogyn ýolbarsy hem çukura gaçyryp awlarlar.

* * *

104. Hökümdaryň ýanyndakylar zyýana iň ýakyn bolanlardyr, dagyň çür depesine çykanlar örän seresaply bolmalydyr.

---

[1] Olaryň dördünjisi - Gurhanyň «Kehf» süresiniň 22-nji aýatynda gowakdakylaryň sany barada: «Olar garaňkylyga daş zyňýan ýaly: «Olar üçdür, olaryň dördünjisi itdir» diýerler, ýa-da «Olar bäşdir, olaryň altynjysy itdir» diýerler, ýa-da «Olar ýedidir, olaryň sekizinjisi itdir» diýerler. Aýt: «Olaryň sanyny iň gowy bilýän Rebbimdir». Olary örän az kişiden başga hiç kim bilmez. Şonuň üçin olar barada bu gysga aýdylanlardan başga hiç kim bilen çekeleşme we olar barada hiç kimden sorama» diýilýär.

[2] Muzdelife – Mekgede Arafat bilen Mina arasynda bir ýer ady.

[3] Muzdelife gijesi - haja baranlar Arafadan soň Muzdelifede gelýärler. Şol ýerde hem gijäni geçirýärler we aýt namazynda irden Mina gelýärler.

[4] Arafa güni - Gurban baýramynyň öň ýanyndaky güni, ýagny Gurban aýynyň dokuzy güni. Hajylar ol gün irden Arafat dagyna çykýarlar. Ymam ol ýerde öýle we ikindi namazyny birleşdirip okaýar. Ymam namazdan öň we soň iki hutba okaýar. Hutbada jemagata hajyň düzgün–tertibi we Arafada wakfa durmaklary barada wagyz edýär. Bular sünnetdir. Arafada wakfada durmagyň sogaby Muzdelifede gijäni geçirmegiň sogabyndan-da artyk hasaplanýar.

* * *

105. Gan bilen hapaçylygyň arasyndan süýdüň çykyşy ýaly, iki erbediň arasyndan (erbet häsiýetli ene-atadan) hem haýyrly perzent döräp biler.

* * *

106. Işler diňe akylly-başlylaryň saýasynda düzeler, degirmen hem diňe öz okunyň daşynda aýlanar.

* * *

107. Alowly ody suwuň söndürişi ýaly, akmak adamyň gahar-gazabyny diňe halym[1] adamyň mylaýym sözi ýatyrar.

* * *

108. Dogry bolan zadyň dograldylmaga mätäçligi bolmaýşy ýaly, hak dininde hem egrilik ýokdur (Din göni naýza ýalydyr, onuň egri we akyla ters tarapy ýokdur).

* * *

109. Artykmaç zadyň peýdasy ýokdur. Artyk barmak hem eliň kemçiligidir.

* * *

110. Pitwa[2] isleýänler müftüden[3] has alymdyr, kiçi hasaplanýan günäleriň köpüsi uly günälerden-de uludyr.

---

[1] Haly:m – mylaýym, mähirli, ýumşak, sypaýy.
[2] Pitwa – haýsydyr bir dini mesele barada din alymynyň höküm (karar) çykarmagy.
[3] Müfti – pitwa çykarmaga ukyply adam, kazy.

* * *

111. Dag göwsündäki hazyna kerki urulmazdan ýetip bolmaz, berk ýazgarylmazdan husydyň eli açylmaz.

* * *

112. Düýeguşuň öz ýumurtgasyny taşlap, özgäniň ýumurtgasyny basyşy ýaly, käbir adamlar hem öz dogan-garyndaşlaryna ýagşylyk etmän, kesekilere ýagşylyk edýärler.

* * *

113. Deňziň şor suwundan dürüň çykyşy ýaly, Hajjaç[1] ýaly zalymlaryň şäherinden hem Hasan Basry ýaly salyh alymlar çykar.

* * *

114. Dürüň öz sadabyndan (gabygyndan) gymmat bolşy ýaly, perzent hem ata-babasynyň abraýyndanam zyýat at-abraý gazanmalydyr.

* * *

115. Et bilen bakyla-bakyla iç ýagy bilen ýaryldy (hetden aşdy we bela ulaşdy).

* * *

116. Ýer ýüzüniň zynaty alymlardyr, asmanyň zynaty ýyldyzlardyr.

---

[1] Hajjaç – Hajjaç ibn Ýusup Sakafy. Emewileriň döwründe zalym lakamyny alan Yrak häkimi. Hajjaç bilen Hasan Basrynyň arasynda örän köp waka bolup geçipdir.

* * *

117. Gün şöhlesini gizläp bolmaz, Hakyň nuruny — söndürip.

* * *

118. Käbir adam sözlerinde tapylyp, wadasyna wepaly bolsa-da, erbet işleriň hem bir gyrasynda görünýändir.

* * *

119. Şu wagt beren zadyň, peýdasy soň ýeter. Eger sen olary tüýleri düşen gurt ýaly dilegçilere beren bolsaň hem peýdasy hökman ýeter.

* * *

120. Ylym – sahypalardan we kitaplardan ybarat bolman, okamakdan we düşünmekden ybaratdyr.

* * *

121. Ýer titrän mahaly (bela gelen mahaly) eden perýatlaryňyz we ahy-nalalaryňyz peýda bermez.

* * *

122. Ýük düýeleriniň ynsanlara peýdasy gör nähili uludyr.

* * *

123. Yslamyň çägine girmek, darus-salam[1] bolan jennetde ebedilik galmakdyr.

---

[1] Darus-salam – salamatlyk ýurdy, jennet, uçmah, behişt.

* * *

124. Para almak ýolsuzlyga ýol açar (ýagny ýa hakykaty depgilär, ýa-da haksyzlygy dogry ýola çykarar).

* * *

125. Gorkan adam gaçmak bilen bolar.

* * *

126. Dagyň başyndan daş çekmek, minnet çekenden aňsatdyr.

* * *

127. Dünýe malyna aşa ähmiýet berýänleriň köpüsi, heläkçilikden az halas bolýanlardyr.

* * *

128. Söweş we dawa-jenjel edýänler kämahal ýeňiş begenjiniň, kämahal hem ýeňliş gynanjynyň içindedir.

* * *

129. Maňa dert we muşakgat gelýänçä siz meniň dostum we ýakyn ýaranlarymsyňyz! (Dost-ýarlar ynsanyň başyna bir iş düşende belli bolar).

* * *

130. Daýhançylyk daýhan bilen ýarandyr, bereket hem ony hak gazananyň üstüne ýagar.

* * *

131. Adam ömrüniň başky ýagdaýlary onuň nähili adam boljakdygyny aňladýandyr .

* * *

132. Öwrenmäge ýaňy başlan bilen, ömürboýy ylym we edep öwrenmek üçin tagalla edýäniň ikisi deň däldir.

* * *

133. Bu belgili paýhasa iki hili many bermek mümkin:

1. Ylym öwrenýän adam duşmanlaryny ylmy bilen peselder
2. Ylym öwreniji pespäl bolar, tekepbirligi terk eder.

* * *

134. At-abraýsyz kişileriň at-abraýlylara zyýan ýetirmeginden gork.

* * *

135. Eý, işleri her hili edip öwürip-çöwürip ýören hilegär! Ölümiňden soň aýalyň täze adamsy üçin mal-mülk ýygnamagyň öz dogan-garyndaşlaryňa göz-gulak bolmagyňmy?

* * *

136. Ýer ýüzünde adam hem bar, adamjyk hem bar. Olaryň käbiri Tawus[1], käbirleri hem Tuweýs[2].

---

[1] Tawus - Tawus ibn Keýsan Abu Abdyrahman Huwlany. Tabygyn neslinden bolan alym. 721-nji (hijri 106-njy) ýylda Ýemende dünýä inýär. Şalardan we emirlerden daşda durupdyr. Ibn Uýeýne şeýle diýipdir: «Üç kişi, ýagny Abu Zer, Tawus we Söwri soltanlardan daşda durdy».

[2] Tuweýs - Tuweýs Muhannes Isa ibn Abdylla Abu Abdylmulgym. Mahzum taýpasynyň azat eden guly. Tuweýs onuň lakamydyr. 633-nji (hijri 11-nji) ýylda Medinede dünýä inýär. Örän baý bolupdyr. Şeýle hem taryh we tire-taýpa bilimlerini gowy bilýär eken. 712-ni (hijri 92-nji) ýylda wepat bolýar. Onuň ady betbagtçylykda nakyl bolup galypdyr.

* * *

137. Äminäniň[1] ogly Emine[2] iman et, kyýamat gününde azapdan aman bolarsyň.

* * *

138. Ynsanlaryň köpüsi hakykatdan daşdadyr, göreşleri hem netijesiz we ýalandyr.

* * *

139. Eger seni dostuň aldasa, onuň adyny dostlukdan aýyr, açyk we gizlin ýagdaýda etjek hilelerinden we mekirliklerinden özüňi gora!

* * *

140. Agraslyk köp dymmaklyk bilen amala aşar.

* * *

141. Ahlak sypaty gözel bolmadyga owadan lybas hem gözellik bermez, günäden daş durmaýanyň hem nebsi päk bolup bilmez.

* * *

142. Kabyz[3] we Basyt[4] sypatly Allany unutma, ondan gork, zalym bolma, adalatly bol!

---

[1] Ämine (Ä:mine) – Muhammet alaýhyssalamyň ejesiniň ady. Ol pygamberimiz heniz alty ýaşyndaka ýogalýar.

[2] Emin – Muhammet alaýhyssalamyň lakamy. Oňa hatda yslamdan öň hem ynamdardygy, dogruçyllygy üçin Muhammet Emin diýipdirler.

[3] Kabyz – alyjy, alýan, Allatagalanyň 99 adynyň biri.

[4] Basyt – (rysgal) ýaýyjy, Allatagalanyň 99 adynyň biri.

* * *

143. Nahuw[1] mysallarynda Zeýdiň yzygiderli Amry uruşy[2] ýaly, döwür hem şu wagta çenli sende diňe geň-täsin zatlary görkezýär[3].

* * *

144. Hileler çaşylyk bilen biledir, olar ondan aýrylmak islemezler[4].

* * *

145. Bu belgili paýhasa iki hili many bermek mümkin:

1. Eger burnuňy ýokary tutmasaň, kemlik ysyny gowy duýarsyň.
2. Burnuňy göge tutup ulumsylyk etme, şonda hakyky pespäl kişi bolarsyň.

* * *

146. Ryýasy[5] bolan amalyň zyýasy[6] bolmaz.

* * *

147. Bil baglamak isleýän Rebbine bil baglamalydyr, ýogsam heläk bolar.

---

[1] Nahuw – arap dili kada-kanuny ylmy, sintaksis.

[2] Zeýdiň Amry urmagy – «Molla Jamy», «Kitabun-Nahuw», «Kitabus-Sarf», «Merahul-Arwah» we şulara meňzeş nahuw kitaplarynyň köpüsinde zamanlaryň, düşümleriň we ýöňkemeleriň üýtgedilmegi ýaly mysallarda adam atlary bolan Zeýt we Amr mysal hökmünde getirilýär. Bu mysallarda elmydama «Zeýt Amry urdy», «Zeýt Amry urýar» diýen mysallar köp getirilýär.

[3] Gurhanyň «Kehf» süresiniň 71-nji aýatynda: «Sen geň-täsin iş etdiň» diýilýär.

[4] Gurhanyň «Kehf» süresiniň 108-nji aýatynda: «Olar ondan aýrylmak islemezler» diýilýär.

[5] Ryýa – göz üçin edilýän iş, özüňi halalhon sypatynda görkezjek bolmak, ikiýüzlilik.

[6] Zyýa – nur, yşyk, ýagtylyk, şöhle.

* * *

148. Käbir myhmanyň bolşy arlaýan ýolbarsyň arlamasyndan hem elhençdir.

* * *

149. Tokaýdan eşidilýän ýolbarsyň arryldysy, käbir myhmanyň sesinden ýakymlydyr.

* * *

150. Ynsanlaryň köpüsi uzak ýaşan bolsa-da, nadandyr.

* * *

151. Eý, tekepbir! Gyzyl kükürtden[1] gymmatly zat bolsaň hem, tekepbirligi terk edip, gula laýyk bolan zat näme bolsa, şony ýerine ýetir!

* * *

152. Ýetmiş ýaşa ýetip barýarsyň, ömrüň soňuna ýakynlaşypsyň, emma henizem wagşysyň. Göýä syrtlan sürüsinden ýaly dünýe malyna ýönelip, zulmy taşlamaýarsyň!

* * *

153. Tekepbirligiň beýiklige hiç hili goşandy ýokdur. Tekepbirlik depregiň içindäki boş howa ýaly hiç zada ýaraýan däldir.

* * *

154. Ýagşy ahlakly bolmak, gymmatbaha daş mysalydyr.

---

[1] Nusgada «El-kibritul-ahmer» (gyzyl kükürt, gyzyl fosfor). Topragy altyna öwürmäge ukyply madda.

* * *

155. Eý, naz-nygmat! Seni gazananymda dür we ýakut daşy meniň üçin ähmiýetsizdir.

* * *

156. Ýaşyl ýapraklaryň arasynda bişen miwe, ak kagyzyň ýüzündäki owadan hatdan gowy däldir!

* * *

157. Gowakda näçe ýatdygyça, ýolbarsyň dyrnagy awa ýaramaz.

* * *

158. Ynamdar dostuň kalbyndan özge ýeri, syr sandygy saýma.

* * *

159. Allatagala üçin hak dine uýuň we beren sözüňize wepaly boluň!

* * *

160. Jomartlyk Hatamyň[1] jomartlygy, halymlyk Ahnefiň[2] halymlygy, din hanyp dini[1], ylym hem Hanapy[2] ylmydyr.

---

[1] Hatam Taý – Hatam ibn Abdyna ibn Sagt Taýy. Araplaryň taý taýpasyndan bolup, yslam dininden öň ýaşap geçen meşhur şahsyýet. Ol jomartlykda we sahylykda nusga öwrülip galypdyr. Onuň birnäçe şygyrlary hem bar. 578-nji (hijri 46-njy) ýyllar töweregi wepat bolýar.

[2] Ahnef – Ahnef ibn Kaýs ibn Mugowyýa ibn Hasyn Murry Sagdy Munkyry Pinmi Ebu Bahr. Temim taýpasynyň ýolbaşçysy. Hijri ýylyndan üç ýyl öňürti, ýagny 619-njy ýylda dünýä inýär. Pygamberiň döwründe ýaşaýar, ýöne ony görüp bilmeýär. Hezreti Omaryň halypalyk döwründe onuň ýanyna gelýär. Soň Basrada ýaşaýar we köp söweşlere gatnaşýar. Ol serkerde bolupdyr. Jemel (düýe)

* * *

161. Allatagalanyň beýik daglary ýer ýüzüne gazyk edişi ýaly, yslam dinini hem Abu Hanypanyň ylmy bilen berkleşdirdi.

* * *

162. Hanapy mezhebinden bolan beýik ymamlar yslam dininiň ýol görkezijileridir.

* * *

163. Suwuň gözbaşy çykýan ýeridir, şerigatyň gözbaşy meseleleridir.

* * *

164. Haýyrsyz adamyň «belä»[3] diýmegi, ýagny diňe wada bermegi beladyr, onuň «lewlä»[4] diýmegi uly bir beladyr.

* * *

165. Pylany bilen pylanynyň arasynda nähili tapawut bardyr, biri Bakyr[5] kimin, biri «bakar»[6] kimin.

---

söweşinde hiç tarapa hem goşulmaýar. Saffeýn (Iki sap) söweşinde Hezreti Alynyň tarapynda söweşýär. Yragyň häkimi Musgap ibn Zubeýriň dosty bolupdyr. Soň onuň ýanyna Kufa şäherine gidýär, şol ýerde hem 686-njy (hijri 67-nji) ýylda ýogalýar. Ýumşaklykda atalar sözüne öwrülip galypdyr.

[1] Hanyp dini – ýekehudaýlylyk dini, yslam dini. Ybraýym alaýhyssalamyň dinine hem hanyf dini diýlipdir.

[2] Hanapy – Ymam Agzam Abu Hanypa ibn Sabyt ibn Zewta. Hanapy mezhebiniň esaslandyryjysy. 699-njy (hijri 80-nji ýylda) Kufa şäherinde dünýä inýär we 767-nji (hijri 150-nji ýylda) hem ýogalýar.

[3] Belä – arap dilinde «hawa» diýmek.

[4] Lewlä – arap dilinde «şeýle bolmasady» diýmek.

[5] Bakyr – Ymam Muhammet Bakyr. Şaýy mezhebiniň bäşinji ymamy.

[6] Bakar – arap dilinde «sygyr» diýmek.

* * *

166. Iň abraýly kişiler kynçylyklara sezewar bolanlardyr we kynçylyklaryň göýä gyz doganlary ýaly, olaryň ýanyndan aýrylmaýan adamlardyr.

* * *

167. Nusganyň sagdynlygy göýä göz bäbeneginiň ynsan üçin bossanlyk bolşy ýalydyr, rowaýatyň ygtybarlylygy hem öwrenýäni has kanagatlandyryjydyr.

* * *

168. Niçeme ýaragly kişiler söweşde heläk bolar. Niçeme galkansyz kişiler hem ýowuz hadysalary ýok ederler.

* * *

169. Sen pyssy-pyjurlyklar tolkunynda ýöreýärsiň we ýüzýärsiň, şonuň üçinem doga-tumarlar we sanalan tesbihler[1] saňa peýda bermez.

* * *

170. Kapyrlar we gadyr bilmezler Allanyň rehmetinden we magpyretinden[2] daşdyrlar.

* * *

171. Senetkärler köpdür, ýöne ussatlar azdyr.

---

[1] Tesbih – Allany wasp etmek. Esasan her namazdan soň tesbih sanalýar. Tesbihde 33 gezek «Subhanalla» (Allatagala ähli zatlardan päkdir), 33 gezek «Alhamdulillä» (Alla öwgi bolsun), 33 gezek «Allahu ekber» (Alla iň beýikdir) diýilýär.

[2] Magpyret – bagyşlamak, ýalkamak.

* * *

172. Göýä Syrat köprüsinde peýdasy degjek ýaly, dünýäde yzygiderli günä iş edýärler.

* * *

173. Mukaddes dini bolmadyk adam bilip goý, asla kämil adam däldir, ol kem adamdyr.

* * *

174. Bu dünýäň loly aýal mysalydyr. Isleýän zadyňy saňa berer, soň bolsa heläk eder.

* * *

175. Gün görmedik ak gyrnaklara kesgir gylyçlar bilen ýetilýär we göwüs narlary naýzalaryň ujy bilen ýygylýar.

* * *

176. Bu belgili paýhasa iki hili many bermek mümkin:

1. Günleriň käbirleri bagtlydyr, käbirleri hem bagtsyzdyr. Ynsanlaryň hem käbiri guldur, käbiri hem guljagazdyr.

2. Günleriň käbiri Sagt[1], käbiri hem Sugaytdyr[2], ynsanlaryň hem käbiri Abyt[3], käbirleri hem Ubeýtdir[4].

* * *

177. Tokaý ýolbarssyz bolmaz, bakja — ýylansyz.

---

[1] Sagt – bagtly diýmek. Sagt atly bagtly adamyň ýaşandygy barada hem rowaýat edilýär.

[2] Sugaýt - bagtsyz diýmek. Sugaýt atly bagtsyz adamyň ýaşandygy barada hem rowaýat edilýär.

[3] Abyt - gul diýmek. Käbirleri muny Amr görnüşinde okapdyrlar we Amr atly salyh adamyň ýaşandygy barada hem rowaýat edilýär.

[4] Ubeýt - guljagaz diýmek. Ubeýt atly ýaramaz adamyň ýaşandygy barada hem rowaýat edilýär.

* * *

178. Kätibiň hatynyň garalygy, ýaş gyzyň ýaňagynyň alyndan-da owadandyr.

* * *

179. Özüňi arkaýynlaşdyrýan we höweslendirýän adamdan habardar bol, seni gorkuzýan we duýdurýan mömini terk etme (Haram işleri ediber diýýän adamy duşman hasapla, haram işlere barma diýýän adamy dost tutun).

* * *

180. Başyňa bir erbetlik gelip biljekdigini we umytsyzlyga düşüp biljekdigiňi aýdýan adamdan daş düşme. «Edýän işleriňde hiç hili zyýan ýokdur, gynanma» diýýän ýaranjaňdan bolsa habardar bol!

* * *

181. Garrylyk seniň üstüňe özüniň köne iki lybasyny atdy (saç-sakgalyň agardy). Emma sende henizem harsydünýälik bar.

* * *

182. Özüň-ä «agzym bekli» diýýärsiň, emma doganyň etini iýýärsiň[1].

* * *

183. Edýän hereketleriňi duşmanlaryň ýazgarmagy, ýylan çakmagyndan hem erbetdir.

---

[1] Muhammet alaýhyssalamyň hadyslarynyň birinde agzy bekli mahaly gybat eden adamyň öz doganynyň etini iýen bilen deňdigi aýdylýar.

* * *

184. Mömin mömine rehim-şepagatlydyr, pasyk kişä welin kejir we ýowuzdyr.

* * *

185. Tolkunlaryň arasynda ýüzýänmi ýa-da köp aýallymy, haýsynyň başy uly dertde, men bilmeýärin!

* * *

186. Beýik Allanyň ýazgyt oklary nyşana degse, berk we galyň sowudyň halkalary dagap gider.

* * *

187. Ibn Kureýp[1] öz ata-babasy bilen däl, eýsem kalby we dili bilen halypanyň ýakyn dosty boldy. Ýogsam Harun Reşit[2] tarapyndan barmak bilen görkezilmezdi!

* * *

188. Mal-mülküň karz alynmagy, ar-namysa zeper ýetirer.

* * *

189. Karzy parz hasaplasaň, kalbyň rahat bolar hem-de wyždanyň päk bolar.

---

[1] Ibn Kureýp – tanymal şahyr Asmagynyň lakamy. Onuň doly ady Abu Sagyt Asmagy Abdylmälik ibn Karyp ibn Aly ibn Aşag Bahyly. Ol gadymy arap rowaýatlaryny gowy bilipdir. Dil, şygryýet, ýer-ýurt ýaly ylymlarda ussat hasaplanypdyr. Ol Harun Reşidiň dosty bolupdyr. 747-nji (hijri 122-nji) ýylda Basrada dogulýar. Onuň «Asmagyýat» atly meşhur kitaby bar. 844-nji (hijri 216-njy) ýylda wepat bolýar.

[2] Harun Reşit – 786-808-nji (hijri 170-193-nji) ýyllar arasynda höküm süren apbasly halypasy.

* * *

190. Salamatlyk lybasy sowutdan hem berkdir.

* * *

191. Sag-alamatlyk lybasyny çykaran, diňe kynçylyk-azap bilen garpyşar.

* * *

192. Erbet ahlakly adamlaryň ata-babalarynyň at-abraýy bilen öwünmegi, suwsan adamyň salgyma aldanmagy ýalydyr.

* * *

193. Eý, häkimler! Size näme bolýar? Näme üçin Allanyň emirlerine uýmaýarsyňyz!? Hikmet[1] agyzdyrygy size päsgel bermeýärmi?

* * *

194. Erbetligiň gyrasynda görünýän adamyny dost tutunsaň, ol saňa iň erbet zatlar bilen ýardam eder. Onuň erbet ýardamlaryndan oňa duşmançylyk bilen halas bolup bilersiň.

* * *

195. Hurma bilen şäniginiň arasynda nädereje tapawut bar bolsa, arap bilen ajamyň[2] arasynda hem şonça tapawut bardyr.

* * *

196. Alymlaryň yzyndan ýöre, älemleri golastyňa alarsyň.

---

[1] Nikmet – bu ýerde «adalat» manysynda.
[2] Ajam – araplardan özge milletler.

* * *

197. Eý, dünýä! Perzentleriňe öňürti süýji bolýarsyň, soň ajy. Olar bilen biraz möhlet ýaşaýarsyň, soň taşlap gidýärsiň.

* * *

198. Gämileri suwda ýüzdürýän, ýyldyzlary asmanda ýöredýändir, ýagny Allatagaladyr.

* * *

199. Kynçylyga düşeniňizde birek-birege ýapyşýarsyňyz, nygmata gowuşanyňyzda bolsa biri-birleriňizi iýýärsiňiz (Başyňyza kyn iş düşende başgalardan ýardam isleýärsiň, emma özüň nygmata ýeteniňde, hiç kimden habar almaýarsyň).

* * *

200. Dostluk açsaň öz jynsyňdan bolan bilen aç (diňe mert adam bilen dost bol, oňa bil bagla, içki syryňy diňe şoňa aýt).

* * *

201. Gije-gündiz görüşip ýörenleriň içinde saňa gör niçeme öýke-kine we duşmançylyk edýänler bardyr.

* * *

202. Haýasy bolmadyk ýüz göýä gabygy aýrylan şaha ýa-da ýagy gutaran çyra ýalydyr.

* * *

203. Haýyr-yhsanyň könelerine täzeleri bilen kömek et. Sebäbi ganatyň arka ýüzündäki kiçi ýelekler, öňdäki uzyn ýeleklere kömek berýändir.

* * *

204. Mugt öwgi (abraý) islemek, öz hetdini bilmezleriň häsiýetidir.

* * *

205. Depelere çykmak we bag-bakjalara inmek diwarlaryň arasynda oturmakdan ýegdir.

* * *

206. «Sahyp Kuran»[1] bol, «sahypkyran»[2] bolma.

* * *

207. Özüňe ýakyn hasaplap, ynam bildirýänleriň seniň garşydaşyňdyr, olar seniň tizräk ýok bolmagyňy arzuw ederler.

* * *

208. Perzendiň: «Malyň — meniň mirasym» diýer, doganyň hem: «Ölümiňe gynanar ýaly, maňa näme etdiň?» diýer.

* * *

209. Dogry ýoldan ýöreýän, ýöreýişde ýolbarsdan hem haýbatlydyr.

* * *

210. Uzak bir ýurtda bolsa-da dostuňy müşk ysyndan hem hoş pikirler bilen ýatla.

---

[1] Sahyp Kuran – Gurhany öwreniji.

[2] Sahypkyran – 1. Hökümdar, ýolbaşçy, baştutan. 2. Ýyldyzlaryň hereketlerini öwreniji, münejjim. Sebäbi «kyran» diýlip Zühal bilen Müşteri ýyldyzlarynyň bir burçda birleşmegine aýdylypdyr.

* * *

211. Müşk-anbarda, beýleki hoşboý ysly närselerde Allanyň öňünde toba edeniň ybadaty ýaly göwne hoş ýakmaz.

* * *

212. Darin[1] şäheriniň müşk-anbaryda öz edýän zatlaryny bilýän adamyň ybadatyça hoş bolmaz.

* * *

213. Mömin kişi mynapyklaryň[2] pitne[3] we bozgaklyk çykarmaklaryndan çekinmez. Eşekler hem beýik daglaryň depesine çykyp aňňyrýandyr.

* * *

214. Gapyl akyllynyň haly akylsyz nadana bahanadyr.

* * *

215. Garynjanyň ýolbarsyň çagalaryny iýişleri ýaly,[4] erkin adamyň etini hem bahyllar iýerler (onuň gybatyny ederler).

* * *

216. Maňlaýyňa ýygyrt düşüpdir, indi ahyret ýurduna taýýarlan, gözüňi aç! Geň galýaryn, galan möhlet saňa ýetermikä?!

---

[1] Darin – Bahreýnde bir kenarýaka şäher. Ol ýere Hindistandan müşk-anbar getiriler eken. Şonuň üçinem ol ýeriň müşk-anbary meşhur bolupdyr.
[2] Mynapyk – ikiýüzli, ähtiýalan, içi kapyr, daşy musulman.
[3] Pitne – dawa-jenjel, düşünişmezlik, bulagaýlyk, gozgalaň.
[4] Garynjalar ýolbarslaryň çagalarynyň gulagyna girip, olaryň ölümine sebäp bolýarmyş. Mundan goranmak üçin ýolbarslar gamyşlyklarda ýatýarmyşlar.

* * *

217. Döwrüň möýüň kerebini[1] ýok edişi ýaly, Howarnak köşgüniň[2] diwarlaryny hem ýykar.

* * *

218. Ýok mahaly gybaty edilýän, bar mahaly bolsa çekinilýän adam atly-abraýly adamdyr.

* * *

219. «Subhan»[3] sözüni köp aýdýan, Sahbandan[4] has suhangöýdir.

* * *

220. Deňiz tolkunlarynda ýüzmedik bal iýip bilmez (zähmet çekmedik rehnet görmez).

---

[1] Möýüň kelebi – Muhammet alaýhyssalamyň Mekgeden Medinä göçüp barýarka başdan geçiren bir wakasy göz öňünde tutulýar. Bu waka görä Muhammet alaýhyssalam Abubekr Syddyk bilen Mekgeden Medinä göçüp barýarka, Mekgäniň butparazlary bilaryň yzyndan kowýarlar. Bularyň ikisi hem bir dagyň gowagyna girip, bukulýarlar. Şol mahal hem bir möý gelip gowagyň agzyna kerep örýär, bir ýerden bir kepderi hem uçup gelip, ýaňky gowagyň agzynda höwürtge ýasaýar. Gowagyň agzyna gelen Mekgeli kapyrlar möýüň kerebini we kepderiň höwürtgesini görüp yzlaryna gidýärler.

[2] Howarnak (Hurnak) – Yragyň Nejep şäheriniň golaýynda ýerleşen ýer ady. Nugman Lahmy ol ýerde bir köşk gurdurypdyr. Apbaslylar hem ony has hem giňeldipdirler. Bu köşk XIV asyrda weýran bolupdyr.

[3] Subhan – ähli kemçiliklerden päk bolan, hiç hili kem zady bolmadyk, Allatagalanyň 99 adynyň biri.

[4] Sahban – Sahban Waýyl. Jahylyýet döwründe dilewarlygy, suhangöýlügi, çeper dilliligi bilen meşhur bolan wagyzçy we hutbaçy şahsyýet. Muhammet alaýhyssalamyň döwründe yslamy kabul edip, musulman bolýar. 674-nji (hijri 54-nji) ýylda ýogalýar.

* * *

221. Bişen toýuna meňzeýän palçykdan ýaradylan[1] ynsan, nädip, özüniň tekepbirligi bolup öwünip biler!?

* * *

222. Zyýat ogullary taýpasyna[2]: «Kämil bolanlar» diýdiler, emma diniň hökümlerini boýunlaryna alyp, onuň borçlaryny ýerine ýetirenler olardan has kämildirler.

* * *

223. Möminleriň üstlerinden gülenleriň ertirki gün öz üstlerinden gülner. Şonuň üçinem olar gülmek we masgaralamak meselesinde uýanlaryny goýbermelidirler (biraz seresaply bolmalydyr).

* * *

224. Jomartlygyny gijikdireniň jomartlygyndan — doly (ýagyş) ýaly bolsa-da haýyr ýokdur.

* * *

225. Söz berende Urkuba[3], karara gelmekde we niýet etmekde akraba[4] meňzeýän adamda haýyr ýokdur.

* * *

226. Azgynçylyklar köpelende, Allatagala gyrgyn keselini iberer.

---

[1] Gurhanyň «Rahman» süresiniň 14-nji aýatynda: «Alla ynsany bişen toýuna meňzeýän palçykdan ýatratdy» diýilýär.
[2] Zyýat ogullary (Beni Zyýat) - araplaryň bir tire-taýpasynyň ady.
[3] Urkup – bu şahsyýetiň kimdigini anyklamak başartmady. Metiniň manysyna görä sözünden dänmek bilen meşhur bolan şahsyýet bolmaly.
[4] Akrap – içýan.

* * *

227. Dil bilen aýdylan niçeme söz, ujy ýiti gural bilen ýaralamakdanam agyrdyr.

* * *

228. Käbir sözler halk üçin nesihat hasaplansa-da, Allanyň ýanynda erbet sözdür.

* * *

229. Bu janlaryň köpüsi çybyndan hem kiçidir (käbir ynsanlaryň hiç ähmiýeti ýokdur).

* * *

230. Owadan geýinmek bilen hiç kimiň abraýy artmaz. Käbir çüprek eşikliler owadan geýnenlerden hem abraýlydyr.

* * *

231. Eý, dünýäni talap edýän! Ony emmegiň nähili uzaga çekdi? Haçan süýtden kesiljek? Seresap bol! Bu dünýä maly seni jähenneme iteräýmesin?!

* * *

232. Eger eliňde iň soňky dinaryň[1] galan hem bolsa, ol dinaryň seni jähennemiň çukuryna itermez diýip kim güwä geçip biler?

* * *

233. Agzyňy miswak[1] bilen arassaladyň, emma agzyňdan çykýan erbet sözleriň bilen ony ýene-de hapaladyň.

---

[1] Dinar – 4, 25 gram altyna deň bolan pul birligi.

* * *

234. Tagam iýmekde doýar-dolmaz bolmak pes ahlakly adamyň gylyk-häsiýetidir.

* * *

235. Ýagşy niýet bilen bişirmedik amallaryň çigdir.[2]

* * *

236. Sünnete laýyk bolmasa, ol amalyň gadyr-gymmaty ýokdur.

* * *

237. Ömrüniň soňy edil ömrüniň başynda eneden dogluşy ýaly arassa bolan we eden işleri ony masgara etmedik adam gör, nähili bagtly!

* * *

238. Her bir edýän işiňde Allanyň razyçylygyny gözle, ýogsam, eden ähli amalyň biderek bolar.

* * *

239. Ähli ýaryşlarda diniňe daýan, şeýtseň ähli ýerde rüstem bolarsyň.

---

[1] Miswak – arap ýurtlarynda bitýän agaç. Onuň hoşboý ysy bar, şeýle hem ondan diş arassalamak üçin çotga ýasaýarlar.

[2] Muhammet alaýhyssalamyň hadyslarynda eger ynsan ýagşy niýet etse we ony amala aşyryp bilmese hem Allatagalanyň diňe ýagşy niýeti üçin ol adama sogap ýazjakdygy aýdylýar.

* * *

240. Ölüm tekepbirlikden we ulumsylykdan doly niçeme kelläni çukura gömendir.

* * *

241. Hojaýynyň guldan, baýyň garypdan artykmaçlygy diňe takwalygyndadyr.

* * *

242. Gazynyň[1] ýaşaýşy gazawat bilen, zahydyň[2] rysgaly az zat bilen.

* * *

243. Bu günüm düýnki günümden haýyrly bolsa-da, haçan sähere we agşama ýeterin?!

* * *

244. Dini har görenleriň özleri hem har bolandyr. Bugdaýyň harpykdan arassalanyşy ýaly, döwür olary hem arassalandyr.

* * *

245. Hernäçe zyýan ýetiren bolsa şonça-da öwezini doldy, hernäçe husyt bolsa, şonça-da sahylyk etdi (Kyýamat gününde oňa eden işinden artyk zat berilmez).

* * *

246. Bir bulut saklanmaly derejesine ýetende aýak çekdi we kasamy eden ýerine ýetjek möçberde ýagyş inderdi.

---

[1] Gazy – Alla ýolunda, din ýolunda söweşýän, mujahyt.
[2] Zahyt – dünýäden el çeken, terkidünýä, derwüş.

* * *

247. Aýallar seniň özlerini aşa söýýändigiňi bilseler, burnuňy ýere süýkärler (nogtany öz ellerine alarlar).

* * *

248. Tekepbirligiň sebäpli ýöreýşiň örän gopbam. Ýagşylyk we kömek üçin saňa ýüz tutanlaryňda bolsa, sözüň diňe «ýok» diýmek.

* * *

249. Burny bitik adamyň gülüň ysyny alyp bilmeýşi ýaly, akmak adam hem hikmetiň lezzetini alyp bilmez.

* * *

250. Haýyrsyz ynsanda gözellik ýokdur, haýyr işde hem ynsan üçin çäk ýokdur.

* * *

251. Peýdasyz we boş sözlere aldanma, etmeli işiňi ýerine ýetir. Howlukma, seresaply we hüşgär bol!

* * *

252. Ajlanyň[1] dürs we dogry geplemegi kakasy Sahbandan alan häsiýetidir.

* * *

253. Durmuşda ýaşaýyşa çäre gözlemekde çenden çykmak, ýazgytdan rüstem çykmaga synanyşykdyr.

---

[1] Ajlan – dilewarlygy, suhangöýlügi, çeper dilliligi bilen meşhur bolan wagyzçy we hutbaçy Sahban Waýylyň ogly.

# ALLANYŇ HEMAÝATY DÜŞEN BEÝIK ALYM

Türkmen halkynyň geçmiş taryhynda yz galdyran ägirt şahsyýetlerimiz, dana akyldarlarymyz, paýhasly danalarymyz merdana ýigitlerimiz ýeke-ýeke sanardan has köp. Bularyň köpüsine öz ata watanynda, ýagny Oguz han, Gorkut ata, Görogly, Magtymguly ýaly gadymy türkmen topragynda ýaşap halkyna, il-gününe, milletine hyzmat etmek miýesser edenem bolsa, Abdylla ibn Mübärek, Bişr Hafy ýaly käbir pirlerimiz watanyndan, il-gününden haýsydyr bir sebäp arkaly jyda düşüp, yzyna gaýdyp gelmäge mümkinçilik tapman ýat-ýurtlarda ýaşamaly boldular. Emma nirede bolsalar-da ata watanyny unutman hyzmat eden alymlarymyz bardyr. Bu soňky setirlere ata watanyny «Allanyň ülkesinden gündogarda we günbatarda özi üçin iň söýgüli ýer» hasaplan dünýä belli akyldarlarymyzyň biri hem Beýik Serdarymyzyň ganatly sözleri bilen aýtsak «Allatagalanyň hemaýaty düşen beýik alym» diýen hormatly lakama eýe bolan, «Horezmiň guwanjy» diýen ady göteren Zamahşary diňe Türkmenistanyň däl-de, eýsem merkezi Aziýanyň, Eýranyň, arap medeniýetiniň taryhynda hem hormatly orna eýedir. Ol yslam hukugynyň, pelsepe, dil, teswirleme, pelekiýat (astronomiýa) ylmynyň, edebiýat, syýasat we beýleki ylymlaryň üstünde işlän meşhur alymdyr. Bulardan başga-da, ol kasydalary, kytgalary, şahyrana hatlary öz içine alýan birnäçe diwanyny döreden ajaýyp şahyrdyr. Alym arap dilinde döreden goşgularynda ata

Watanyny, türkmen gözelliginiň mylaýymzadalygyny, uz owadanlygyny wasp edipdir» diýip uly baha beren alymy Mahmyt Zamahşarydyr.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy Mukaddes Ruhnamada: «Türkmen ruhunyň üçünji eýýamy X-XVI asyrlary öz içine aldy. Bu döwür diňe bir türkmen gylyjynyň däl, eýsem türkmen ruhunyň hem dünýä çykan eýýamydy. Bu döwrüň beýik türkmen döwletleriniň dünýä ýaň salan eýýamydygyny dünýä taryhy tassyklaýar» diýýär. Mahmyt Zamahşary hem bu eýýamda ýaşap geçen akyldarlarymyzyň biridir. Bu eýýamda türkmen ruhunyň belende galyp, dünýä çykandygyny we Zamahşarynyň bu eýýamyň görnükli wekilidigini aýdyň açyp görkezýän bir rowaýat bar:

Mahmyt Zamahşary Mekgede ýaşap ýörkä bir gün Abu Kubeýs dagyna çykyp, araplara ýüzlenip: «Eý, arap taýpalary! Atalaryňyzyň, babalaryňyzyň dilini, geliň, menden öwreniň!» diýip, özüniň ylmyna buýsanyp gyjalat berýär. Dogrudan hem Mahmyt Zamahşary döwrüniň iň öňdebaryjy alymlarynyň biri bolupdyr.

Eziz okyjylar! Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi ýaňy ýakynda Türkmenistanyň Ömürlik Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň howandarlygynda we gönüden-göni tabşyrygy esasynda bu beýik akyldaryň dünýä edebiýatynyň genji-hazynasyna giren bu eser milli mirasymyzyň ruhy gymmatlyklarynyň naýbaşy nusgalarynyň biri we pähim-paýhaslardan, öwüt-nesihatlardan, nakyllardyr atalar sözlerinden ybarat bolan «Ýagşyzadalaryň bahary» atly 6 jiltlik edebi eserini türkmen dilinde ilkinji gezek neşir edip özüniň okyjylaryna ýetirdi.

Eliňizdäki «Altyn halkalar» we «Paýhasly sözler» atly bu iki sany ajaýyp kitap Mahmyt Zamahşarynyň edebi mirasyna degişlidir.

# «ALTYN HALKALAR» KITABY BARADA

Belli bolşy ýaly Mahmyt Zamahşary birnäçe gezek Mekge-Medinä zyýarat edip, haj parzyny berjaý edýär. Mekgäniň häkimi Ibn Wahhas bilen tanyşýar. Ol şol haj saparlarynyň birinde Mekgede galyp üç ýyllap ol ýerde ýaşaýar. Zamahşary şol ýyllaryň içinde özüniň iň meşhur «Keşşaf» atly kitabynyň üsti bilen Gurhanyň tefsirini ýazmaga girişýär. Ol «Altyn halkalar» atly eserini hem şol döwürde Käbede ýazýar. Bu barada ol kitabynyň girişinde şeýle diýýär: «Eý, Allam! Imanymyň, hal-hereketlerimiň, bilip we görüp eden ähli hyzmatlarymyň, galamymyň ýazanlarynyň we indi ýazjaklarynyň, kalbymda dörejek ýagşy niýetleriň, şu mahal emele gelen makalalarymyň Kerim bolan sypatyň hormatyna okajaklaryň bagtlylygyna sebäp bolmagyny isleýärin. Bu ýazanlaryma hemme ýerde – demirgazykda we günbatarda, peýdalanylýan we gözlenilýän ýazgylar bolmak bereketini nesip etdir!

Bu makalalaryň Seniň mübärek we mukaddes ýerleriň bolan Käbede ýazylandygy we emele gelendigi üçin Ylahy razylygyňa laýyk makalalar bolup, gorag-penaňda bolmagyny, muny okanyň, ýazanyň, öwredeniň we öwreneniň peýdalanmaklaryny çyn ýürekden arzuw we nyýaz edýärin».

Mahmyt Zamahşary bu eserinde öz dosty bolan Mekgäniň häkimine bagyşlap hem bir makala ýazýar: «Allatagala Mekge şäherini we Mekgäniň emirini gorasyn! Ol emir hezretleri Süheýl (Ýaldyrak) ýyldyzy dogan wagty, gijäniň gara çadyry bir tarapa ýykylmaga başlamazdan öňürti turar. Ýeke özi Allatagala hamd-u sena aýdyp, doga-dileg eder. Hezreti Pygamberimize salawat we salam aýdar. Käbäni togap eder we Hajar-y eswedi (gara daşy) öper. Käbäni we onuň töweregindäki zemzem suwuny, hemme mukaddes ýerleri

zyýarat eder. Soň Altyn ternawyň aşagynda doga-dileg eder. Bularyň hemmesinden soňra, jemagata tarap öwrüler, Hijr-i Ysmaýylyň sagynda, tä daň atýança, Käbä bakyp sap bolup namaza durar».

Kitabyň 80-nji makalasy bolsa şol durşyna Zamahşarynyň Gurhanyň tefsirini berýän meşhur «Keşşaf» atly kitabynda «Al-i Ymran» süresiniň 190-njy aýatynyň düşündirişinde bolşy ýaly berilýär: «Ýazgyt seni ahyrete ýolagçy etmezden we seniň bilen gönüden-göni araňyza girmezden öňürti, asmany bezeýän şu ýyldyzlaryň zynaty bilen gözleriňi nurlandyr we olary ýaradyp, ýöredýän Halyk Tagalanyň soňsuz güýç-kuwwaty, çäksiz hikmetleri barada pikirlen!»

Beýik Serdarymyzyň «Watana howp etjek üç apat» atly eserinde beýan edilýän howplaryň biri bolan men-menlik barada Mahmyt Zamahşarynyň bu kitabynda erbet ahlak-häsiýet hökmünde şeýle diýilýär: «Boýy uzyn bir pürse meňzeýän, burny men-menlik we tekepbirlik howasy bilen dolan, şalyk lybaslarynyň içinde öz-özünden göwni hoş gopbamsy bir ynsanyň bu ýagdaýy oňa sogap gazandyrarmy ýa günä? Bu ahwalat ol ynsanyň bütinleý gapyllykdalygyny görkezýär.

Eý, akmak adam!

Üstünde men-menlik, ulumsylyk we tekepbirlik bilen gezen ýerleriň, biraz möhlet geçensoň daşyny, topragyny seniň üstüňe mündürip, seni her hili azap bilen aşagynda bükreldip, seniň agramyň birnäçe essesi bilen bagryňy para-para eder».

Beýik Serdarymyzyň Mukaddes Ruhnamada ylmyň ynsan üçin ähmiýeti barada aýdanlary bilen Mahmyt Zamahşarynyň bu kitabyndaky sözler bir hörpden gopýar. Mukaddes Ruhnamada: «Iň oňat ylym — jemgyýete peýda getirýän ylymdyr. Jemgyýete peýda bermeýän ylmyň hakyky

ylymdygy şübhelidir..., Adamzat jemgyýeti ylymsyz, adam akylsyz ýaşap bilmez» diýilýär.

Mahmyt Zamahşary hem bu babatda şeýle diýýär: «Niçeme ylymlar bardyr, eýesini bu dünýäde baýlyga we şan-şöhrata eýe eder, ahyretde bolsa, zerre ýaly hem peýdasy ýokdur , Kim kämil adam boljak bolsa, hem alym hem-de amal edýän bolmalydyr.» Bulardan başga-da eserde ylmyň ynsany misli ata deýin goraýandygy, ylmyň kyndygy, sowatsyzlygyň bolsa ondanam kyndygy, amal edýän üçin ylmyň jaý gurýan ussanyň ölçeg ýüpi ýalydygy nygtalýar.

Mukaddes Ruhnama kanagat-baýlyk barada:»Nebsiň gözbaşy tamakinlikdir», «Göwni baý adam – baýlyga özüni aldyrmaýan adamdyr», »Adam baýlygyň däl-de, baýlyk adamyň gullugynda bolmalydyr», «Kanagat we ruh bilen köňlüň gözüni doýurmasaň, göz doýýan däldir» – diýse, Mahmyt Zamahşary kanagat-baýlyk barada şeýle pikirleri beýan edýär: «Kanagat garyby baý ýaly görkezer. Harsydünýä baýyň mala, pula topulmagy bolsa ony garyp bir gedaý diýip hasapladar».

«Eý, puluň guly bolan ynsan! Haçan pula gul bolmakdan halas boljak? Eý, harsydünäligiň we tamakinçiligiň ýesiri! Bu ýesirlik ýüpüni haçan çözjek?!»

Mahmyt Zamahşarynyň bu eseri «Etwäku'z-zeheb fi'l-mewagyz we'l-hutab» («Wagyzlarda we hutbalarda altyn halkalar») bolup, onuň «En-nesaýyhu's-sygar» («Kiçi nesihatlar») ady hem bardyr. Kitap öwüt beriji äheňdäki 100 sany makaladan ybarat bolup, ylym-bilim, dostluk, kanagat, kalp arassalygy, ruhubelentlik, ýagşylyk etmek, watansöýüjilik ýaly meseleleri içine alýar. Eser jemgyýetçilik durmuşynda, ýaşlary terbiýelemekde, ýagşy gylyk-häsiýetleri ornaşdyrmakda uly ähmiýete eýedir. «Etwäkuz-zehep fil-

mewagyz wel-hutap» (Wagyzlarda we hutbalarda altyn halkalar).

Alymlar Zamahşarynyň bu kitabyna dürli döwürlerde düşündirişler ýazypdyrlar. Olaryň iň meşhurlary bolsa şulardyr:

1. Muhammet Mustafa Akkirmanynyň (w. 1760-nji (hijri 1174-nji) ýyl) ýazan düşündirişi.

2. Muhammet Mürze Ýusup han ibn Ygtysamylmülküň (w. 1901-nji (hijri 1319-nji) ýyl) «Kalaidu'l-arap fi şerhi etwäki'z-zehep» (Altyn halkalaryň düşündirişinde arap monjuklary) atly şerhi.

Şeýle hem dürli döwürlerde bu kitabyň ýazylyş usulyna hem öýkünilip eser ýazypdyrlar. Olaryň iň meşhurlary bolsa şulardyr:

1. Abdylmömin ibn Hibetulla Yspyhanynyň (w. 1203-nji (hijri 600-nji) ýyl) «Atbaku'z-zehep» (Altyn tabaklar) atly eseri.

2. Abulfereç ibn Jöwziniň (w. 1200-nji (hijri 597-nji) ýylda ýogalan) «Etwäku'z-zeheb» (Altyn halkalar) atly eseri.

3. Ahmet ibn Muhammet ibn Mahmut Nahwynyň «Etwäku'z-zehep» (Altyn halkalar) atly eseri.

4. Muhammet ibn Emin ibn Ybraýym ibn Ýunusyň «Ahlaku'z-zeheb» (Altyn ysyrgalar) atly eseri.

Bu kitabyň golýazma nusgalary Türkiýe Respublikasynyň Aşyr Ependi kitaphanasynda 416/17 belgili bukjada, Aýasofiýa kitaphanasynda 2911, 3780 belgili bukjalarda, Çorluly Aly Paşa kitaphanasynda 443/23 belgili bukjada, Hafyz Ependi kitaphanasynda 275/1 belgili bukjada, Reşit kitaphanasynda 715/3 belgili bukjada saklanýar. «Altyn halkalar» kitaby dürli ýyllarda nemes, fransuz, türk ýaly dünýäniň dürli dillerine terjime edilipdir.

Eser türkmen diline geçirilende onuň Türkiýe Respublikasynyň Stambul şäherindäki Aşyr Ependi kitaphanasynda 416/17 belgili bukjada saklanýan nusgasyndan peýdalanyldy, zerur bolan ýerlerde düşündirişler bilen üpjün edildi.

## «PAÝHASLY SÖZLER» KITABY BARADA

Bu kitabyň göwrümi çaklaň bolmagyna garamazdan Mahmyt Zamahşary munda gysga pähim-paýhaslary we edebi parçalary ussatlyk bilen çeper usulda beýan edipdir. Eser Zamahşarynyň «Ýagşyzadalaryň bahary» atly kitabyndan öň ýazylan bolmaly. Sebäbi «Ýagşyzadalaryň bahary» atly eseriň içinde «Paýhasly sözlerden» mysallar getirilýär

Kitap 253 sany çeper beýan edilen pähim-paýhasly sözlerden ybarat bolup, Zamahşary bu eserini ýazanda bu paýhaslaryň taryhdaky geçmiş akyldar şahsyýetleriň, aýratynam Lukman Hekimiň nesihatlaryny, Süleýman alaýhyssalamyň weziri Asafyň hikmetlerini, Muhammet alaýhyssalamyň sünnetlerini we Hasan Basrynyň öwüt-nesihatlaryny düşündirýändigini, beýan edýändigini aýdyp, eseriň «Giriş» bölüminde şeýle diýýär:

«Eý, Perwerdigär! Ähli görnüş emir-buýruklary, wagyz-nesihatlary, ýagny täsir ediji öwütleri we paýhasly ündewleri özünde jemleýän, gaflat ukusyndan oýandyrýan we ähli haýyr-sogaply işlere höweslendirýän bu kitaby ýazmagym üçin beren ylhamyň, maňa eçilen uly we tükeniksiz nygmatyňdyr. Men bu paýhasly sözler bilen Lukmanyň nesihatlaryny öwredýärin we Süleýmanyň weziri Asafyň hikmetlerini düşündirýärin. Ýöne käbir gulaklar hakykaty eşitmekden, käbir akyllar hem hakykat barada pikir etmekden mahrumdyr. Käbirleri bolsa gaflat

düşeklerinde ýatandyr. Olar barslar ýaly gaty köp ýatýandyklary üçin gözleri çalaja açykdyr.

Eý, Perwerdigär! Bu paýhasly sözleri öz gursaklaryna guýmaklary üçin «sünnet-i seniýýe» ýoluna we Hasanyň paýhasly öwüt-ündewlerine höwes edýänleri ber. Onuň bezemen dokalan we ýörite ýasalan zynatlary bilen bezenmäge şatlanjaklary we bulary arzuw etjekleri ýarat. Seniň halan we razylygyňy gazanjak zatlaryňy ýerine ýetirýänçäk, bize ýardam et! Hassa bolan kalplary sagaltmak üçin bize üstünlik nesip eýle! Sen öz bendeleriň özlerine iň ýakynysyň, dilegleri kabul edýänleriň we kömek edýänleriň iň beýigi özüňsiň!».

Bu eseriň terjimesinde iň esasy aýratyn belläp geçmeli zatlaryň biri hem kitabyň arap dilinde kyssa görnüşinde we soňlarynyň manydaş sözler bilen kapyýalaşyp gelýänligidir. Ýagny Zamahşary bu eserini çeper we çuň manyly sözler bilen bezäpdir. Bular manylary we mazmunlary manydaş bolan, belagat adalgasy hökmünde aýdar bolsak «jewahyry elfaz» (az söz bilen köp many aňladylýan) we «jinas» (sinonim, antonim, omonim) ulanma sungatynyň ma:ny (manyly parçalar) galyplarynda beýan edilen bezeg görnüşleridir. Muňa «muhassinaty lafzyýe» (labyz bilen baglanyşykly sungat) hem diýilýär. Bular many gözelligini içine alýandyr. Elbetde, bu hili usul her bir edebiýatçy alymyň ýa-da şahyryň başaryp biljek işi däl. Zamahşary arap dilinde we edebiýatynda ussat alym bolansoň özüniň ussatlygyny äşgär edendir. Muny onuň eserlerine, aýratynam şu eserine ýazylan birnäçe düşündirişlerden hem görmek bolýar. Ýagny bu eserde her bir bölümiň içki we daşky kapyýasy örän ýerlikli we jaýdar ulanylypdyr. Gynansagam bu sazlaşygyň öwüşginini türkmen diline terjime edenimizde doly görnüşde berip bolmady, sebäbi bu mümkin hem däl. Sebäbi her bir diliň öwüşgini diňe şol dil üçin aýratyn çeper bezegdir, emma başga dile geçirilende

bolsa bu bezegi ýhli görki bilen bermekde kynçylyk döreýär. Munuň üçin şol dildäki sözleriň asyl nusgasyny bermeli bolýar, bu bolsa çykgytlaryň, düşündirişleriň berilmegine alyp gelýär. Mysal üçin, 16-njy belgili paýhasda «Mä lil fussak min hamym, gaýru gassak we hamym» («Jähennemde pasyklar üçin «gassak (iriň) we hamym (gaýnag suw)» şerbetlerinden başga ýakyn «hamym» (dost) ýokdur»), ýa-da 206-njy belgidäki paýhasly sözde «Kun sahybe Kuran we lä sahybe kyran» («Sahyp Kuran» bol, «sahypkyran» bolma), ýa-da 155-nji paýhasda «Izä hassaltuke ýa kut, häne aleýýe'ddurru we ýakut» («Eý, azyk!» Seni gazananymda, dür we ýakut daşy meniň üçin ähmiýetsizdir). Bu mysallardan belli bolşy ýaly pähim-paýhaslar sözüň içki we daşky kapyýasy bilen utgaşdyrylyp beýan edilýär. Şeýle hem Zamahşary öz pikirini köplenç meşhur bolan tanymal adamlaryň üsti bilen ýa-da Gurhandaky aýatlaryň sözleri bilen utgaýdyryp getirýär. Mysal üçin, 165-nji paýhasda «Şettäne fulänun kel-Bakyr, we fulänun minel-bakar» (Pylany bilen pylanynyň arasynda nähili uly tapawut bardyr. Biri Bakyr (Ymam Muhammet Bakyr) kimin, biri «bakar» (sygyr) kimin) ýa-da 101-nji paýhasda «Meselu's-sahabeti we säbigyhim kemeseli eshabi'l-kehfi we rabigyhim » (Sahabalaryň we olara dil ýetirýänleriň mysalyy, «ashaby kehfiň» (ýedi weliniň) we olaryň dördünjisiniň (itiň) mysaly ýalydyr). Bu kitapdaky her bir paýhasyň aňyrsynda giden bir rowaýat, giden bir umman ýatyr, her bir paýhasyň özüne mahsus bir rowaýaty bar diýip arkaýyn aýtmak mümkin. Munuň bilen baglanyşykly şahyrlaryň biri şeýle diýipdir:

Her kim güle degişli zada, onüň diline düşünmez,
Sen bu ýazylmadyk kitabyň düşündirişini bilbilden diňle.

Alymlar Zamahşarynyň bu kitabyna hem dürli döwürlerde düşündirişler ýazypdyrlar. Olaryň iň meşhurlary bolsa şulardyr:

1. Aly ibn Muhammet Kabindiniň (w. 1318-nji (hijri 718-nji) ýyl) ýazan düşündirişi.

2. Türkmen alymy Muhammet ibn Dehkan Aly ibn Nesewiniň (w. 1300-nji (hijri 700-nji) ýyl) ýazan düşündirişi.

3. Kelam ylmynda tanymal alymlaryň biri bolan meşhur türkmen alymy Sagdeddin Mesgut ibn Omar Taftazanynyň (w. 1390-njy (hijri 792-nji) ýyl) «Nigamu's-sawabyg» atly düşündirişi.

4. Abulhasan ibn Abdylwehhap Hywakynyň (w. 1368-nji (hijri 770-nji) ýyl) ýazan düşündirişi.

5. Nasyr Salaheddin Muhammediň (w. 1380-nji (hijri 782-nji) ýyl) ýazan düşündirişi.

6. Muhammet ibn Ybraýym Hanbeliniň (w. 1564-nji (hijri 971-nji) ýyl) ýazan düşündirişi.

7. Aly Konawynyň (w. 1591-nji (hijri 1000-nji) ýyl) ýazan düşündirişi.

8. Ýusup Sydkynyň (w. 1901-nji (hijri 1319-nji) ýyl) ýazan düşündirişi.

Eseriň birnäçe golýazma nusgalary bar. Olar Türkiýe Respublikasynyň Şehit Aly Paşa kitaphanasynda 2581/5 belgili bukjada, Aýasofiýa kitaphanasynda 4339, 4609 belgili bukjalarda, Aşyr Ependi kitaphanasynda 416/18 belgili bukjada, Izmir kitaphanasynda 763 belgili bukjada, Çelebi Abdylla kitaphanasynda 384/4 belgili bukjada, Esat Ependi kitaphanasynda 3331/3, 3724/7, 3766/1, 3782/45 belgili bukjalarda sakalnýar.

«Newabigu'l-kelim» 1772-nji ýylda H.A. Schultens tarapyndan Leiden şäherinde ilkinji gezek neşir edilýär. Soň 1866-njy we 1885-nji ýylda daşbasma görnüşinde Stambulda,

1871-nji ýylda Parižde, 1870-nji, 1887-nji, 1910-njy ýyllarda Kairda, 1888-nji ýylda Beýrutda çap edilýär.

Eser türkmen diline geçirilende onuň Türkiýe Respublikasynyň Stambul şäheriniň Şehit Aly Paşa kitaphanasynda 2581/5 belgili bukjada saklanýan nusgasyndan peýdalanyldy, zerur bolan ýerlerde düşündirişler bilen üpjün edildi.

Beýik Serdarymyzyň: «Ata watanymyzda bäş müň ýyllyk taryhy bolan halkymyzyň taryhyny, medeniýetini, sungatyny, edebi mirasyny dogruçyl öwrenip, dünýä ýaýmak biziň borjumyz bolup durýar» diýen pent-nesihatlaryndan ugur alyp, bu kitaplary türkmen diline terjime etdik.

**Rahman ILMÄMMEDOW,**
***Türkmenistanyň milli medeniýet***
***«Miras» merkezi.***

## MAZMUNY

### ÝAGŞYZADALARYŇ BAHARY. VI jilt.

**Segsen bäşinji bap.** Wagyz-nesihat, erbetligiuň öňüni almak, şepagat, rehmet we şuňa meňzeşler hakynda ........................... 8
**Segsen altynjy bap.** Nygmat, oňa şükür etmek, ony öwmek, bigadyrlyk, ony inkär etmek we şuňa meňzeşler hakynda................................................................................ 17
**Segsen ýedinji bap.** Uky, ukusyzlyk, düýş, onuň ýorgudy we şuňa meňzeşler hakynda .................................................. 30
**Segsen sekizinji bap.** Wepadarlyk, wada bermek, jogapkärçilik çekmek, amanat, ynamlylyk, syr saklamak we şuňa meňzeşler hakynda .................................................. 43
**Segsen dokuzynjy bap.** Binamyslyk, akmaklyk, gaýduwsyzlyk, biperwaýlyk we şuňa meňzeşler hakynda................................................................................ 54
**Togsanynjy bap.** Sowgat, para berlen sowgat, kazylara para bermek we şuňa meňzeşler hakynda .................................... 57
**Togsan birinji bap.** Umytsyzlyk, kanagat, Allanyň rysgalyna razy bolmak, Alla daýanmak, oňa bil baglamak we tamakinçilikden daş durmak hakynda .................................... 69
**Togsan ikinji bap. A**tlar, gatyrlar, eşekler, çapyksuwarlyk we şuňa meňzeşler hakynda .................................................. 89

**Togsan üçünji bap.** Düýeler, sygyrlar, goýunlar we şuňa meňzeşler hakynda ....................................................................99
**Togsan dördünji bap.** Ýyrtyjylardan gorkmak, olaryň ýagdaýy, awa çykmak we şuňa meňzeşler hakynda .............103
**Togsan bäşinji bap.** Balyklar, deňiz jandarlary we Allanyň deňizdäki ajaýyplyklaryna degişli zatlar we şuňa meňzeşler hakynda ...................................................................................121
**Togsan altynjy bap.** Guşlar, olaryň jüýjelerini ekleýişleri, rysgallary, ganatlaryny germekleri we işlerini ýöredişleri hakynda ..................................................................................127
**Togsan ýedinji bap.** Çybyn-çirkeýler, siňekler, kebelekler, arylar, çekirtgeler we şuňa meňzeşler hakynda.....................139
**Togsan sekizinji bap.** Mör-möjekler, ýer jandarlary we şuňa meňzeşler hakynda .......................................................145

**ALTYN HALKALAR**

Giriş ..........................................................................159
1. Bilim we takwaçylyk hakda ...........................................162
2. Men-menlik hakda .........................................................163
3. Gaflatdan oýanmak hakda.............................................163
4. Gopbamsyramak hakda ................................................164
5. Ölümden gapyl bolmazlyk hakda..................................165
6. Doga-dileg etmek hakda................................................166
7. Şan-şöhrat hakda ...........................................................167
8. Kalby tämizlemek hakda................................................168
9. Abraýsyz we abraýly ynsan hakda ................................169
10. Ýagşy we ýaman dost hakda .......................................170

11. Görelde almak hakda ........................................................171
12. Ýagşylyk etmek hakda ...................................................172
13. Gedaýçylyk hakda ..........................................................172
14. Ýaltalyk hakda................................................................173
15. Zähmet çekmek hakda....................................................174
16. Ýagşy ynsanyň häsiýeti hakda ........................................175
17. Uýatsyzlyk we haýasyzlyk hakda....................................176
18. Öz-özüňe hormat goýmak hakda....................................177
19. Dostluk hakda.................................................................178
20. Ýagşy ynsanlar bilen ýoldaş bolmak hakda ....................179
21. Ölümi ýatlamak we ahyrete taýýarlanmak hakda ...........180
22. Nebsiňe uýmakdan saklanmak hakda..............................181
23. Palçylar we tebigatçylar hakda........................................182
24. Puşmanlyk hakda............................................................184
25. Alladan gorkmaklyk hakda .............................................185
26. Haramdan saklanmak hakda...........................................186
27. Erbet ýolbaşçynyň haly hakda.........................................187
28. Ryýa we dileg-doga hakda ..............................................188
29. Bagtly bolmagyň ýoly hakda...........................................189
30. Döwür üýtgese-de, dogry ýoldan aýrylmazlyk hakda......190
31. Dünýä gyzygyp, ahyreti unutmazlyk hakda....................191
32. Adalatsyz döwlet hakda..................................................192
33. Harsydünýälik we tamakinçilik hakda ............................193
34. Abraý gazanmak hakda ..................................................194

35. Hakyky möminiň waspy hakda ........................................195
36. Asylzadalyk we öňe saýlanmak hakda ............................196
37. Tahkyky iman we taklydy iman hakda ............................197
38. Hak we delil hakda ......................................................198
39. Gapyl garrylar hakda ...................................................199
40. Parahorluk hakda .........................................................200
41. Pygamberiň ýolundan ýöremek hakda ............................201
42. Ylmy bilen amal eden alymlar hakda ..............................202
43.Din adamlarynyň nebisjeňligi hakda ................................203
44. Kiçi günälerden daş durmak hakda .................................204
45. Diliňe eýe bolmak hakda ...............................................204
46. Mömінleriň dogandygy hakda ........................................205
47. Ýaňsydan we degişmeden ägä bolmak hakda ..................206
48. Watansöýüjilik hakda ...................................................207
49. Biderek geçen ömür hakda ...........................................208
50. Mekge Şerifiniň öwgüsi hakda .......................................209
51. Ryýagärler hakda .........................................................210
52. Serkerdä nesihat .........................................................211
53. Hassalara nesihat ........................................................212
54. Öte geçmeklik we aşa pes bolmakdan saklanmak hakda .............................................................................214
55. Güýç-kuwwat we ussatlyk hakda ...................................215
56. Ylym öwrenmek hakda ..................................................216
57. Dünýä we ahyret hakda ................................................217
58. Gysganç baý bilen ar-namyssyz gedaý hakda ...................219

59. Ýaltaçylyk hakda ........................................................... 220
60. Adamzadyň häsiýeti hakda ................................................ 221
61. Adam hukuklary hakda .................................................... 222
62. Ene-ata we dogan-garyndaş hakda .................................. 223
63. Adalatlylyk we dogruçyllyk hakda .................................. 224
64. Nebsine boýun bolan garrylar hakda ............................... 225
65. Bilim we sowatsyzlyk hakda ............................................ 226
66. Dinde takwalyk we şübheli zatlardan gaça durmak hakda ........................................................................................ 227
67. Aýraçylyk hakda .............................................................. 228
68. Geplemek hakda ............................................................... 229
69. Arkalaşmak hakda ............................................................ 230
70. Kanagatyň gözelligi hakda ............................................... 231
71. Akylly we akmak ynsan hakda ......................................... 231
72. Dünýäniň panylygy hakda ............................................... 232
73. Amal we iman hakda ........................................................ 233
74. Ulumsylyk hakda ............................................................. 233
75. Dil ýarasyndan saklanmak hakda ..................................... 234
76. Allanyň razyçylygyny gazanmak hakda ........................... 234
77. Ylym we amal hakda ........................................................ 235
78. Din alymynyň häsiýeti hakda ........................................... 235
79. Mert we ýaranjaň adam hakda ......................................... 236
80. Pikirlenmek hakda ........................................................... 236
81. Dünýäniň dynç ýeri däldigi hakda ................................... 237
82. Namyslylyk we kanagatlylyk hakda ................................. 237

83. Zalym döwlet işgärleri hakda ........................................238
84. Akmak hakda................................................................238
85. Nirä çenli? ....................................................................239
86. Peýdasyz ylym we peýdasyz amal hakda.........................239
87. Gadyr bilmezlik hakda ..................................................240
88. Nebisjeňlik hakda..........................................................240
89. Allatagalanyň öwgä we şüküre mynasypdygy hakda ......241
90. Islegleri köpeldip, amallary azaltmazlyk hakda...............241
91. Dünýä aşyklary hakda ...................................................242
92. Dünýäniň birehimdigi hakda...........................................242
93. Rysgal hakda .................................................................243
94. Halal we haram gazanç hakda.........................................244
95. Öz-özüňe duşman bolmazlyk hakda ...............................245
96. Paýhassyzlyk hakda........................................................245
97. Aýal hakda.....................................................................246
98. Ölüme taýýar bolmak hakda ...........................................246
99. Ähde wepalylyk hakda ...................................................247
100. Sen nähili möminsiň?!..................................................248

## PAÝHASLY SÖZLER

Giriş ...................................................................................251

R. Ilmämmedow. Allanyň hemaýaty düşen beýik alym .......295

**Abulkasym Mahmyt ibn Omar**
**Jarulla Zamahşary**

# Ýagşyzadalaryň bahary
## VI jilt

## Altyn halkalar

## Paýhasly sözler

**Tehredaktor S. Abaýew**
**Çeperçilik redaktory A. Muhammedow**
**Sahaby bezän D. Mämijikow**
**Korrektor J. Rejepowa**

Çap etmäge rugsat edildi 22.07.2004 ý.
Ölçegi 60x84 $^{1}/_{16}$.
Çap kagyzy 19,5.
Ofset kagyzy.
Ofset çap usuly.
Nusgasy 20 000 sany.
Bahasy ylalaşyk boýunça.
Sargyt №______.
A-14568

Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi,
744000, Aşgabat, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy şaýoly, 18.

---

Türkmen döwlet neşirýät gullugy,
744004, Aşgabat, 1995-nji (öňki Galkynyş) köçesi, 20.

Türkmenistanyň Metbugat merkezinde çap edildi.